
Fýodor
Dostoýewskiý
Biçäreler
kitaphana.net

https://kitaphana.net

Fýodor DOSTOÝEWSKIÝ

(Roman)

«Biçäreler» romany dünýä belli rus ýazyjysy Fýodor Dostoýewskiniň ilkinji eseridir. Ýazyjy bu romanynda A.Puşkiniň we N.Gogolyň realistik däplerini dowam etdirýär.

Romanda Puşkiniň «Belkiniň powestleri» we Gogolyň «Şinel» eserleriniň adynyň agzalmagy-da ýöne ýerden däl. Görnükli rus edebiýatçysy W.Belinskiý ýazyjynyň bu eserine uly baha beripdir. Romanyň golýazmasy bilen tanşan edebiýatçy ýazara «Öz zehiniňiziň gadyryny biliň we oňa wepaly bolup galyň, beýik ýazyjy bolup ýetişersiňiz» diýen sözleri galdyrýar. Ilkinji gezek 1846-njy ýylda okyjylara gowşan «Biçäreler» romany F.Dostoýewskiniň tutuş döredijiliginde görnükli orun eýeleýär. Eser häli-häzirem çeper sözüň muşdaklarynyň eý görýän eserleriniň biridir.

Roman türkmen diline ilkinji gezek terjime edilip, «Dünýä edebiýaty» žurnalynyň okyjylaryna hödürlenilýär.

Häk, şu ertekiçiler diýsänim! Peýdaly, ýakymly, mazalyja bir zat ýazaýmalydyr welin, ähli syrlary paş edäýýärler! Ýazmagy gadagan edäýsem-ä bilýän-le welin! Heý, beýlede bir zat bolar oguşýa: okarsyň welin, oýlananyňy bilmän galarsyň, birdenem kelläň bolgusyz zatlardan doluberer; eger çynym, ýazmagy gadagan ederdim, alardym-da, düýbünden gadagan ederdim. Kn.W.F.Odoýewskiý.

A p r e l i ň 8-i.

Meniň gymmat bahaly Warwara Alekseýewnam!

Düýn men bagtlydym, biçak bagtlydym, aňrybaş bagtlydym! Hötjet diýsänim, ahyr bir gezek bolsa-da, meň aýdanlaryma gulak goýduňyz. Düýn agşam, sagat sekizlerde oýanyp (siz, gereklijäm, işden gelip bir sagat-ýarym sagat ýataýmagy halaýanymy bilýäňiz-ä), şemi aldym, kagyzlary taýýarlap, galamy häzirläp durkam birden, gözlerimi tötänden galdyrdym welin, eger çynym,

https://kitaphana.net

ýüregim diriň-diriň towsuberdi! Bolsa-da, siz meniň näme islänimi, ýürejigimiň näme arzuwlanyny aňypsyňyz! Seretsem, äpişgejigiňizdäki tutujygyň bir ujy galdyrylypdyr, balzaminli golçura ediljek meniň şol gezek size syzdyryp aýdyşym ýaly berkidilipdir; hut şol pursatda hem göwnüme äpişgäň golaýynda enaýy ýüzjagazyňyz bir pursat görnen ýaly, siz maňa kindiwanja otagyňyzdan garan ýaly we men hakda pikir edýän ýaly göründiňiz. Siziň, gumrujygym, naşyja roýuňyzy oňatja saýgaryp bilmänime neneň gynananymy bilsediňiz! He-eý, gereklijäm, biziň göreçlerimiziň-de röwşen mahallary bolupdy.

Garrylykda horramlyk galmaz eken, mähribanym. Ine, häzirem gözlerim şo-ol bulaşyp dur; agşam sähel işlesem, bir zat ýazyp-pozsam, irden gyzaryberýär, gözýaş-da akar durar, ýat adamlaň ýanynda utandyraýýaram. Emma gözümiň öňünde, peýkerjigim, ýylgyrypjyk duran nurly keşbiňiz, siziň mähremje, mylaýym keşbiňiz peýda boldy-da, ýüregimi edil şol, Warýa janym, sizi öpen günümdäki

https://kitaphana.net

ýaly duýgy gurşady — ýadyňyzdamy ýadyňyzdamy, peýkerjigim? Biler bolsaňyz, gereklijäm, göwnüme siz maňa barmajygyňyz bilen abaý eden ýaly bolduňyz. Bilipdirinmi, garagoljam? Hatyňyzda bularyň ählisi hakda hökman has jikme-jik ýazaweriň.

Ýeri, onsoň, Warýa jan, tutujygyňyz hakynda tapan tilsimjigimizi neneň gördüňiz? Ýeserje, şeýle gerek? Işe gümramy, düşege geçip, ýatmakçymy, oýandymmy — parhy ýok, her pursat siziň-de ol ýerde men hakda pikir edýäniňizi, meni hatyrlaýanyňyzy we özüňiziň hem salamat we şadyýanja ýöreniňizi bilip otyryn. Tutujygy goýberseňiz — diýmek, hoş, Makar Alekseýewiç, uklamak çagy geldi diýdigiňiz! Ujuny galdyrdyňyzmy — diýmek, sabaňyz haýyrly bolsun, Makar Alekseýewiç, oňatja ukyňyzy aldyňyzmy ýada: saglygyňyz niçik, Makar Alekseýewiç diýdigiňiz! Maňa gezek gelende bolsa, men näme, Ýaradana şükür, men salamat we aman-esen diýildigi! Gördüňizmi, mähirlijäm, ezberjedir gurnalyşy — hat-petek hem derkar däl! Ýeser hilejik, şeýle dälmi?

Öz oýlap tapan tilsimjigim-dä! Aýtsaňyzlaň, Warwara Alekseýewna, bu işlerde meni neneň gördüňiz?
Özüm barada aýtsam, gereklijäm Warwara Alekseýewna, geçen gije howatyrlanmalaryma garamazdan, oňatja ukladym we muňa örän hoşal; ýogsa täze ýerde, täze ýurda gelnende, birhili, uky gelmeýär, ähli zat düzüwem ýaly welin, edil düzüwem däl! Şu gün oýananymda edil algyr laçynyň bar-da — hoşwagt we şadyýan! Bu günki säheriň oňatdygyny diýsene, gereklijäm! Biziňkiler äpişgäni açdy; Güneş nur saçyp dur, guşjagazlar jürkülde şýär, howada bahar hoştaplygy bark urýar, tutuş tebigat janlanypjyk dur — garaz, beýleki zatlaryň ählisi-de bolmalysy ýaly; hemmesi ýaz paslyna laýyk. Men bu gün hatda diýseň ýakymly arzuwlary-da hyýalyma getiripdirin, özi-de ähli arzuwlarym, Waryа jan, siz hakda. Men sizi adamlaryň göwünhoşy we tebigata zynat diýip asmanda parlaýan guşjagaza ogşatdym. Şol pursat hem, Waryа jan, biz, alada we agyr tolgunmalar bilen gurşalan adamlaryň hem asman guşlarynyň aladaünjüsiz we ýazyksyz bagtyýarlygyna

https://kitaphana.net

gözümiz gitmeli diýip, garaz, ýene şunuň ýaly we şuňa meňzeş zatlar hakynda oýlandym, ýagny şu zeýilli uzakdan we aýlawly deňeşdirmelere meşgul boldum. Meniň, Warýa jan, bir kitapjygym bar, ana, şonda hut şol zatlaryň, şunuň ýaly ähli zatlaryň juda jikme-jik teswiri berilýär. Meň, gereklijäm, muny hyýallanmalaryň dürli-dürli bolýanyna görä ýazýaryn. Ine, häzir bahar, oýuňa gelýän pikirleriň-de hemmesi juda ýakymly, täsirli, enaýy. Hyýallanmalar-da ýürege ýakymlyja; ähli zat gül-pürçük diýleni. Meň bularyň ählisini ýazmagym hem şondan, aslynda welin, men bularyň ählisini kitapçadan aldym. Ol ýerde, ýazarman şeýle islegi goşgularda beýana getirýär we: Neçüýn men guş dälkäm, algyr guş däl!
—diýip ýazýar. Galanam şu pisint. Goşgularda dürli pikirler hem bar welin, aý, bolsa bolupdyr-da! Ýogsa-da, Warwara Alekseýewna, şu gün irden nirä gitdiňiz-ä? Men heniz işe-de şaýlanyp başlamandym, siz bolsa tüýs bahar guşjagazy kimin, otagdan towsupjyk çykdyňyz-da, şadyýanja bolup, howludan geçip gitdiňiz. Size

seredenimde göwnümiň şatlanyşyny diýsene! Wah, Warýa jan, Warýa jan! Siz gamlanmaň, gözýaş bilen iş bitirip bolmaz; men, gereklijäm, muny bilýärin, tejribämden bilýärin. Indi siz rahat tapdyňyz-a, saglyk babatda hem biraz daýandyňyz. — Ýeri, onsoň, Fedoraňyzdan näme habar? Wah, onuň mähremligini diýsene! Warýa jan, siz maňa indi onuň bilen neneň-nähili ýaşaýanyňyz, ähli zatdan hoşal ýa hoşal däldigiňiz hakda ýazyň. Fedoranyň özi biraz iňredir, ýöne siz, Warýa jan, muny göwnüňize alyp durmaň. Geçiräýiň! Ol örän mähremdir.

Men şu ýerdäki Tereza hakda size eýýäm ýazypdym, olam mährem hem wepadar aýal.

Biziň hatlarymyz nädip gowşurylarka diýip, olar barada aladalanyşymy bilsediňiz! Görüňä, Taňrynyň biziň bagtymyza Terezany iberişini. Ol mährem, mylaýym, dilsizagyzsyz bir aýal. Biziň öý bikämiz welin, duran bir rehimsizlik. Görgülini köne esgi ýaly edip, gara işden gözüni açmaýar.

https://kitaphana.net

Ah, Warwara Alekseýewna, meniň nähili hendege düşenimi bilsediňiz! Haý, seň menzilmekan bolaýşy ňy! Bilýäňiz-ä, men öň tüýs gulagy kesilen ýaly diýilýänlerdendim, ümsüm, asuda ýaşardym; siňek uçsa eşidilerdi. Bu ýerde bolsa goh, galmagal, gopgun! Wah, siz heniz bu ýerde ähli zadyň neneň gurnalanyndan habarsyz-a. Göz öňüne bir getiriň: aýdaly, uzyn däliz, özem gap-garaňky we hapa. Sag tarapy gapysyz, äpişgesiz diwar, soluň bolsa ýöne gapy bolup dur, edil hüjreleň bar-da, giden bir syrgyn. Ine, şol hüjreler kireýne alynýar, her biride bir otagdan ybarat; iki bolup, üç bolup ýaşaýanlar-da bar. Tertip diýseň — edil Nuhuň gämisi diýleni! Ýöne, adamlar göräýmäge gowam ýaly, kimi görseň bilimli, ylymly. Bir hadym, gullukçy bar (ol edebiýat ugry boýunça ýaly), özem okumyş; Gomer hakda-da, Brambeus hakda-da, öz ýazarlary hakda-da söz açyberýär, ähli zat hakda söz açýar: akylly adam! Iki ofiser ýaşaýar, şo-ol kart oýnap otyrlar. Bir deňizçi bar, iňlis mugallymy-da ýaşaýar. Duruň-la, gereklijäm, siziň bir göwnüňizi açaýyn; men

olary geljekki hatymda gülkünç bolar ýaly, ýagny olaryň özüni alyp barşyny ähli jikme-jiklikleri bilen teswirläp bereýin. Biziň öý bikämiz — örän kiçijik we hapysa kempirjik, uzak gün aýagy köwüşli, egni şlafrok donly, uzak günem Tereza gygyryp geçýär. Men aşhanada ýaşaýaryn ýa-da, şu hili aýtsam has dogry bolar: aşhananyň gapdalynda bir otag bar (aşhanamyzyň bolsa arassa, ýagty, örän gowujadygyny aýtmak gerek), uly däl, horaşaja bir köşe-dä... garaz, has dogrusy, aşhana uly, üç äpişgeli, meniň köşämde bolsa kese diwaryň ugruna bir germewjik bar, şeýdip ýene bir otag bar ýaly bolaýýar, hasapdan daşary hüjrejik-dä, nähili bolsa-da, giňiş, rahat, äpişgesi-de, ähli zadam bar, — garaz, diýseň rahat. Ine, şol hem meniň köşäm-dä. Hawa, ýöne siz, gereklijäm, başga tüýsli nemeler we gizlin bir many barmyş, hamala, aşhanamyş diýen ýaly pikir etmäweriň! Men şol germewjigiň aňyrsyndaky otagda ýaşaýaryn, emma aýby ýok; hemmelerden aýratynja, assa-ýuwaş ýaşaýaryn, sessizüýnsüzje ýaşaýaryn. Şol ýerde ýatalgam—krowat,

https://kitaphana.net

stol, sandyk, birki oturgyç goýdum, ylahy şekili diwardan asdym. Dogry, oňadrak öýler-de bar — belki, has oňatlaryda bardyr, ýöne esasy zat rahatlykdyr, men rahatlyk üçin şeýtdimdä, başga bir zat üçindir öýdäýmäweriň. Siziň äpişgejigiňiz-de garşymda, howlynyň o tarapynda; howlam insizje, ýolugra size nazarym düşýä — herhal, men betbagt üçin bir göwünhoşlama, özem arzanrak. Bizde, bu ýerde iň bärki otag, naharlanmasy bilen, kagyz pulda otuz bäş rubla durýar. Eýgerer ýaly däl! Meniň köşäm bolsa maňa kagyz pulda ýedi rubla durýar, naharlanma üçinem kümüş pulda bäş rubl: şeýdip, ýigrimi dört ýarym boluberýä, öň bolsa laýyk otuz tölärdim, ýöne köp zatdan kesilmäge mejburdym, çaýjagaz içmedik mahallarym bolardy, indi bolsa çaýa-da, ganda-da ýetäýýärem. Biler bolsaňyz, mähribanym, çaý içmeseň, birhili, utandyraýýaram; bu ýeriň adamlary gurply, şoň üçinem utandyrýar. Şeýdip, Warýa jan, kesekilere gowy görünjek bolup, göz üçin, howala üçin içiläýýär, ýogsa meň üçin parhy ýok, men dandap duramok. Aýdaly,

sowalgalyk pul — az bolsa-da, gerek, ädijek diýersiňmi, eginbaşjagaz — ujypply zat galarmy onsoň? Ine, meň ähli hak-heşdegim. Men ysýan edemok, razy. Ýeterlik bolýar. Eýýäm birnäçe ýyl bäri ýetýär; sylag-serpaý hem bolaýýar. Ýeri, peýkerjigim, hoş onda. Men size balzaminlije iki golçur satyn aldym, bir-de geranjagaz, gymmat däl. Belki, siz syýak gülüni-de halaýansyňyz? Syýak hem bar, siz ýazyň; özi-de ähli zady mümkin boldugyça has jikmejigräk ýazyň. Ýogsa-da, siz, gereklijäm, şeýle otagy kireýne alypdyr diýip, men hakda ýok zatlary pikir etmäň we şübhelenmäweriň. Bu diňe rahatlyk üçin, diňe rahatlyk boldy muň sebäbi. Men, gereklijäm, pul jemleýärin, süýşürýärin; mende pul bardyr. Siz meniň şeýle gowşakdygyma, hamala siňek ganaty bilen urup ýykaýjak ýalydygyma seretmäň. Ýok, gereklijäm, men bir öwele däldirin, häsiýetimem tüýs salykatlydan durumly we gaýgyhasratsyz adamda bolmalysy ýalydyr. Hoş, hoş onda, peýkerjigim! Tas iki sahypany dagy dolduraýypdyryn-ow, işe gitmäge-de bireýýäm wagt

https://kitaphana.net

bolaýan eken. Barmajyklaryňyzdan öpýärin, gereklijäm, kim diýip sorasaňyz  Sadyjak guluňyz we wepadarja dostuňyz,  Makar Dewuşkin.

Hatsoňy. Ýekeje haýyşym bar: peýkerjigim, maňa mümkin boldugyça jikme-jigräk jogap ýazaweriň. Pursatdan peýdalanmak bilen, Warýa jan, size bir gadak kemput iberýärin; olary noş kylyp iýeweriň, onsoňam, Hudaýyň haky üçin, men barada aladalanmaň we göwün-kine etmäň. Ine, indi hoş, gereklijäm.  A p r e l i ň 8-i.

Merhemetli Makar Alekseýewiç.

Meniň ahyrsoňy siziň bilen doly tersleşmeli boljagymdan habaryňyz beri barmy? Eger çynym, mährem Makar Alekseýewiç, siziň sowgatlaryňyzy kabul etmek maňa örän agyr düşýä. Men olaryň size juda gymmat düşýänini, iňňän zerurja zatlardan mahrum bolup, olardan el çekmeli bolýanyňyzy bilýän-ä. Maňa hiç bir zadyň, asla hiç zadyň gerek däldigini, meniň üçin şu güne çenli eden ýagşylyklaryňyzy-da gaýtarmaga ejizdigimi size telim gezek aýdypdym ahyryn. Bu golçurlar maňa nämä gerek?

Aýdaly, balzaminjikler hiç neneň dälem welin, şu geran nämä gerekdi? Seresapsyzlyk bilen, aýdaly, şu geran hakynda dilimden sypdyraýýypdyryn welin, siz dessine satyn alaýýaňyz; gymmatdyram ahbetin? Baldajyklaryndaky güljagazlar ne ajaýyp! Gülgüne atanajyklar şekilli. Şeýle eýjejik geranjagazy nireden tapdyňyz-a? Men ony äpişge tekjesiniň ortarasynda, iň görnükli ýerde goýdum; gapdalynda, ýerde bolsa sekijik goýaryn, sekijige bolsa başga güljagazlary goýaryn; birazajyk elim giňäýse bolany! Fedoranyň begenäýşini bilsediňiz; indi otagymyz tüýs jennetiň bar-da — hem arassa, hem ýagty! Kempudam iberäýipsiňiz, nämä gerekdi? Eger çynym, men hatyňyzdan dessine sizde bir üýtgeşikligiň-ä baryny bildim — jennetmiş, baharmyş, hoştap yslar bark urup, guşjagazlar jürküldeşýärmiş. Bu nä boluş, goşgy dagam bar bolaýmasyn diýip oýlanýaryn. Dogrudan-da, Makar Alekseýewiç, hatyňyzda diňe goşgy kemlik edýär! Ähli zat — enaýy duýgular-da, gülgüne hyýallanmalar-da bar. Äpişge tutujygy barada oýuma-da

gelmändir; belki, golçurlaryň ýerini üýtgedemde, özi ilişendir-dä; ine, şeýle!

He-eý, Makar Alekseýewiç! Näme diýseňiz-de, meni aldatmak üçin, ähli girdejiler özüňize siňdirilýär diýip görkezmek üçin olary nähili tygşytlasaňyz-da, menden hiç zady ýaşyryp ýa gizläp bilmersiňiz. Men sebäpli zeruryňyzdan mahrum bolýanyňyz görnüp dur-a. Ýeri, mysal üçin, şeýle öýi kireýne almak nireden kelläňize geldi diýsene? Rahatlygyňyzy bozýarlar, ynjalyk bermeýärler; darlyk, oňaýsyzlyk! Siz ýekeligi halaýaňyz-a, siziň ýanyňyzda bolsa, gör, nämeler ýok! Hak-heşdegiňizden ugur alynsa, siz has gowy ýaşap bilerdiňiz-ä. Fedora siziň ozal häzirkiňizden deňäp-meňzederden has oňat ýaşanyňyzy gürrüň berýär. Siz, dogrudan-da, bütin ömrüňizi ýat adamlaryň daş işigini kireýine alyp, ýeke-ýalňyz, mätäçlikde, şatlyk görmän, dostana mährem söze mätäç bolup geçiräýdiňizmi? Wah, mährem dostum, size şeýlebir ýüregim awaýar! Saglygyňyzy beri aýaň ahyryn, Makar Alekseýewiç! Gözüňiz çöňňelýä diýýäňiz, şemiň

yşygynda ýazmagy bes ediň; ýazmak nämä derkar? Işiňize yhlas edýäniňiz şonsuzam başlyklaryňyza mälimdir-ä.
Ýene bir gezek size ýalbarýaryn, maňa munça puly harç etmäň. Meni söýýäniňizi bilýärin welin, özüňizem bir juda baý däl-ä... Men şu gün hem ir-säherden şähdim açyk turdum. Kalbymda şeýle oňatlyk; Fedora bireýýäm iş başynda eken, maňa-da iş tapyp berdi. Men şeýlebir begendim; diňe ýüpek mata almaga gidip geldim-de, başladym işe. Bütin säher çagy özümi ýeňil duýdum, göwnüm şeýlebir şatlandy! Häzir bolsa ýene ähli pikirlerim şar gara, gam-gussa; ýüregim halys boldy.
Wah, günüm neneň bolarka, täleýim nämeleri görkezjekkä? Ykbalymyň näbelliligi, geljegimiň ýoklugy, ýagdaýymyň neneň-niçik boljagyny çaklap hem bilmeýänligim depämden basyp, demimi bermeýär. Yzyma-ha seretmek hem gorkunç. Ol ýerde ähl isi duran bir külpet, ýatlasaň ýüregiň para-para bolýar. Meniň bagtymy ýatyran birehim adamlardan ömrüm ötinçä nalap geçerin.

Garaňky gatlyşýar. Işlemäge wagt boldy. Size köp zatlar barada ýazmakçydym, ýöne wagt ýok, işi möhletinde tamamlamaly. Howlukmaly. Elbetde, hat alyşmak gowy zat; nähili-de bolsa, tukatlyk egsilen ýaly bolýar. Ne sebäpden özüňiz bize geläýeňzok? Näme üçin, Makar Alekseýewiç? Indi size ýakyn ahyryn, käte boş wagtyňyzam bolaýýar. Haýyş edýän, geläýiň! Men siziň Terezaňyzy gördüm. Göwnüme bolmasa, ol juda hassa; oňa ýüregim awady; men oňa ýigrimi köpük berdim. Wiý, ýogsa-da, tas unudypdym: güngünemaňyz hakynda hökman mümkin boldugyça jikme-jik ýazyň. Töweregiňizdäkiler nähili mähelle, olar bilen oňşugyňyz ýagşymy? Men bularyň ählisini örän bilesim gelýär. Eşidýäňizmi, hökmanjyk ýazyň! Şu gün men tutynyň ujuny hökman ilişdirerin. Irräk ýatyň; düýn men ýarygijede siziňkide yşyk gördüm. Hoş onda. Bu gün hem içgysgynç, hem gam-gussa, hem tukatlyk! Kysmat şeýle bolarly! Hoş.

Siziň Warwara Dobrosýolowaňyz.

A p r e l i ň 8-i.

Merhemetli Warwara Alekseýewna!

Hawa-da, gereklijäm, hawa-da, mähribanym, men betbagtyň kysmatynda bardyr-da şeýle günleri görmek! Hawa, Warwara Alekseýewna, men garryny oýnapsyňyz-da! Aý, hawa, bar zada özüm günäkär-le! Garry halyňa, depe saçyň dökülenden soň, aşykmagşuksyramak, hajyk-hujuk etmek nämäňe gerek diýseňiz-le... Ýene bir zat aýtmakçy, gereklijäm: adamyň käte enaýy, örän enaýy gopaýmasy bar-ow. Kämahal köteli-inişi unudaýmasy bar welin, toba, toba! Ýeri, munuň soňy näme, munuň netijesi nähili? Munuň soňy bir bidereklik, netije bolsa şeýlebir bidereklik welin, Hudaý saklasyn! Men, gereklijäm, hapa bolamok, ýöne bularyň ählisini ýatlanymda juda haýpym gelýär, size şeýle dilimi aýnadyp we samsyklaç ýazanyma haýpym gelýär. Işe-de men şu gün gomparyp-gomalanyp gitdim ahyryn; ýüregime bir ýalkym saçylan ýalydy. Sen-de ýok, men-de ýok, kalbymy toý-baýram ýaly bir şadyýanlyk gurşady! Kagyzlara şeýlebir yhlas edendirin

https://kitaphana.net

welin, ýöne munuň soňy, gör, nähili boluberdi! Eýýäm soňunda, töwerege ser salsam, ähli zat öňküsi ýaly — hem horaşaja, hem tukatja. Şol bir syýa tegmilleri, şol bir stollar we kagyzlar, meniň özüm-de şol bir bolşum; öň nähili bolsam, edil şol bolşumada galypdyryn, — ýeri, ýyldyza toýnak salmak nämäňe gerek boldy diýsene? Aslynda, ähli zat nämeden beýle bolduka? Güneş nuruny saçyp, asman mawy atynanyndanmyka!? Hoştap yslar nirden ýadyňa düşdi diýseňizläň? Biziň howlymyzda, penjireleriň öňünde görlüp-eşidilen zat däl ahyryn! Diýmek, bularyň ählisi men samsygyň samahyllamalary. Adamyň käte duýgularyna kellesi gyzyp, kelebiň ujuny ýitirip, agzyna gelenini samrabermesi bard-a. Munuň sebäbi-de ýüregiň öte samsyk joşmagyndandyr. Öýe-de öldüm-öldümde, süýrenipler geldim; birdenem bir kellagyry tapyldy; bir dert beýlekä urna boldy diýleni (şemal çalypmy, nämemi). Diri samsyk diýleni, bahar-ýaza begenip, ýukarak geýnäýipdirin. Duýgularym barada hem, mähribanym, ýalňyşypsyňyz! Olaryň beýana gelmegini düýbünden

https://kitaphana.net

başga ýana çekipsiňiz. Meniň ruhumy göteren atalyk söýüdi, diňe arassa atalyk söýüdi, Warwara Alekseýewna; çünki keç ýetimligiňiz sebäpli mährem ataňyzyň ornunda durýaryn; muny kalbymdan syzdyryp, päk ýürekden, hossarlarça aýdýaryn. Nähili-de bolsa, men juda daşgynam bolsam, nakylda aýdylyşy ýaly, çorbaň çorbasy bolsam-da, herhal garyndaşdyryn, häzirem ýakyn garyndaş we hemaýatçydyryn; sebäbi hemaýata we penakärlige garaşmaga hakly bolan ýeriňizde haýynlyga hem hilegärlige duçar bolduňyz. Goşgujyklar barada aýtsam welin, gereklijäm, bu ýaşdan soň goşgy düzmek maňa aýyp bolsa gerek. Goşgy — bidereklik! Goşgy üçin häzir mekdeplerde çagajyklar çybyk iýmeli bolaýýarammyş... ine, mähribanym, şeýle.

Siz, Warwara Alekseýewna, maňa birden oňaýlylyk hakda, rahatlyk hakda we ýeneýeneler hakda ýazýaňyz-la? Gereklim meniň, men iňre däl, dandaw däl; hiç haçan häzirkimden gowy ýaşan däldirin; ýaşyň soňunda eljiremek nämä gerek diýsene? Garnym dok, egnimdäki,

https://kitaphana.net

aýagymdaky bitin; onsoňam, nämämize hokga çykaraly diýsene, aslymyz bir garaçydyr-da! Kakam pahyr dworýanlardan däldi we tutuş maşgalasy bilen alanyňda girdeji boýunça menden garypdy. Men nerme-näzik däl! Ýöne dogryňy aýtmaly bolsa, öňki ýerimde, gereklijäm, ähli zat häzirkiň çenem däldi; diýseň erkinräkdi. Elbetde, häzirki öýümem gowy, käbir babatda şadyýanragam, çynymy aýtsam, dürlürägem; men bulary asla inkär edemok welin, şonda-da öňki ýerim küýsedýär. Biz, garrylar, ýagny gartaşan adamlar üçin köne zatlar gözümize yssyrak görünýär, olara öwrenişäýýäris. Öýüm, neme-dä, kindiwanjady; diwarlary bardy... aý, hawa-da, diwarlaram diwar ýalydyda; gep asyl olarda hem däl, ýöne meniň öten-geçen günlerimi ýatlasam hasrat basýar. Haýran galaýmaly — ýüki agyr bolsa-da, ýatlamalar, birhili, ýakymly ýaly. Hatda pis zatlar, käte gynandyran zatlar hem ýatlamalarda erbetliklerden arassalanýan we gözleriňe özüne çekiji bolup görünýän ýaly. Biz, Warýa jan, men we öý bikesi, kempir pahyr ikimiz ümsümje

ýaşaýardyk. Ine, kempirjigi-de indi gamgyn duýgy bilen ýatlaýaryn! Ol gowy aýaldy we kireý hakyny-da gymmat almazdy.

Dürli gyýkyndylardan bir zatlary örerdi; bar işi-pişesi şody. Yşygymyz-da şäriklidi, şeýdip bir stoluň başynda işlärdik. Onuň Maşa diýen agtyjagy bardy — çagalygy ýadymda galypdyr — häzir ol on üç ýaşlyja gyzjagazdyr. Şeýlebir garagoljady, şadyýanjady, bizi güldürerdi; şeýdip, üç bolup ýaşardyk. Käte uzak gyş agşamy tegelek stoluň başyna geçerdik-de, çaý içerdik, soň hem işimiz bilen bolubererdik. Kempirjik bolsa, Maşanyň ýüregi gysmaz ýaly, garagolja bezzatlyk etmez ýaly, erteki aýdyp başlardy. Şol ertekileri diýsene! Çaga näme, akylly-başly adam hem dünýäni unudyp diňlär! Dagy näme! Men özümem, käýarym şybygymy otlardym-da, şeýlebir ertekä berlerdim welin, hatda edip oturan işimi-de unudardym. Çagajyk welin, biziň garagoljamyz bolsa, eljagazy bilen gyzylja ýaňajygyny dirär, enaýyja agyzjagazyny açar-da pikir kölüne batar, erteki gorkunç bolaýsa-da, kempirjige

gysmyljyraberer, gysmyljyraberer. Biziň bolsa oňa seretdigimizçe, göwünlerimiz hoşlanýar, şemiň gut baglanyny-da görmersiň, daşarda şemalyň şuwlap, syrgynyň syraýşyny eşitmän galarsyň. Oňat ýaşaýardyk biz, Warýa jan; ine, şeýdipjik ýigrimi ýyl dagy bile ýaşapdyrys. Wiý, ýaňrap oturypdyryn-la! Belki, beýle ahwallar size ýaraýanam däldir, maňa-da ýatlamak aňsat däl, aslynda. Aýratyn-da, häzir; garaňkam gatlyşypdyr. Tereza bir zada-ha güýmenýär; meniň kelläm agyrýar, kebzäm hem biraz sançýar, asyl pikirlerim-de, birhili, geň, hamala olar hem agyrýan ýaly; şu gün ýüregim gysýar, Warýa jan! — Bu siziň maňa ýazýanyňyz näme? Men nädip size baraýyn? Gumrujygym, il-gün näme diýer? Howlynyň içinden geçmeli bolar-a, biziňkiler görer, soraşdyryp başlarlar — gep bolar, gybat bolar, ýagdaýa başga many bererler. Ýok, peýkerjigim, gowusy men siziň bilen ertir gijeki ybadat mahaly didarlaşaryn; şeýtsek, saýhallyrak bolar we ikimiz üçinem zelelsizräk bolar. Onsoňam, gereklijäm, size şeýle hat ýazanym üçin

https://kitaphana.net

aýyplaşmaň; ýaňadan okadym welin, hemmesi bulaşyk eken. Men, Warýa jan, garry, bilimsiz adam; ýaşkak okamandyrys, indi bolsa, täzeden başlaýaňda hem kelläňde zat galjak gümany ýok. Gereklijäm, teswirlemäge ökde däldigimi boýun alýaryn we keseden biri aýtmasa-da, gülümsiräp, kakdyrmasa-da, birden gep owadanlamakçy bolsam, hokga çykarança boljagymy bilýän. — Sizi şu gün äpişgäň öňünde gördüm, ýokarky tutyny goýbereniňizi gördüm. Hoş, hoş galyň, Ýaradan sizi öz penasynda saklasyn! Hoş galyň, Warwara Alekseýewna. Siziň päk ýürekli dostuňyz Makar Dewuşkin.

Hatsoňy. Men, mähribanym, indi hiç kimiň üstünden gülüp ýazamok. Men, gadyrly Warwara Alekseýewna, biderek heşelle kakardan garry! Men başgalara gülsem, meniňde üstümden gülerler. Bilýäňiz-ä nakyly; ýagny gazma — düşersiň, ýakma — neme, özüň bişersiň diýlipdir-ä. A p r e l i ň 9-y.

Merhemetli Makar Alekseýewiç.

https://kitaphana.net

Makar Alekseýewiç, dostum we hemaýatkärim, aýyp bolar-a size beýle zeýrenibermek we öýkeläbermek. Ýa göwnüňize dagy alaýdyňyzmy! Wah, meň öte geçäýmäm bar-da, ýöne sözlerimi gyjytly degişme hökmünde kabul edersiňiz öýtmändim. Arkaýyn bolaýyň, men hiç haçan siziň ýaşyňyzy we häsiýetiňizi ýaňsa almaryn. Bularyň ählisiniň sebäbi meniň ýeňlesligim, has dogrusy, günümiziň tukatlygy, tukatlyk bolsa nämeler diýdirmez ahyryn! Men ýöne siziň öz hatyňyzda gülüp, göwün açmakçy bolýansyňyz öýdüpdirin. Meniň bolşumy halamaýanyňyzy görenimde, meni erbet bir tukatlyk gurşap aldy. Ýok, mährem dostum we hemaýatkärim, meni birehim we bigadyr diýip güman etseňiz, ýalňyşarsyňyz. Men ýüregimde ýaman adamlardan, olaryň ýanamalaryndan we gara ýüreklerinden goramak bilen, meniň üçin eden ähli zatlaryňyzyň gadyryny bilmegi başarýandyryn. Men mydama siziň üçin Ýaradana doga-dileg ederin we dogalarym dergähinde ýer tutsa we olar arşda kabul bolsa, onda bagtyýar bolarsyňyz.

Şu gün meniň özümi duýşum asla gowy däl. Birden gyzyp, birdenem üşedýärin. Fedora meni örän alada edýär. Siz, Makar Alekseýewiç, nähak bize gelmäge çekinýärsiňiz. Kimiň nä işi! Biz siziň bilen tanyş — bolany!.. Hoş, Makar Alekseýewiç. Ýazara başga zadam ýok, asyl ýazyp hem biljek däl, halys ýarawym ýok. Ýene bir gezek haýyş edýärin, maňa gahar etmäň we size hemişe hormat goýýanyma we size öwrenişenime ynanyň.

Şeýlekinlik bilen, siziň iň wepadar we iňňän sadyk hyzmat edeniňiz  Warwara Dobrosýolowa.

A p r e l i ň 12-si.

Merhemetli hanym Warwara Alekseýewna.

Wah, gereklijäm, heý-de, beýle etmek bolarmy! Her gezek, şeýdip, meni gorkuzýaňyz ahyryn. Her hatymda özüňizi aýaň diýip ýazýaryn, gowuja geýiniň diýip, ýaramaz howada öýden çykmaň, seresaplylygy hiç elden bermäň diýip, siz bolsa, peýkerjigim, meni hiç diňläňzok. Wah, gumrujygym meniň, siz edil bir çaga ýaly-da! Siz gowşajyg-a, sypaljyk ýaly ejizje ahyry; men bilýän-ä.

https://kitaphana.net

Sähel şemaljagaz çalaýsa, eýýäm haçan dert tapynaýýaňyz. Ägä bolmak gereg-ä, özüňiz özüňizi goramaly, howp-hatardan goranmaly we dostlaryňyzy gam-gussa we hasrata goýmaly däl.

Gereklijäm, siz meniň gün-güzeranym we daş-töweregimdäki ähli zatlar barada jikmejik bilmäge isleg bildirýäňiz. Siziň islegiňizi, mähribanym, höwes bilen ýerine ýetirmäge howlugýaryn. Iň başyndan başlaýyn onda, gereklijäm meniň, has tertipliräk bolar şeýtsek. Birinjiden, biziň jaýymyzda öň tarapdan barsaň basgançaklar diýseň göwnejaý; aýratyn hem iç işikdäkisi — arassa, ýagty, giň, ähli zat durşuna çoýundan we gyzyl agaçdan ýasalan. Emma ýeňse tarapdaky welin, görer-eder ýaly dagy däl: aýlawly, çyg, hapa, basgançaklary döwük, diwarlary hem şeýlebir kirli welin, eliň degdigi ýelmeşýär. Her gata galanyňda aýmançada döwük sandykmydyr, oturgyçmydyr, şkafmydyr goýlupdyr; köne letdeler asylypdyr, äpişgeleri döwük; poh-püsürli legenler durandyr, içine-de zibilmi, hapamy, ýumurtga gabygydyr

balyk içgoşy atylandyr; ysy-da bir porsy... garaz, gowy däl. Otaglaryň ýerleşişini size eýýäm teswirläpdim; söz ýok, ýerleşişi amatly, bu dogry, ýöne olar, birhili, kapas, ýagny erbet ys bar diýip biljek däl welin, ýöne, aýdaly, birhili, çüýrük, beter ýympyk ys bar-da. Ilki baraýaňda ürküzýär, arka tesdirýär, ýöne bular hiç, birki minut geçer welin, aýrylar we aýrylanyny duýmarsyňam, sebäbi ýakymsyz ys özüňe-de, eginbaşyňa-da, elleriňe-de, ähli zadyňa-da ornar — garaz, öwrenişersiň. Bizde saýrak guşlaram öläýýär. Deňizçi eýýäm bäşinjisini satyn aldy welin, biziň howamyzda hiç duranok, öläýýär. Aşhanamyz ullakan, giňiş, ýagty. Dogry, ir bilen balyk ýa et gowursalar, birneme tüsseliräk, suwam döküýýärler we ähli ýeri ölläýýärler, ýöne agşamyna welin, edil jennetiň bar-da. Biziň aşhanamyzda ýüpe serilýän geýim-gejim hemişe köne-küşül; meniň otagym ýakynda, ýagny aşhana ýanaşyk diýen ýaly bolansoň, serlen zatlaň ysy biraz biynjalyk edýär; aýby ýok, ýaşasaň öwrenişiberýäň.

Ir ertirden, Warýa jan, bizde hysyrdy başlanýar; turýarlar, girip çykýarlar, dükürdi başlanýar — zerurlygy bolanlaryň ählisi örýär, kim işe gitmeli, kim şeýle, keýpine; hemmesi çaý içip başlaýar. Semawarlaryň aglabasy öý eýesiniňki, olar az, şu sebäpli biz nobaty sypdyrmaýarys, kim eli çäýnekli binobat bolaýsa, dessine petigulysyny berýärler. Ine, men hem, ilkinji saparda, hawa... ýeri, muny ýazmak nämä gerekdi! Ine, şonda men hemmesi bilen tanyşaýdymam. Ilki deňizçi bilen tanyşdym; şeýlebir göwnaçyk adam, ähli zady gürrüň berdi; atasy hakynda, enesi hakynda, Tulada şäher ketdelerinden birine baran uýasy hakynda, Kronştadt şäheri hakynda. Ähli zatda hemaýat etmäge söz berdi we şobada meni çaýa çagyrdy. Men ony biziňkileriň adatça kart oýnaýan otagyndan gözläp tapmaly boldum. Şol ýerde maňa çaý berdiler we olar bilen hökman humarly oýun oýnamagymy islediler. Üstümden güldülermi, gülmedilermi — bilmedim; uzakly gije oýnap geçdiler, men baramda hem oýnap otyrdylar. Otagyň içinde tüsseden ýaňa durar ýaly däl, gözüň awuşap

alyp barýar. Men oýna goşulmadym welin, maňa dessine pelsepe otarýaň diýdiler. Soňra meniň bilen gürleşen-de bolmady; men bolsa, dogrymy aýtsam, muňa begendimem. Indi olaryň ýanyna gitmerin; olaryňky göçgünlik, duran bir göçgünlik! Ine, edebiýat boýunça hadymyňkyda hem agşamlaryna ýygnanýarlar. Ýöne onuňkyda oňat, salykatly we sypaýy; ähli edim-gylymlary inçe.

Hawa, Warýa jan, dile geldi, bile geldi diýip aýtsam, öý bikämiz örän nejis aýal, özi-de tüýs arwah. Terezany-ha siz gördüňiz. Ýeri, görgüliniň nämesini aýtjak? Ütülen çalajan jüýje ýaly hor. Aslynda, jaýymyzda adam diýäýjegiň diňe iki sany; Tereza bilen Faldoni1, öý eýesiniň hyzmatkäri. Bilmedim, belki, onuň başga-da bir ady bardyr, ýöne ol şu ada hem hä berýär; hemmeler adyny şeýle tutýar. Çypar bir tersa, gyşyk, ýemşik burun, gödek; Tereza bilen harçaňlaşyp ýör, bir urşaýanoklar. Umuman aýtsam, bu ýerde ýaşamak maňa juda bir ýakymly däl... Gije hemmeler birbada uklap köşeşäýmelidir welin — hiç wagt

https://kitaphana.net

beýle bolanok. Ömür bir ýerde oturandyrlar, oýnaýandyrlar, käte bolsa şeýle zatlar gopýar welin, gürrüň bermegem gelşiksiz. Men indi her niçik bolsa-da öwrenişiberdim; ýöne haýran galýaryn, şeýle orramsy ojagynda maşgalaly adamlar nädip oňşuk edýärkä. Garyplaryň giden maşgalasy bir otagda kireýine ýaşaýar, ýöne beýleki otaglaryň syrgynynda däl-de, başga tarapda, çüňkde, aýratyn otagda. Ýuwaş adamlar. Olaryň bardygam eşidilenok diýleni. Ählisi bir otagda, aralaryna matadan germew çekip ýaşaýar. Özi işe durup bilmedik gullukçy, alty-ýedi ýyl öň bir zat üçin-ä işden çykarylan. Familiýasy Gorşkow; çal saçlyja, kiçijik; egnindäkiler şeýlebir kirlän, süzülip giden welin, nebsiň agyrýar; meniňkilerden juda erbet! Käte dälizde gabat gelişýäs, şeýlebir ejiz, iglije; dyzlaram titreýär, ellerem titreýär, kellesem titreýär, Hudaý bilsin, keselden beýlekiden bolaýmasa; çekinjeň, hemmelerden gorkýar, diwarlara gysmyljyrap ýöreýär; menem-ä käwagt çekinjeňdirin welin, bu mendenem beter. Maşgalasy bar — aýaly we üç çagasy. Ulujasy oglanjyk,

agyn kakasy, edil şonuň ýaly igli. Aýaly öň birmahal hiç neneň däl bolmaly, häzirem bildirýär; görgüliniň eginbaşy sal-sal. Olar, eşidişime görä, öý bikesine bergidarmyş; öý bikesi näme üçindir olar bilen sypaýysyrap duranok. Şeýle hem Gorşkowyň özüniň nähilidir bir kynçylyklary barmyş, şolar sebäpli işinden çykarylypmyş diýip eşitdim... işine garalýarmy-garalmaýarmy, kazyýetdemi-dälmi ýa bir derňewmi — eger çynym, onçasyny bilemok. Olar şeýlebir garyp, şeýlebir garyp — eý, toba! Otaglary hemişe asuda we ümsüm, hamala hiç kim ýaşamaýan ýaly. Hatda çagalardan-da ses-üýn çykanok. Çagajyklaryň bökjekleşip oýnanyny görjek gümanyň ýok, bu bolsa gowulygyň nyşany däl. Bir gezek, agşam, olaryň gapysynyň öňünden geçmeli boldum; şol mahal jaýymyzyň içi adatdakydan ümsümlikdi; horkuldy eşidildi, soň pyşyrdy, soň ýene horkuldy, hamala aglaşýan ýaly, özi-de agy şeýle ýuwaşjady, şeýlebir ejizjedi, ýüregim üzülen ýaly boldum, soň bütin gije şol pukaralar hakyndaky pikirler kellämden gitmedi, idili uklap hem bilmedim.

https://kitaphana.net

Hoş onda, eziz hemdemjigim, Warýa jan! Ähli zady başaryşymdan teswirledim. Şu gün men uzakly gün diňe siz hakynda pikir edýärin. Siz diýip, mähribanym, ýüregim ezildi. Men, eýjejigim, siziň ýyly ýapynjaňyzyň ýokdugyny bilýän ahyryn. Häk, şu Peterburgyň baharlary şeýled-ä — şemal turar, gar gatyşykly ýagyş ýagar — wah, Warýa jan, meniň üçin ölüme barabar! Howalar şeýlebir bulaşyk, Hudaý saklasyn! Eýjejigim, sözünde ugurutga ýok diýip käýinmäň; çeperlik ýokdur, Warýa jan, çeperlik asyl ýokdur. Azdakände, iki sözüň başyny çatyp bilýän bolsaň! Bir zatlar bilen siziň göwnüňizi açaýyn diýip, kelläme geleni ýazaýýandyryn. Nähili-de bolsa, bir okuw gören bolsam bolaýjak welin, okuw gördükmi? Gara şaýy-da harçlamadyk ahyryn. Siziň hemişelik hem wepadar
dostuňyz
Makar Dewuşkin.

A p r e l i ň 25-i. Merhemetli Makar Alekseýewiç!

https://kitaphana.net

Şu gün men doganoglan uýam Saşa duşdum! Toba, ol görgülem heläk bolar! Şeýle hem Anna Fýodorownanyň men hakda ähli zady soraşdyrýanyny maňa ýetirdiler. Ol meni yzarlap ýörmegini hijem bes etmezmikä diýýän. Meniň günämi geçmek, ähli bolup geçenleri unutmak isleýänini we hökman özüniň menden habar tutjagyny aýdýarmyş. Siziň asla meniň garyndaşym däldigiňizi, özüniň maňa has ýakyndygyny, siziň maşgala gatnaşyklaryna gatyşmaga hiç hili hukugyňyzyň ýokdugyny, siziň sadaka-syrkyndyňyz bilen we siziň eklenjiňizde ýaşamagyň meniň üçin utanç hem salykatsyzlykdygyny aýdýarmyş. Ol maňa käýinýär, meni gadyrbilmezlikde aýyplaýar!.. men onuň duzçöregini unudypmyşym, ejem bilen meni, belki, açlyk ölüminden halas edenmiş, bizi iýdiripiçirenmiş we iki ýarym ýyldan-da köp wagt harajatymyzy çekenmiş, bularyň ählisinden başga biziň bergimizi-de geçenmiş! Ol ejem jana-da rehim etmek islemedi!

Hudaý görýändir!.. Anna Fýodorowna, hamala, men samsyklygym zerarly bagtymy elden gidirenimi, onuň özüniň bolsa meni bagtyýarlyga gözükdirenini, başga hiç bir zatda günäkär däldigini we meniň öz ar-namysymy goramagy başarmanymy, belki-de, başarmak islemänimi aýdýar. Eý, beýik Taňrym, onda günäkär kimkä! Jenap Bykow doly mamlamyş, her bir... nemä öýlenilmeýärmiş... ah-eý, ýazyp oturasy näme bar! Hakykatyň şeýle ýoýulmagyny eşitmek agyr degýär, Makar Alekseýewiç! Näme edip, näme goýýanymy bilemok. Gagşyldaýaryn, aglaýaryn, möňňürýärin; size şu haty-da iki sagatlap ýazypdyryn. Ol, juda bolmanda, meň öňümde näme günäsiniň bardygyna düşüner öýdýärdim, onuň häzirki bolşuny welin görüň ahyryn! Hudaýyň haky üçin, dostum, ýeketäk gamhorum, aladalanmaň; Fedora ähli zady gabardaýýar, men hassa däl. Ýöne düýn Wolkowo gonamçylygyna, ejem janyň ýanyna, ruhuna degsin etmäge gidenimde biraz sowuklapdyryn. Näme üçin siz meniň bilen gitmediňiz, men sizden özelenip haýyş etdim-

ä. Wah, ejem jan, ejem jan pahyr, sen bir direlip bilýän bolsadyň, olaryň meni nä güne salanyny bir bilsediň, bir görsediň!.. W.D. M a ý y ň 20-si.

Gumrujygym Warýa jan!

Mähribanjam, size birazajyk üzüm iberýärin; daýanmak üçin oňat diýýärler, asyl lukmanlaram teşneligi gandyrmak üçin maslahat berýär, şonuň üçin diňe teşneligi gandyrmak üçin. Siz, gereklijäm, düýn bägül kökejikler bolaýsa diýdiňiz; ine, men size olary iberýärin. Işdäňiz oňatmy, eýjejigim? — esasy zat, ine, şudur! Bolsa-da, Hudaýa şükür, ähli zat geçdi, ahyr boldy, biziň külpetlerimizem ahyr boluberýär. Ýaradana şükürler kylaly; kitapjyklar barada aýtsam welin, häli-häzir hiç ýerden tapyp bilemok. Şu ýerde bir gowuja kitapjagaz bar diýýärler, özem dili örän salykatlymyş; oňat diýýärler, özüm okap göremok welin, şu ýerdäkiler-ä öwýär. Men ony özüm üçin haýyş etdim; gowşurmagy wada berdiler. Ýöne siz okarmykaňyz? Siz bu meselede juda dandawçyl ahyryn; siziň göwnüňizden turaýmak kyndyr öz-ä, men, eýjejigim,

size beletdirin, size galapyn şahyranalyk, «ýandym, köýdüm» şekilli zatlar gerekdir. Ýeri, bolýar, şygyram taparyn, hemmesini taparyn. Şu ýerde birinde şygyrlar göçürilen bir depder bolmaly. Meň günüm bolsa oňat. Haýyş edýärin, gerejigim, meni alada edinmäň. Fedoranyň men barada size aýdanlarynyň bolsa bary bolgusyz. Ýalan sözlänini oňa aýdyň, hökman aýdyň şol gybatkeşe! Men täze iş lybasymy asla satamok. Özüňiz oýlanyp görüň, nämä gerek satmak? Ine, maňa kümüş pulda kyrk manat sylag beriljegini aýtdylar, onsoň satmak nämä gerek? Siz, gereklijäm, aladalanmaň. Ol betgüman ahyryn, biziň Fedoramyz, tüýs betgüman. Gül ýaly ýaşarys, gumrujygym! Ýöne, siz, peýkerjigim, gutulaweriň, Hudaýyň haky üçin, gutulaweriň, men garryny gynandyrmaň. Kim aýdypdyr meniň horlananymy? Töhmet, ýene töhmet! Men aman-esendirin, özem şeýlebir semräpdirin welin, özümem utanýan. Garnym dok, özümem mes. Siz bahym galynsaňyz bolany! Bolýar onda,

https://kitaphana.net

hoş, peýkerjigim, ähli barmajyklaryňyzy öpmek bilen, Siziň baky dänmez dostuňyz  Makar Dewuşkin.
Hatsoňy. Wah, eýjejigim, siziň bu ýene ýazyp başlanlaryňyz näme? Aýdýanyňyz näme! Nädip men size ýygyrak baraýyn, gerejigim, nädip? Aýdyň ahyryn! Gijäniň garaňkysyna duwlanyp baraýyn diýsem, indi gijelerem garaňky däl diýen ýaly, pasyl şeýle. Gerejigim, peýkerjigim, men şonsuz hem kesellän mahalyňyz, özüňizi bilmän ýatanyňyzda ýanyňyzdan asla aýrylmadym diýen ýaly. Özümem bilemok nädip muny başaranymy. Soň bolsa barmamy bes etdim, sebäbi bu bolşumy geňläp we soraşdyryp başladylar. Şonsuzam iki arada bir gybat gyýlyp başlandy. Men Tereza bil baglaýaryn, ol ýaňra däl, ýöne, gerejigim, özüňiz oýlanyp görüň, birden hemmeler biziň bu bolşumyzy bilse, neneň-niçik bolar? Olar şonda näme pikir edip, näme sözlär? Şonuň üçin, gerejigim, ýürejigiňizi bire baglaň-da, gutulýançaňyz sabyr ediň. Ine, şonda biz başga bir ýerde didarlaşarys.   I ý u n y ň 1-i.
Gadyrdanym Makar Alekseýewiç!

https://kitaphana.net

Siziň özüm baradaky ähli aladalaryňyz we yhlasyňyz, maňa bolan ähli mähremligiňiz üçin size ýaramly we ýakymly bir zat etmäge uly höwesden ugur almak bilen, men ahyrsoňy tukat bir pursatda sandygymy dörmek we öz depderimi tapmak kararyna geldim, häzir bolsa ony size iberýärin. Bu depderi baryp-ha ömrümiň bagtyýar mahalynda ýöredip başlapdym! Siz meniň öňki gün-güzeranym hakda, ejem jan, Pokrowsk hakynda, Anna Fýodorownanyňkyda bolan günlerim hakda, galyberse-de, başyma düşen baýaky külpetler hakda gyzyklanyp, häli-şindi sorardyňyz, durmuşymyň käbir pursatlaryny, Hudaý bilsin, nä sebäpden beýan eden depderimi okamagy sabyrsyzlyk bilen isläpdiňiz. Şonuň üçin örän hoşal boljagyňyza birjikde şübhelenmän, bu depderi size iberýärin. Özüm-ä ony okanymda, birhili, gamlandym. Göwnüme bolmasa, bu depdere soňky setirleri ýazanymdan soň, özüm eýýäm iki paý garran ýaly.

Bu ýazgylaryň ählisi dürli wagtda ýazylan. Hoş galyň, Makar Alekseýewiç. Meniň örän ýüregim gysýar we

ukusyzlyk derdi häli-şindi ezýet berýär. Beýle-de bir ýürekgysgynç galynma bolar eken-ow! W.D.

I

Kakam dünýäden ötende men ýaňy on dört ýaşymdadym. Çagalygym ömrümiň iň bagtly döwrüdi. Ol bu jelegaýlardan uzakda, welaýatlaryň birinde, çola bir ýerde başlanypdy. Kakam knýaz P-niň T guberniýasyndaky örän ullakan mülküniň dolandyryjysydy. Biz knýazyň obalarynyň birinde ýaşaýardyk, özem ümsüm, sessiz-üýnsüz, bagtly ýaşaýardyk. Men kiçijikkäm dogumlyjadym, bar işim-pişäm meýdan diýmän, bakjatokaý diýmän bökjeklär ýörerdim, men hakda alada edip başyny agyrdýan hem ýokdy. Kakam hemişe iş bilen başagaýdy, ejem hem hojalyk aladalary bilen gümrady. Meni okadyp-öwreden bolmady, maňa bolsa geregem şoldy. Käte ir säherden böwetlenen bulagyň kenaryna ýada kiçeňräk tokaýa, ýa bolmasa bede ýatyrýanlaryň, galla orýanlaryň ýanyna gaçyp giderdim, Gün şöhleleriniň depäňden geçýäni, obadan allowarra gideniň,

gyrymsylaryň arasynda eliň-ýüzüň sypjyryk bolany, köýnegiň ýyrtylany piňiňe-de däldir. Öýe geleňsoň käýýärlerem welin, meniň azaryma-da däldir.
Göwnüme, obadan çykman, şol bir ýerde bütin ömrümi ýaşasam-da, özümi biçak bagtyýar saýjakdym. Ýöne men kalbyma eziz ýerleri heniz çagakam terk etmäge mejbur bolupdym. Peterburga göçüp gelenimizde, ýaňy bir on iki ýaşymdadym. Ýola düşmegiň öň ýanyndaky gamgyn pursatlar ýadyma düşende kalbymy gussa gaplap alýar! Ýürejigime eziz ähli zatlar bilen hoşlaşamda möňňüripler aglandyryn. Kakamyň boýnundan asylyp, boýur-boýur gözýaş döküp, biraz wagtam bolsa, obada galmaga rugsat bermegini ýalbaryşym häzir hem gözümiň öňünde. Şonda kakam maňa gygyrdy, ejem jan aglady, gitmek gerek, işleriň ýagdaýy şeýle diýdiler. Garry knýaz P ölüpdir, mirasdarlar bolsa kakama öňki wezipesini bermekden ýüz dönderipdir. Kakamyň Peterburgda hususyýetçi adamlarda dolanyşykda az-owlak puly bar eken. Ýagdaýyny düzetmäge umyt edip, ol özüniň şu ýerde bolmagy zerur

https://kitaphana.net

diýen karara gelipdir. Bu zatlaryň ählisini men soň ejem jandan bildim. Biz bu şäherde Peterburg Tarapynda oturýardyk we şol bir ýerde tä kakam aradan çykýança ýaşadyk.

Täze şertlerde ýaşamaga öwrenişmek maňa juda agyr düşdi. Biz Peterburga güýz gelipdik. Obadan gaýdanymyzda nurly, maýyl, aýdyň bir gündi. Oba işleri sowlup barýardy, galla harmanlary belende galypdy, guş-gumrular gaýda-gaýmalaşykdy. Garaz, tutuş älem aýdyň we şadyýandy. Şähere aýak basamyzda bolsa, bizi garşylan ýagyşýagmyrdy, güýz çigreginiň ýakymsyz howasydy, çalpaw we palçykdy, gözümiziň göreni täze, nätanyş, nämährem, kineli, gaharly adamlardy! Biz kynlyk bilen ornaşdyk. Biziňkileriň hemmesiniň alahasyrdy bolup, ünji-alada galyp, täze hojalygyň binýadyny tutuşy ýadymda. Kakam öýde seýrek görnerdi, ejem janyň işi başyndan agdykdy, garaz, meni asla unudypdylar. Täze ýerde ilkinji gijeden soň örenimde ýürejigimi gussa

https://kitaphana.net

baglapdy. Biziň penjirelerimizden, birhili, sary haýat görünýärdi. Köçe hemişe palçykdy.

Setanda geçýän ötegçileriň ählisi tapanyny geýip bürenerdi, hemmeler şeýle üşeýärdi.

Öýümizde uzakly gün elhenç gussa we tukatlyk höküm sürerdi. Dogan-garyndaş, dostýar bizde ýok diýen ýalydy. Anna Fýodorowna bilen kakam tersdi (kakam oňa bir zat bergilidi). Bize häli-şindi iş boýunça adamlar gelerdi. Adatça jedelleşerdiler, galmagal ederdiler, gygyryşardylar. Her gezek myhmanlar gidenden soň, kakamyň keýpi bolmazdy, ol gaharlanardy, gaşlaryny çytyp birki sagat ikibaka gatnardy, hiç kim bilen ýeke söz alyşmazdy. Ejem jan şeýle pursatlarda onuň adynam tutup bilmezdi. Men hem elime kitabymy alyp bir burçda ümsüm, ýuwaş oturardym, käte gymyldamaga hem ýürek etmezdim.

Peterburga gelenimizden soň üç aýdan meni pansiona berdiler. Keseki adamlaryň elinde ilkibada ýüregimiň gysyşyny bilsediňiz! Ähli zat gurakdy, bimähremdi — terbiýeçiler şerraýdy, gyzlar bahana tapsa üstüňden

güljekdi, men bolsa bir tersadym! Tertip pugta, talap berk! Her bir amalyň sagady bar, wagty bellenen, çaýyň-naharyň hemme bilelikde, mugallymlar ýüregedüşgünç. Bularyň hemmesi ilkibaşda ýüregimi paralap, ezýet berýärdi. Men ol ýerde uklap hem bilmeýärdim. Tutuş bir gijäni, uzak, tukat, sowuk gijäni aglap geçiren mahallarym hem bolupdy. Käte agşam hemmeler sapagyny gaýtalaýandyr ýa-da ýat tutýandyr, men hem sapaklaryma, sözlüklerime gümra ýaly bolup oturandyryn welin, ähli pikirlerim öý-ojagymyz, kakam, ejem jan hakyndadyr, garryja enekäm, onuň aýdyp berýän ertekileri hakyndadyr... Ýürejigim gussadan ýaňa para-paradyr! Öýümizdäki iň biderek zat hakydaňa gelende, göwnüň gül açýar! Kiçijik otagymyzda, semawaryň başynda, hemmämiz jem bolup otursadyk, ähli zat tanyş, ýakymly mährem. Ejem jany bar güýjüm bilen, gaýnap-joşup bagryma bassadym diýersiň! Şeýdip küýsärsiň, küýsärsiň-de, birden gussa özüňi aldyryp, gözýaşlaryňa düwüne-düwüne ýuwaşja aglarsyň. Sözem gelmez kelläňe, sözlügem. Ertirki sapagyň öwrenilmän

https://kitaphana.net

galar. Bütin gije mugallym, müdir, gyzlar düýşüňe girer, bütin gije düýşüňde sapagyňy ýat tutarsyň, ertesi bolsa bilýän zadyň ýokdur. Dyzyň üstünde durmaly ederler, naharyňy kemerler. Men juda gülmezekdim, tukatdym. Ilkibaşda gyzlar üstümdem gülerdi, giňželärdiler, sapagymy aýdýan mahalym sözümi bölerdiler, hatara durup nahara ýa çaý içmäge barýarkak çümmüklärdiler, bahana ýok ýerden terbiýeçä üstümden şikaýat ederdiler. Şenbe güni agşam enekäm yzymdan gelende bolsa, jennete düşen deý bolardym. Begenjimden ýaňa garryja enekämi gujagymda bogaýjak ýalydym. Ol meni geýindirerdi, bürärdi, dolardy, ýolda zordan aýagyma eýererdi, men bolsa gürrüň berip, şol jedirdär barardym, jedirdär barardym. Öýe baramda şady-horramdyryn, hemmesini hamala on ýyllap görmedik ýaly, pugta gujaklardym! Gep başlar, gürrüň başlar, warsaky başlar, hemmeler bilen salamlaşardym, hahahaýlap gülüşerdim, ylgardym, bökjeklärdim. Kakam bilen ylymlar hakynda, mugallymlarymyz hakynda, fransuz dili, Lomondyň

grammatikasy hakynda saldamly söhbet başlanar. Hemmämiz şadyýan, hemmämiz hoşal bolardyk. Häzir şol pursatlary ýatlanymda-da kalbym alaýaz bolýar. Men okap öwrenmek we kakamy razy etmek üçin çyr-çytyr çalyşýardym. Onuň baryny-ýoguny maňa sarp edýänini, özüniň bolsa güýjüniň baryndan urunýanyny görýärdim. Ol gün-günden barha hapa bolýardy, çytylýardy, gaharlanýardy. Häsiýeti düýpgöter üýtgäpdi, sebäbi işleri ugruna däldi, bergileri başyndan agdykdy. Ejem jan kakamyň gaharyny getirmejek bolup, aglamaga-da, bir söz aýtmaga-da gorkýardy. Halys igledi, gün-günden horlanýardy we erbet bir üsgülewük tapyndy. Käte pansiondan gelerin welin, hemmeleriň ýüzi juda gamgyndyr, ejem jan assaja aglar, kakamyň ýüzünden gar ýagar. Gyjytly, teýeneli sözler aýdylar. Kakam meniň ony asla begendirmeýänim, ýüregine teselli bolmaýanym, men sebäpli soňky gorlar harçlansa-da, henizem fransuzça geplemeýänim hakda aýdyp başlar. Mahlasy, ähli şowsuzlyklar, ähli betbagtçylyklar, ähli zatlar, ähli zatlar

https://kitaphana.net

üçin men bilen ejem jana igenilerdi. Heý, ejem jan görgülä şeýle ezýet bermek bolarmy? Oňa seredenimde ýüregim para-para bolardy. Görgülijigiň duluklary çöküp, gözleri içine gidipdi, ýüzi inçekeselliniňki ýalydy. Men hemmelerden köp köteklenerdim. Her gezek biderek zatlardan başlanardy, soň bolsa gör-bak nämelere baryp ýeterdi. Köplenç men meseläniň nämededigine hem düşünmeýärdim. Nämeler aýdylmazdy, nämeler agzalmazdy! Fransuz dili, meniň diri samsykdygym, biziň pansionymyzy ýöredýäniň janypkeş däldigi, samsyk aýaldygy, biziň ahlak päkligimiz hakda alada etmeýändigi, kakamyň heniz hem iş tapyp bilmeýändigi we Lomondyň grammatikasynyň erbetdigi, Zapolskiniňkiniň bolsa ondan has oňatdygy, meniň üçin dünýäň pulunyň biderek harçlanandygy, meniň, ähtimal doňýürekdigim, doňňaradaşdygym — garaz, men görgüli sapaklaryma, sözlüklere ezberlejek bolup janymy gaýgyrman urunsam-da, ähli külpetleriň sebäpkäri mendim, ähli günäler üçin ýazyklydym! Munuň sebäbi asla kakamyň meni gowy

https://kitaphana.net

görmeýänliginde däldi; ejem jan-a meni başyna täç etmäge häzirdi. Ýöne neme-dä... häsiýeti şeýleräkdi-dä.
Gaýgy-alada, şowsuzlyklar kakam görgülini halys etdi; ol betgüman boldy, azgyrylardy, köplenç özüni göwnüçökgünlige aldyrarlydy, saglygy babatda äwmezek boldy, sowuklady, birdenem keselledi, uzak horlanmady, birdenem tarpa-taýyn aradan çykdy welin, biziň ählimiz birnäçe gün güň ýaly bolduk. Ejem jan, birhili, ýüregi doňan ýaly boldy, üýtgäýmese diýip gara janym galmady. Kakamy ugradyp-ugratmankak, algydarlar ýerden çykan ýaly hümer tutup geldi. Biz ähli zadymyzy berdik. Peterburga gelenimizden ýarym ýyl soň kakamyň satyn alan Peterburg Tarapyndaky öýjagazymyz hem satyldy. Beýleki meseleleriň nähili ylalaşylanyny bilemok welin, biz öý-ojaksyz, öwzar-hossarsyz, azyk-owkatsyz galdyk. Ejem jany içinden kesel gemirýärdi, biz özümizi ekläp biljek däldik, güzeran çeşmämiz ýokdy, biz heläk bolmalydyk. Men şonda ýaňy bir on dördümi doldurypdym. Ine, şol pursat bize Anna Fýodorowna geldi.

Ol özüniň ýerli-mülkli baýarlardandygyny we biziň bilen, birhili, garyndaşlygynyň bardygyny aýdýardy. Ejem jan hem onuň garyndaşymyzdygyny, ýöne örän daşgyndygyny aýdardy. Kakam bar mahaly ol hiç haçan bize gelmezdi. Ol gelende gözüne ýaş aýlap gelipdi, biziň halymyza örän nebsiniň agyrýanyny, kakamyň ölmegi, gözgyny ýagdaýymyz sebäpli duýgudaşlyk bildirerdi. Kakamyň özüniň günäkärdigini, güýjüne-gujruna görä ýaşamanyny, çakyny bilmänini we öz garysyna juda köp bil baglanyny aýdardy. Has ýakyndan gatnaşmaga isleg bildirdi, özara öýke-kinäni unutmagy teklip etdi. Ejem jan oňa hiç haçan gyýa göz bilen garamanyny aýdanda bolsa, gözüne ýaş aýlap, ejem jany kilisä gitmäge çagyrdy we kakamyň ruhuna doga okatdy. Şondan soň ol alaýaz bolup, ejem jan bilen ýaraşdy. Köp gepiň başyny agyrdanyndan we esli salym osmakladanyndan soň, Anna Fýodorowna biziň gözgyny ýagdaýymyzy, ýetimligimizi, ugur-umydymyzyň, haraý berjegimiziň ýoklugyny bolşundan beter edip teswirläninden soň, biziň, özüniň aýdyşyna

görä, öz öýüni saýalamagymyzy teklip etdi. Ejem jan minnetdardygyny aýtdy, ýöne uzak wagtlap ýürek etmedi, emma başga-da bir alaç ýokdy, başgaça çözmek mümkin däldi we ahyrsoňy, ejem jan biziň Anna Fýodorownanyň teklibini minnetdarlyk bilen kabul edýänimizi oňa mälim etdi. Peterburg Tarapyndaky öýümizden Wasilýew Adasyna gülberimizi çeken saba çagy häzirki ýaly ýadymda. Güýz paslynyň nurly, ygalsyz, aýazly säheridi. Ejem jan aglaýardy, meni elhenç bir gussa gaplapdy, kalbymy gurşan, birhili, elhenç, düşnüksiz hasratdan ýaňa kükregim ýarylara gelipdi. Agyr döwürdi.

II

Ilkibaşda, biz, ýagny men we ejem jan täze ýerde ornaşyp öwrenişýänçäk, Anna Fýodorownanyň öýündäki düzgün biziň üçin, birhili, gorkunçdy, oňaýsyzdy. Anna Fýodorownanyň altynjy syrgynda öz öýi bardy. Öýde jemi bäş sany ýaşalýan otag bolup, olaryň üçüsinde onuň özi we meniň doganoglan uýam, ene-atasyz galan ýetim Saşa ýaşaýardy. Ýene bir otagda biz ýaşaýardyk, biziňkiniň

gapdalyndaky soňky otagda bolsa Pokrow- skiý diýen bir garyp talyp bardy, bu otagda ol kireýine ýaşaýardy. Anna Fýodorowna örän oňat ýaşaýardy, ol çak edilişinden has barlydy. Ýöne onuň barjamlygyda, meşgullanýan pişeside, birhili, syrlydy. Ol hemişe ýeteşiksiz gündedi, hemişe işlidi, aladalydy. Her gün birnäçe gezek bir ýerlere giderdi, gelerdi. Ýöne onuň näme edipeýleýäni, näme üçin we haýsy maksat bilen elewreýänini hiç çenläp-çaklap bilmeýärdim. Onuň tanyşlary köpdi we dürli-dürlüdi. Hälişindi myhman gelerdi, özem ählisi sähel salymlykdy, nähili jemendedigini, ne iş bilen gelýänini Hudaý bilsin. Gapydaky jaňjagazyň sesi eşidildigi ejem jan meni dessine öz otagymyza äkiderdi. Anna Fýodorowna şu sebäpli ejem jana gaharlanardy we biziň juda ulumsydygymyzy, gurbymyza-gurbatymyza görä däldigimizi, gomparyp-gomalmaga ýagdaýymyzyň ýokdugyny ýanjap-ýanjap aýdardy, bes eder ýerde bes etmezdi. Men şonda ulumsylyk baradaky gyjalatlara düşünmeýärdim. Hut şonuň ýaly-da, men ejem janyň näme üçin Anna

https://kitaphana.net

Fýodorownalarda ýaşamagy islemänini diňe häzir bilip galdym, has dogrusy, çak edýärin. Anna Fýodorowna birehimdi, Hudaý gün berse, bize ezýet baryny bererdi. Onuň bizi öz öýüne çagyrmagynyň sebäbini men häzir hem bilemok. Ilkibaşda ol diýseň mylakatlydy, soň welin, biziň haraýsyz biçäredigimize, gidere ýerimiziň ýokdugyna göz ýetirenden soň bolsa içi güjükli gylygyny gizläp durmady. Biraz soň maňa gezek gelende dilini süýjetdi, hatda gödeňsi salykatlandy, ýaranjaklamakdan gaýtmazdy, ýöne ilkibaşda men hem ejem jan bilen dert ýamanyny çekipdim. Minnetsiz minut geçmezdi, eden ýagşylyklaryny dilinden düşürmezdi. Ýat adamlar bilen tanyşdyranda, biziň garyp düşen garyndaşlary, dul galan eneli gyzdygymyzy, ýüregi ýukalyk edip, Hudaý ýoluna sadaka bolsun diýip bizi ýygnanyny aýdardy. Saçak başynda her döwüm çöregi alanymyzda gözüni aýyrmazdy, iýmän oturaýdygymyz bolsa, bu hem bahana bolardy. Hamala biz dandaýanmyşymyz, «barjamyz-a berýäris, gowusyny tapýançaňyz çekinip oturmaň»

diýerdi. Maý tapdygy kakamy ýamanlardy ol ilden saýlanjak bolanmyş, hiç kimçe-de bolup bilmänmiş, aýaly bilen gyzyny gedaý goýanmyş, asylly, hudaýhon, şepagatly garyndaş maşgala tapylmanynda, kim bilýär, belki, olaryň hendekde bir ýerde açlykdan ölmeginiň mümkindigini zol gaýtalardy. Onuň agzyndan çykýanlar diňlär ýaly däldi! Onuň sözleri gynandyrýardam welin, ýigrendirişi hiç zadyň çaky däldi. Ejem janyň gözleri hemişe ýaşdan doludy, saglygy gün-günden gaýra teserdi. Onuň sanaglysy, ähtimal, doluberipdi. Ýöne biz şonda-da ertirden agşama çenli işleýärdik, tikin-çatyn ederdik, emma bu ýagdaý Anna Fýodorowna ýakmaýardy, maý tapsa «öýümi tikinçilik dükanyna öwürdiňiz» diýip käýinerdi. Ýöne eginbaş edinmek, gara güne az-owlak süýşürmek, hökman eliňde öz puluň bolmagy hem gerekdi. Biz uzagyndan başga bir ýere göçer ýaly ätiýaçdan aňrymyza pul atardyk. Ýöne iş ejemiň soňky güýjüni aldy, ol gün-günden tapdan düşýärdi. Kesel, ähtimal, ony gurçuk ýaly içinden gemrip, ahyrky gününi ýakynlaşdyrýardy.

Men ähli zady görýärdim, ähli zady syzýardym, ähli zadyň ezýetini çekýärdim, ähli zat gözümiň öňünde bolup geçýärdi!

Biri-birine meňzeş günler geçip durdy. Biz ümsüm ýaşaýardyk, şäherde däl ýalydyk. Anna Fýodorowna özüniň hökmürowanlygyna göz ýetirdigiçe, kem-kemden ýuwaşaýardy. Aslynda, hiç kim hiç haçan onuň garşysyna çykjak hem bolmaýardy. Biziň otagymyz bilen onuň otaglary däliziň garşy taraplaryndadady, biziňkiniň gapdalyndaky otagda bolsa, meniň eýýäm aýdyşym ýaly, Pokrowskiý ýaşaýardy. Ol Saşa fransuz we nemes dillerini öwredýärdi, taryhdan we geografiýadan, Anna Fýodorowna aýtmyşlaýyn, ähli ylymlardan sapak berýärdi. Munuň üçin bolsa otagda ýaşaýardy we öý eýesiniň hasabyna naharlanýardy. Saşa dogumlyja we garagol bolsa-da, düşbüje gyzjagazdy, şol wagt ol on üç ýaşyndady. Anna Fýodorowna ejeme men okap başlasam kem bolmajagyny, sebäbi pansionda ýeterlik bilim almanymy ýaňzytdy. Ejem jan höwes bilen razylyk berdi

https://kitaphana.net

we bütin bir ýyl Saşa bilen bilelikde Pokrowskiden sapak aldym.

,

https://kitaphana.net

Pokrowskiý garypdy, örän garypdy. Ýaşdygyna garamazdan, saglyk ýagdaýy oňa yzygiderli okuwa gatnamaga mümkinçilik bermeýärdi we biz diňe endik boýunça oňa talyp diýerdik. Ol salykatlydy, ýuwaşdy, ümsümdi, hatda biziň otagymyzdan onuň barlygy-da bildirmeýärdi. Daşyndan göräýmäge ol, birhili, geň adamdy, ýöreýşi-de, salamlaşanda baş egşi-de tagaşyksyzdy, gepleýşi şeýlebir enaýydy welin, ony görenimde gülkimi saklap bilmezdim. Saşa häli-şindi gudurap, oňa azar bererdi, aýratyn-da, sapak öwreden mahaly şeýderdi. Üstesine, Pokrowskiý häsiýeti boýunça gagaldy, zol gaharlanardy, sähelçe zat üçin gyzybererdi, bize gygyrardy, üstümizden arz ederdi we gahary gelip, sapagyny tamamlaman çykyp öz otagyna giden halatlary seýrek däldi. Otagynda ol uzakly gün kitaplardan başyny galdyrmaýardy. Onuň kitaby köpdi, hemmesem gymmat, seýrek kitapdy. Ol başga bir ýerlerde hem sapak berýärdi, hakheşdek alardy, şonuň üçin eline pul düşdügi, dessine kitap alnardy.

https://kitaphana.net

Wagtyň geçmegi bilen men ony has oňat, has ýakyndan tanadym. Ol örän ak ýüreklidi, birkemsiz laýykatlydy, meniň gören adamlarymyň iň gowusydy. Ejem jan ony diýseň hormatlardy. Soňabaka ol meniň üçin hem, elbetde, ejem jandan soň, iň gowy dostdy.  Ilkibaşda men, ullakan gyz halyma Saşa bilen bilelikde garagollyk ederdim we käte biz nädip Pokrow-skiniň degnasyna degsekkäk we sabryny gaçyrsakkak diýip juda köp wagtymyzy sarp ederdik. Onuň gaharlanyşy-da örän gülkünçdi, bu ýagdaý biziň üçin juda gyzykdy (bolşumyz ýadyma düşende utanaýýaryn). Bir gezek ol gahardan ýaňa aglaýjak hala düşdi we şonda men onuň pyşyrdap: «Yzgytsyz çagalar» diýenini aýylsaýyl eşitdim. Men birden aljyradym, utandym, gynandym, oňa nebsim agyrdy. Gyzyl ot kimin gyzaranym we gözüme ýaş aýlap, köşeşmegi, biziň biakyl gorsanmalarymyz üçin gaharlanmazlygyny haýyş edenim ýadymda. Ýöne ol kitabyny ýapdy-da, berýän sapagyny tamamlaman öz otagyna gitdi. Men uzakly gün puşman edip özümi horladym. Biziň çaga halymyza öz

https://kitaphana.net

birehimligimiz bilen ony agladanymyz baradaky pikir meni ýakyp-ýandyryp barýardy. Diýmek, biz onuň aglaryna garaşypdyrys-da! Diýmek, biz onuň gözýaşyny görmekçi ekenik-dä! Diýmek, biz onuň soňky sabryny gaçyrypdyrysda, ol görgüli biçäräni öz keç kysmatyny ýene bir ýola ýatlamaga mejbur edipdiris-dä! Gynanyp, gussa batyp, puşman edip, men uzakly gijäni uklaman geçirdim. Puşman etseň, ýüregiň ýüki ýeňleýär diýýärler welin, tersine eken! Özümem bilemok welin, öňki derdime öz-özüme bolan hatyra-da urna boldy. Onuň meni çaga hasaplamagyny islämokdym. Men şonda eýýäm on bäş ýaşymdadym.

Şol günden başlap men özüme ezýet baryny berip, hyýalymda Pokrowskiniň men hakdaky pikirini üýtgetdirmegiň müňde bir ýoluny agtaryp başladym. Ýöne men çekinjeňdim, utanjaňdym, şol mahalky ýagdaýymda hiç bir zada ýürek edip bilmeýärdim we diňe hyýallar bilen çäklenýärdim (wah, ne hyýallar, ne arzuwlardy!). Meň edenim diňe Saşa bilen garagollygymy bes etmegim bilen

https://kitaphana.net

çäklendi. Pokrowskiý bize gaharlanmagyny bes etdi, ýöne meniň synan göwnümi munuň bilen seýikläp boljak däldi. Indi ömrümde owalda-ahyrda duşmak miýesser bolan iň täsin, iň gyzyk we iň gözgyny ejiz adam barada biraz aýdaýyn. Ol hakda häzir, ýazgylarymyň hut şu ýerinde söz açýanymyň sebäbi şu döwre çenli oňa asla diýen ýaly üns bermänimdendir. Çünki Pokrowskä degişli ähli zatlar meniň üçin birden şeýle özüne çekiji boldy duruberdi!
Biziň ýaşaýan öýümize ýaramaz geýimli, üst-başy hapa, kiçijik, çal saçlyja, biraz ýarsan, tagaşyksyz, mahlasy, diýseň bir geň goja gelerdi. Ilki göreniňde ol bir zatdan utanýan ýalydy, öz-özünden uýalýan ýalydy. Şu sebäpli ol hemişe, birhili, ýygralýardy, birhili, kelpeňsireýärdi. Gylyk-häsiýetini, oturyşyny-turşuny synlanyňda ýalňyşman diýen ýaly, bu adamyň akyly ýerinde däl diýen netijä gelmek mümkindi. Gelen mahallary-da daş işikde, aýnaly gapynyň aňyrsynda durardy, öýe girmäge milt etmezdi. Biziň birimiz — men ýa-da Saşa, ýa bolmasa, onuňça ýüz berýänlerden bolan hyzmatkärlerden biri

gapdalyndan geçäýdigi besdi. Dessine ellerini bulaýlap, dürli yşaratlary edip ýanyna çagyrýandyr we diňe baş atyp çagyranyňa mähetdel — bu yşarat öýde kesekileriň ýokdugyny we islän mahaly girip bilýänini aňladýardy — diňe şonda goja ýuwaşjadan gapyny açardy, begenip ýylgyrardy we daraklygyna basyp Pokrowskiniň otagyna ýönelerdi. Bu onuň kakasydy.

Soňra şol görgüli gojanyň bütin durmuş ýoly jikme-jiklikleri bilen maňa mälim boldy. Ol birmahal bir ýerlerde işläpdir, jinnek ýalyja-da ukyby bolmandyr we işleýän edarasynda iň soňky, iň ähmiýetsiz wezipede eken. Ilkinji aýaly — Pokrowskiniň ejesi ölenden soň, ol ikinji gezek öýlenmekçi bolupdyr we bir şäherli aýal bilen goş birikdiripdir. Täze aýaly öýdäki düzgüni agdar-düňder edipdir, ondan bidin hiç kim butnap hem bilmändir, ol hemmeleri mugyra getiripdir. Pokrowskiý şol wagt heniz on ýaşyndaky çaga eken. Öweý ene ony it ýaly ýigrenipdir. Ýöne oglanjygyň alny açyk eken. Hadym Pokrowskini ozaldan tanaýan we birmahal onuň hemaýatçysy bolan

https://kitaphana.net

ýerliýurtly mülkdar Bykow çagajyga arka çykypdyr we ony mekdepleriň birine ýerleşdiripdir. Oglanjygyň ykbaly bilen gyzyklanmagyna bolsa onuň ejesi pahyry tanaýanlygy sebäp bolupdyr. Pokrowskiniň ejesi baryp ulugyz mahaly Anna Fýodorownanyň haýyr-yhsany bilen gurşalypdyr we şolam ony gullukçy Pokrowskä äre beren eken. Anna Fýodorownanyň dosty we ýakyn tanşy jenap Bykow kalby merhemet joşguny bilen gurşalyp, gelniň şaý-sep gory hökmünde bäş müň rubl eçilipdir. Şol puluň nämä harçlanany belli däl. Bularyň baryny maňa Anna Fýodorowna gürrüň berdi. Talyp Pokrowskiniň özi bolsa maşgala ýagdaýy hakynda söz açmagy halamazdy. Onuň ejesi örän gelşikli bolanmyş diýýärler we onuň şeýle şowsuz durmuşa çykmagy, şeýle dereksiz adama barmagy meniň üçin örän geňdi... Ol heniz juwan mahaly, durmuşa çykanyndan dört ýyl soň ölüpdir.
Mekdepden soň Pokrowskiý gimnaziýalaryň birine, soň hem uniwersitete giripdir. Peterburga häli-şindi gelip duran jenap Bykow bu döwürde hem ony hemaýatsyz

goýmandyr. Saglygynyň bozulmagy sebäpli Pokrowskiý uniwersitetde okuwyny dowam edip bilmändir. Jenap Bykow ony Anna Fýodorowna bilen tanyşdyrypdyr, özi taryplap, kepil bolupdyr. Şeýlelikde, ýaş Pokrowskiý iýip-içmäni goşmak bilen, ýaşamaga kabul edilipdir. Munuň şerti Saşa ähli ugurlardan bilim we sapak bermek bolupdyr.

Garry Pokrowskiniň bolsa, aýalynyň rehimsizliginden jany ýanyp, aýbyň gadymkysyna baş urupdur-da, hemişe diýen ýaly serhoş halda bolupdyr. Aýaly ony ýenjipdir, aşhanada ýatyp-turmaly edipdir we ahyr görgülini şikaýatsyz-zeýrenmesiz urulmaga we sögülmäge boýun edipdir. Ol heniz juda garry hem däl eken, ýöne bozuk endikler zerarly akylyndan azaşara golaý eken. Ogluna bolan çäksiz söýgi bolsa asylly ynsan duýgularynyň ýeke-täk alamaty bolup galypdyr. Pokrowskileriň kiçisi bir almany ikä bölen ýaly ejesi pahyra meňzeşmiş diýerdiler. Belki, mährem başdaş aýaly hakyndaky ýatlamalar betbagt gojanyň ýüreginde ogluna bolan şu çäksiz söýgini döredendir? Goja indi

oglundan başga hiç zat hakynda gürrüň hem edip bilmeýärdi we hepdede iki gezek hökman onuň ýanyna gelerdi. Ol mundan ýygy gelip bilmeýärdi, sebäbi ýaş Pokrowskiý kakasynyň görme-görşe gelmegini hiç halamazdy. Kakasyna sarpa goýmazlygy, elbetde, onuň ähli kemçilikleriniň iň ilkinjisi we iň ulusydy. Aslynda, gojanyň özem käte çekipçydardan beter bir mahlukdy. Birinjiden, ol ähli zady bilmäge juda höwesjeňdi, ikinjiden, diýseň boş we manysyz gürrüňleri hem sowallary bilen zol-zol ogluna okamaga päsgel berýärdi we galyberse, käte serhoş halda hem geläýerdi. Ogly az-azdan gojany ýazyklaryndan, ähli zada sokulmakdan we agzyna jaň dakylan ýaly ýaňramakdan saplaýardy hem-de ahyrsoňy gojany ogluny ähli meselelerde pygamber saýmagyny we özünden bidin agzyny açmazlygyny gazandy.
Görgüli goja öz Petýa janyna (ol ogluny şeýle atlandyrardy) söýnüp-guwanyp, aňyrsyna çykyp bilenokdy. Oglunyň ýanyna myhmançylyga gelende ol,

https://kitaphana.net

belki, oglunyň nähili garşylajagyny bilmeýäninden, hemişe diýen ýaly, birhili, ünjülidi, çekinjeňdi. Adatça, uzak wagtlap girmäge ýürek etmezdi. Birden men gabat geläýsem, ýigrimi minutlap dagy — Petýa jan nähilikä? Aman-sagmyka? Keýpi sazmyka? Möhüm bir iş bilen meşgul däldir-dä hernä? Edil şu wagt näme işleýär? Bir zat ýazýarmyka ýa okaýarmyka, ýa-da bir zadyň pikirini edýärmikä? — diýip soraşdyrardy. Men onuň göwnüne teselli berip arkaýynlaşdyranymdan soň, goja, ahyr oglunyň otagyna girmäge ýürek ederdi we gapyny ýuwaşja, juda seresaplyk bilen açardy, ilkibaşda diňe boýnuny uzadardy we oglunyň gaharlanmaýanyny we özüne baş atyp ümlänini görende, ýuwaşjaja otaga girerdi, şineljigini, ömür ýygyrt-ýygyrt, dilik-deşik we etekleri gopan başgabyny çykaryp asgyçdan asardy. Ähli zady ýuwaşja, sessiz-üýnsüz ederdi. Soň oturgyçlaryň birine assaja gonardy we oglundan gözüni aýyrmazdy, öz Petýa janynyň keýpiniň neneňdigini biljek bolup, onuň ähli hereketlerini hüşgärlik bilen synlardy. Eger oglunyň sähel

https://kitaphana.net

mazasy pes bolsa we goja muny görse, dessine ýerinden turardy-da: «Petýa jan, men aýak üstünden sowlaýdym. Baryp gaýdan ýerim uzak bolansoň, ýolugruna demimi dürsemäge sowlaýdym» diýip düşündirip başlardy. Soň hem sesini çykarman, kysmatyna kaýyllyk bilen şineljigini, başgabyny alardy-da, gapyny ýene ýuwaşja açardy we kalbynda gasňak baglan agysyna döz gelmek we ogluna syr bermezlik üçin özüne zor salyp ýylgyrardy-da, çykyp giderdi.

Ýöne bardy-geldi ogly kakasyna ýüz beräýse dagy, goja begenjinden serhoş ýaly bolardy. Ýüzi-gözi, amal-hereketleri alaýazdy. Ogly bir zat diýäýse, ol her gezek göwresini oturgyçdan biraz galdyrardy we ýaranjaňlyk bilen, sežde edýän ýaly juda yhlasly ýuwaşja jogap bererdi we hemişe iň naýbaşy, ýagny iň gülkünç jümleleri ulanjak bolup jan ederdi. Emma suhangöýlik oňa per bermezdi, ol birden çekinip aljyrardy, eline-aýagyna ýer tapmazdy we hamala säwligini düzetjek bolýan ýaly, ýene esli wagt bir zatlary pyşyrdardy. Jogaby ýerine düşäýse welin, goja

biraz ekezlenerdi, eginbaşyny çekişdirer-düzederdi we laýykatyndan hoşal sypata girerdi. Käte bolsa şeýlebir ekezlenerdi, şeýlebir dogumlanardy welin, hatda oturgyçdan ýuwaşja turup, kitap tekjesiniň ýanyna barardy, kitaplaryň birini alardy we kitabyň mazmunyna garamazdan, onuň gatyny çem gelen ýerde açyp, dessine bir zatlary okardy. Özi-de şunda ýüzüne ýasama perwaýsyzlyk we pitiwa etmezlik perdesini çekerdi, hamala oglunyň kitaplaryny hemişe-de arkaýyn alyp-goýup ýörenmiş we oglunyň ýüz berip sylamagy öwrenişilen ýagdaýmyş. Ýöne bir gezek ogly kitaplary ellemezligi haýyş edende, görgüliniň neneň gorkanyny görmek maňa miýesser boldy. Şonda goja aljyrady, alňasady, kitaby başaşak goýdy, düzetjek bolup agdardy-da, çöwre goýdy, bir ýylgyrdy, bir bozardy, ýazygyny nädip ýuwmarlajagyny bilmedi. Pokrowskiý öz maslahat-ündemeleri bilen gojany kemkemden ýaramaz endiklerden saplady we yzlyyzyna üç gezek serisag gelenini göräýse, hoşlaşyk mahaly ýigrimi bäş, elli we hatda has köp köpük

https://kitaphana.net

bererdi. Käýarym goja üçin ädik, boýunbagy ýa gursakça satyn alyp bererdi. Tüýüni täzelän goja gomp-gomp gompparardy. Ol kämahal biziň otagymyza gelerdi. Maňa we Saşa kökejik, almajyk getirerdi we her gezek biziň ýanymyzda Petýa jany magtardy.

Ünsli okamagymyzy, oňa gulak asmagymyzy haýyş ederdi, Petýa janyň mährem oguldygyny, nusgalyk oguldygyny, galyberse-de, alym oguldygyny aýdardy. Şo barmanada çep gözüni gülkünç gypardy, ýüzüni-gözüni şeýlebir oýnadardy welin, biz saklanyp bilmän, gülüp kese ýykylýardyk. Ejem jan ony örän gowy görerdi. Gojanyň özi bolsa Anna Fýodorownany ýigrenerdi, ýogsa ýanynda agzy mumly ýalydy.

Tiz wagtdan men Pokrowskiden sapak almagymy bes etdim. Ol meni henizem çaga saýardy, Saşa ýaly dogumlyja gyzjagazdyr öýderdi. Bu maňa juda ýokuş degýärdi, sebäbi men öňki bezzatlygymy ýuwmarlajak bolup, elimden gelenini ederdim. Ýöne ol meni görmeýän ýalydy. Bu ýagdaý meni barha gaharlandyrýardy.

https://kitaphana.net

Sapaklardan başga wagt men Pokrowskiý bilen gepleşemokdym diýen ýalydym, gepleşip-de bilmeýärdim. Gyzarypbozarýardym, aljyraýardym, soň bolsa çola bir ýerde bu bolşuma gynanyp aglardym. Bir geň ýagdaý ysnyşmagymyza kömek etmedik bolsa, soňunyň näme bilen gutarjagam belli däldi. Bir gün agşam, ejem jan Anna Fýodorownanyň ýanyndaka, ýuwaşlyk bilen Pokrowskiniň otagyna girdim. Onuň öýde däldigini bilýärdim we dogrymy aýtsam, otagyna girmegiň nireden kelläme gelenini bilemok. Eýýäm bir ýyldan köp goňşy otagda ýaşan bolsak-da, şu çaka çenli hiç haçan onuň otagyna boýnumy-da uzatmandym. Bu gezek ýüregim şeýlebir gürsüldeýärdi, şeýlebir gürsüldeýärdi welin, kükregimden towsup çykarlydy. Otagyň içini, zatlary üýtgeşik bir bilesigelijilik bilen gözden geçirdim. Pokrowskiniň içerisi juda garypdy, tertip-timar azdy. Diwaryň ýüzüne bäş sany uzyn tekje çüýlenip, olarda kitap bary rejelenip goýlupdy. Stoluň we oturgyçlaryň üstünde kagyzlar ýaýrap ýatyrdy. Kitapdyr kagyz! Meniň kelläme geň bir pikir geldi we şol

https://kitaphana.net

birwagtda meni, birhili, ýakymsyz lapykeçlik gurşady. Göwnüme, meniň dostlugym, meniň magşuk ýüregim oňa az ýalydy. Ol sowatlydy, men bolsa samsykdym we bilýän zadym ýokdy, hiç zat okamandym, bir kitabyň-da gatyny açmandym... Men gözügidijilik bilen kitaplaryň agramyna ýegşeren uzyn tekjelere seretdim. Lapykeçlik, hasrat, birhili, guduzlyk bütin durkumy gaplap aldy. Mende onuň ähli kitaplaryny birin-birin, özi-de sähel-de gaýra goýman okamaga isleg, aýgyt döredi. Bilemok, belki, onuň bilýän zatlarynyň ählisini öwrensem, onuň dostlugyna has mynasyp bolaryn diýip pikir eden bolmagym mümkin.
Men birinji tekjä topuldym, pikirlenmän, säginmän, elime ilki düşen tozan basan köne bir kitaby garbap aldym-da, gyzaryp-bozaryp, tolgunmadan we gorkudan ýaňa galpyldap, ogurlan kitabymy gije, ejem jan uklansoň okaryn diýen niýet bilen alyp çykdym. Ýöne otagymyza gelip, kitabyň gatyny gyssanmaç açyp, onuň könelip pide bolan, durşuna gurçuk iýen latynça kitapdygyny görenimde ahmyrymyň çägi bolmady. Wagt ýitirmän,

https://kitaphana.net

dessine yzyma dolandym. Kitaby tekjä goýjak bolanymam şoldy welin, dälizde bir adamyň golaýlaýan ädimleriniň sesi eşidildi. Men howlugýardym, alňasaýardym, ýöne alynman geçen kitap öň tekjedäki kitaplaryň arasyna dykylyp salnypdyr we men ony alanymdan soň, kitaplar ýaýnap-ýaýrapdy, meniň elimdäki kitaba indi ýer galmandy. Ony ýerine itip salmaga güýjüm ýetmedi. Men şonda-da kitaby güýjümiň baryndan itdim. Tekjäni saklaýan we göwnüme bolmasa, döwülmek üçin şu pursada garaşan posly çüý döwüldi oturyberdi. Tekjäniň bir tarapy sallandy-da kitaplar paýyrdap ýere döküldi. Gapy açylyp, Pokrowskiý içerik girdi. Onuň öz otagynda kimdir biriniň eýemsiremegini ýek ýigrenýänini aýtmak gerek. Kitaplaryna dokunanyň dagy dat gününe! Ululy-kiçili, ýukaly-kütüli kitaplaryň tekjeden gaçyp, stoluň, oturgyçlaryň aşagynda, otagyň içinde ýaýrap ýatan mahaly meniň halymyň neneň-niçik bolanyny söz bilen beýan eder ýaly däldi. Gaçmakçy boldum, ýöne eýýäm giçdi. Al saňa gerek bolsa! — diýdim. Bagtym ýatdy! Men bir on

ýaşyndaky çaga ýaly gudurap ýören gyzjagaz, samsyk gyzjagaz! Ulalyp oňalmadyk mahluk! Pokrowskiniň beter gahary geldi. Ol: «Bir kemimiz şudy! Utanaňzokmy şeýle guduramaga!.. Siziň ýuwaşan wagtyňyz bolmazmy ahyryn?»— diýip gygyrdy. Dessine kitaplaryny ýygnamaga başlady. Oňa kömekleşjek bolup egilenimem şody welin, ol: «Gerek däl, gerek däl. Çagyrylmadyk ýeriňize barmasaňyz gowy bolardy» diýip gygyrdy. Ýöne her niçik bolsa-da, meniň kaýyllyk bilen hereket edişimi görüp, biraz ýuwaşady we düýn-öňňinki mugallymlyk hukugyndan peýdalanyp, baýaky öwüt beriji äheňde eýýäm sesine bat bermän dowam etdi: «Ýeri, haçan bir köşeşip akylyňyza aýlanarkaňyz! Özüňize bir serediň ahyryn, siz eýýäm çaga däl-ä, kiçijik gyzjagaz däl-ä, siz eýýäm on bäş ýaşyňyzda ahyryn!» Şu pursatda hem ähtimal, dogrudan-da, eýýäm çaga däldigime göz ýetirjek bolýan ýaly maňa seretdi-de, gulaklaryna çenli çym gyzyl boldy. Men düşünmän, onuň öňünde sömelip durdum we aňk bolup, oňa tiňkämi dikipdim. Ol ör-boýuna galdy,

aljyran halda ýanyma geldi, halys başy çaşan ýaly bolup, bir zatlary aýdyp başlady, göwnüme bolmasa, bir zat üçin, belki, meniň şeýle ullakan gyzdygymy diňe häzir göreni üçin ötünç soraýardy. Men ahyr düşündim. Şonda ne hala düşenim hakydama gelenok; aljyradym, aňk boldum, Pokrowskiden-de beter gyzardym, ellerim bilen ýüzümi ýapyp, otagdan atylyp çykdym. Men indi näme etjegimi, utançdan ýaňa haýsy deşige sümüljegimi bilmeýärdim. Diňe onuň öz otagynda meň üstümi basanynyň özem ýeterlikdi! Men üç günläp onuň ýüzüne seredip bilmedim. Çym gyzyl bolup, agym tutýardy. Kellämde bolsa şeýlebir geň pikirler, gülkünç pikirler at salýardy. Olaryň biri, iň kelesaňy hem Pokrowskiniň ýanyna baryp düşünişmek, ähli zady boýun almak, ähliisini oňa bolşy ýaly gürrüň bermek hemde näme edenem bolsam, samsyk gyzjagaz hökmünde däl-de, oňat niýet bilen edenimi boýun almak baradaky pikirdi. Men eýýäm onuň ýanyna gitmegi doly ýüregime düwüpdimem, ýöne, Hudaýa şükür, dogum

kemlik etdi. Men häzirem şu zatlar ýadyma düşende utanýaryn.

Birnäçe günden ejem janyň saglyk ýagdaýy örän gorkuzdy. Ol eýýäm iki gün bäri düşekden turmaýardy, üçünji gije bolsa ot ýaly gyzdyryp samrady. Men ejem jana seredip, eýýäm bir gijäni ukusyz geçiripdim. Onuň başujunda oturyp suw berdim we bellenen sagatda dermanlaryny içirdim. Ikinji gije men halys boldum. Aram-aram uky bürýärdi, gözlerime ähli zat ýaşyl görünýärdi, başym pyr-pyr aýlanýardy. Men islendik pursat surnugyp ýykylarlydym, ýöne ejem janyň naýynjar iňňildisine gözlerim ýalpa açylýardy. Tisginip, bir pursat oýanýardym, soň uky ýene rüstem çykýardy. Örän horlanýardym. Men bilemok, ýadyma salyp bilemok welin, uky bilen oýalygyň iň agyr pursadynda kellämde, birhili, elhenç düýş, aýylganç bir basyrganma döredi. Allaniçigsi bolup oýandym... Alagaraňky otagyň içi ümsümlikdi, şemdan çyra öçeňkirläpdi, yşyk zolaklary birde otaga ýagty saçsa, birde diwarda sähel ýylp-ýylp

https://kitaphana.net

edýärdi, birdenem asla gaýyp bolýardy. Men näme üçindir eýmenip başladym, birhili, gorky gaplap aldy. Gören elhenç düýşüm aňyma agram salýardy, ýüregimi bolsa hasrat ezýärdi... Oturgyçdan böküp turdum-da, yza beriji elhenç bir zady syzan ýaly gygyrypdyryn. Şol pursat hem gapy açylyp, otagymyza Pokrowskiý girdi.
Diňe onuň elinde özüme gelenimi bilýärin. Ol seresaplyk bilen meni kürsüde oturtdy, bir bulgur suw berdi we üstümi sowaldan gömdi. Oňa näme jogap berenim ýadyma düşenok. Ol elimi elläp gördi-de; «Siz näsag, siziň özüňiz örän hassa — diýdi. — Siziň gyzgynyňyz bar, siz özüňizi heläk edýärsiňiz, saglygyňyzy aýaňzok. Rahatlanyň, düşege geçiň, uklaň. Men sizi iki sagatdan oýadaryn, biraz rahatlanyň.... Ýatyň, ýatyň ahyryn!» diýip sözüni dowam etdi, maňa bir söz aýtmaga-da maý bermedi. Ýadawlyk soňky güýjümi aldy, ysgynsyzlykdan gözlerim ýumulýardy. Men diňe ýarym sagat uklamak niýeti bilen kürsä geçdim, ýöne ertir sähere çenli uklapdyryn.

https://kitaphana.net

Pokrowskiý meni diňe ejem jana derman bermeli wagt gelende oýardy.

Ertesi men gündiz biraz dynç alyp, bu gezek uklamazlygy berk ýüregime düwüp, ejem janyň başujunda kürsüde oturmaga häzirlenemde, sagat on birlerde Pokrow-skiý otagymyzyň gapysyny kakdy. Men gapyny açdym. «Bir özüňiz oturmaga ýüregiňiz gysar — diýdi-de, sözüni dowam etdi. — Ine, size kitap, alyň, her zadam bolsa, ýüregiňiz gysmaz». Men kitaby aldym; onuň nähili kitapdygy ýadyma düşenok, uzak gije uklamasam-da, gatyny açmadym gerek. Birhili, içki ynjalyksyzlyk zerarly gözüme uky gelmeýärdi. Şol bir ýerde oturmaga kararym ýetmeýärdi, birnäçe gezek kürsüden turup, otagyň içinde iki ýana gezmeledim. Bütin durkumda üýtgeşik bir aram duýulýardy. Pokrowskiniň meni azar edinmegi örän begendirýärdi. Özüm hakda onuň aladalanmagyna monça bolýardym. Bütin gijäni oý-hyýallarda geçirdim. Pokrowskiý soň gelmedi, onuň gelmejegini bilsem-de, soňky agşam gelerine garaşýardym.

Indiki agşam, hemmeler eýýäm düşegine geçenden soň, Pokrowskiý gapysyny açdy-da, otagynyň bosagasynda duran ýerinden meniň bilen söhbete başlady. Biziň şonda biribirimize nähili sözleri aýdanymyz häzir ýadyma düşenok. Diňe çekinenim, aljyranym, özüme gahar edenim we bu söhbeti islänime, uzak gün ony arzuwlanyma we sowaldyr jogaplary taýýarlanyma garamazdan, onuň ahyr soňlanmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardym... Şol agşamdan başlap, biziň dostlugymyz ilkinji gezek şineläp başlady.

Ejem janyň kesellemeginiň bütin dowamynda biz her gije birnäçe sagady bile geçirerdik. Men kem-kemden ýygralygymdan üstünçykdym, ýöne heniz hem her söhbetimizden soň özüme gyjalat bermäge esas tapylyp durdy. Ýöne onuň men sebäpli özüniň şol okalman geçen kitaplaryny unudyp başlanyny görüp, daşyma çykarmasam-da, ýürekden begenýärdim we hoşal bolup buýsanýardym. Günleriň birinde tötänden degişme terzinde kitaplaryň tekjeden gaýdyşy barada söz açyldy.

https://kitaphana.net

Şol pursat örän täsindi, men juda açyk göwünlilik we kalby päklik etdim. Gyzmalyk, täsin bir göçgün meniň erkimi aldy-da, men oňa ähli syrymy... bilimli bolmak üçin okamak islänimi, meni gyzjagaz, çagajyk saýmaklaryna gynanýanymy aýan etdim. Ýene bir gezek aýdýaryn, meniň ruhum enaýy bir haldady, ýüregim ezilip durdy, gözlerim ýaşlydy. Men hiç zady ýaşyrmadym, ählisini, ählisini — oňa bolan dostanalygymy, ony söýmek, onuň bilen bitewi bir kalp bolup ýaşamak, oňa teselli bolmak, oňa aram bermek islegim hakynda gürrüň berdim. Ol maňa, birhili, geň galyp, aljyrap, aňk bolup seretdi, ýöne bir söz-de aýtmady. Men birden erbet ynjadym, gussa batdym. Göwnüme, ol maňa düşünmeýän, belki-de, üstümden gülýän ýalydy. Men birden çaga ýaly agladym, möňňürdim, özüme erk edip bilmedim, hamala, tutgaýly ýalydym. Ol ellerimden tutdy, olary öpdi, bagryna basdy, ýalbardy, köşeşdirjek boldy. Meniň bolşum oňa juda güýçli täsir etdi. Onuň maňa näme diýeni ýadyma düşenok welin, ýöne aglanymy we gülenimi, ýene aglanymy, boz-

ýaz bolanymy, begençden ýaňa gürlemäge mejalymyň bolmanyny bilýärin. Ýöne tolgunsamda, Pokrowskiniň bolşunda, birhili, aljyraňňylygyň we özüne zor salmagyň bardygyny gördüm. Göwnüme, ol meniň göwün bermegime, meniň buýsanjyma, şeýle duýdansyz, joşgunly, ýalkymly dostanalygyma haýran galyp, aňyrsyna çykyp bilmeýän ýalydy. Belki, ilkibaşda ol diňe täsinlige ymtylandyr, soňabaka ikirjiňlenmesi zym-zyýat boldyda, ol meniň özüne imrinmegimi, mylakatly sözlerimi, meniň dykgat-aladamy ýönekeý, gönümel duýgy bilen kabul etdi-de, ähli boluşlaryma päk ýürekli dostum kimin, mähriban doganym kimin ýürekdeş we mylakatly jogap berdi. Kalbym mähir kölüne gark boldy, hakyky arama gowuşdy!.. Men hiç zady gizlemedim, hiç zady ýaşyrmadym. Ol bularyň ählisini görýärdi we gün-günden meniň bilen barha we barha bagry badaşýardy.

Eger çynym, didarlaşmalarymyzyň şol ezýetli we şol birwagtda lezzetli sagatlarynda, gije, çyranyň galpyldyly yşygynda, näsag ejem jan görgüliniň başujunda diýen ýaly

https://kitaphana.net

nämeler hakynda gürleşenimiz ýadymda däl. ...Göwnümize gelen, kalbymyzy ýaryp çykan, beýana gelmäge isleg bildirilen ähli zatlar hakynda söhbet edipdik we bagtyýarlyga gowşargowşardadyk... Ah, hem gussaly, hem begençli pursatlar — ähliside bir çemene boglan kimindi. Häzir hem ýatlanymda hem gussa, hem begenç duýgularyna gark bolýaryn. Ýatlamalar şatlykly bolsa-da, ajy bolsa-da, hemişe ezýet berýär. Başgalary bilemok welin, özümde-hä şeýle. Ýöne şol ezýetiňem öz dady bar. Ýüregim darygyp syzlanda, endirediji gussa baglanda, ýatlamalar kalbyňa täze gurp, täze jan berýär. Edil şonuň ýaly, agşamyň çygly howasynda şebnem damjalary jöwzaly günden soň epgege çawlanan görgüli güljagaza terlik we täze jan berýär.

Ejem jan bäri bakdy, ýöne men henizem gijelerine onuň ýanynda oturýardym. Pokrowskiý maňa häli-şindi kitap bererdi, men hem olary okardym. Ilki uklamazlyk üçin, soň has ünslüräk, soňra nebsewürlik bilen okardym. Birden maňa şu çaka çenli bilinmedik, tanalmadyk köp

täze zatlar aýan boldy. Täze pikirler, täze täsirler bol suwly bulak ýaly bolup kalbymyň teşneligini gandyrdy. Täze täsirleriň kalbyma dolmagy näçe köp tolgundyrsa, näçe köp aljyratsa we zähmet talap etse, şonça-da maňa ezizdi, şonçada bütin kalbymy ýakymly sarsdyrýardy. Olar ýüregime bir demde, duýdansyz hümer tutup girip, oňa nepesini dürsemäge maý bermeýärdi. Birhili, geň başly-baratlyk bütin durkumda gozgalaň turuzýardy. Ýöne bu ruhy zorluk meni doly başagaýlyga salyp biljek däldi we munuň üçin ejizdi. Men örän hyýalbentdim, meni halas edenem şu boldy.

Ejem jan galnansoň biziň agşamky didarlaşmalarymyz we uzyn-uzyn söhbetlerimiz bes edildi. Biz diňe käte zordan iki-üç söz alyşýardyk, olaram boş we bimanyrak sözlerdi. Ýöne men her bir zada özüne laýyk ähmiýet bermegi, göz öňüne tutulýan aýratyn gymmat bermegi halardym. Durmuşym pürepürdi, men bagtyýardym, rahatdym, ümsüm bagtyýardym. Şeýdip birnäçe hepde geçdi...

Günleriň birinde goja Pokrowskiý geldi. Ol biziň bilen uzak ýaňraşdy, adatdakydan has şadyýandy, şähdaçykdy, gürlemsekdi. Gülýärdi, başardygyndan degişýärdi we ahyrsoňy özüniň söýünmesiniň syryny açdy-da, laýyk bir hepdeden Petýa janyň doglan günüdigini we şu mynasybetli hökman oglunyň ýanyna geljegini, täze gursakçasyny geýjegini we aýalynyň täze ädik alyp bermegi wada edenini bize yglan etdi. Mahlasy, goja diýseň bagtyýardy we hakydasyna gelen ähli zatlar barada aldygyna ýaňraýardy.

Onuň doglan güni! Bu doglan güni maňa gündizem, gijede rahatlyk bermeýärdi. Men Pokrowskä dostanalygymy hökman ýatlatmaly we oňa bir zat sowgat etmeli diýen karara geldim. Ýöne näme sowgat bermeli? Ahyrsoňy, men kitap sowgat bermekçi boldum. Onuň Puşkiniň eserleriniň doly ýygyndysynyň soňky neşirini edinmek isleýänini bilýärdim we şony satyn almagy karar etdim. El işleri bilen gazanan otuz rubl pulum bardy. Şol puly täze köýnek alynmak üçin saklaýardym. Men dessine

https://kitaphana.net

aşpezimiz Matrýona mamany Puşkiniň ýygyndysynyň bahasyny bilmäge iberdim. Eý, Hudaý! Ähli on bir kitabyň bahasy, sahap üçin harajatlary goşanyňda azyndan altmyş rubldy. Munça puly nireden aljak? Men köp kelle döwdüm, ýöne näme çäre tapjagymy bilmedim. Ejem jandan sorasym gelenokdy. Elbetde, ejem jan hökman kömek ederdi, ýöne şonda sowgat edenimizi öýdäkileriň hemmesi biljekdi. Onsoňam, sowgat minnetdarlyga, Pokrowskiniň tutuş bir ýyl çeken zähmeti üçin tölege öwrüljekdi. Men bolsa bir özüm, hemmelerden gizlin sowgat etmekçidim. Maňa siňdiren zähmeti üçin bolsa men dostanalygymdan başga hiç hili tölegsiz hemişelik bergidar bolasym gelýärdi. Ahyr müşgilligiň çözgüdini tapdym. Men, söwdalaşmagy oňarsaň, Myhman Öýündäki kitapçylardan köplenç az ulanylan we täp-täze diýen ýaly kitaby käte ýarpy bahasyna alyp bolýanyny bilýärdim. Hökman Myhman Öýüne gidermen boldum. Bahana-da tapyldy: ertesi bizde-de, Anna

Fýodorownada hem bazarlamak zerurlygy ýüze çykdy. Ejem jan ýarawsyzdy, Anna Fýodorowna, mazaly, ýaltandy, netijede ähli ýumuşlary öz üstüme almaly boldy-da, Matrýona bilen ugraberdim.

Meniň bagtyma, Puşkini örän çalt tapdym, özem owadan sahaply. Söwdalaşyp başladym. Ilki dükanlardakydan-da gymmatbaha kesdiler, ýöne soň kyn hem bolsa, birnäçe gezek gidip, ýene gelip, ahyr täjiri bahany peseltmäge mejbur etdim we ol kümüş pulda on rubla düşdi. Söwdalaşmak meniň üçin şeýle gyzyklydy! Matrýona görgüli meniň bolşuma, şunça kitaby satyn almagyň nämä gerek bolanyna hiç düşünip bilmeýärdi. Ýöne arman, meniň bar baýlygym kagyz pulda otuz manatdy, täjir bolsa mundan arzan bermäge hiç razy bolmaýardy. Ahyr men ýalbaryp başladym, diläp-diläp ahyrsoňy göwnetdim. Ol bahany düşürdi, ýöne diňe iki ýarym rubl, özem diňe meniň üçin, meniň şeýle oňat hanym bolanym üçin şeýdýänine, başga biri üçin asla beýtmejegine ant içdi. Iki ýarym rubl ýetmeýärdi! Men gaharyma aglaýjak

bolýardym. Ýöne asla garaşylmadyk bir ýagdaý meň derdimi dep etdi duruberdi.

Bäş-üç ädim beýle ýanymda, başga bir tekjäniň ýanynda duran goja Pokrowskä gözüm düşdi. Kitap satýanlaryň dört-bäşisi ony ara alyp, gabap, halys alarladyp barýardy. Olaryň hersi öz harydyny hödürleýärdi, oňa teklip edilmeýän zat galmandy we ol haýsysyny saýlajagyny bilmeýärdi! Görgüli goja olaryň arasynda güň ýaly bolup durdy we hödür edilýän harytlardan haýsy birini aljagyny bilmeýärdi. Ýanyna baryp bu ýerde näme işleýänini soradym. Meni görüp, goja örän begendi. Ol meni juda gowy görýärdi, belki, Petýa janyça gowy görýärdi. «Aý, ine, kitap satyn alýaryn, Warwara Alekseýewna — diýdi. — Petýa jana kitap almakçy. Bahym onuň doglan güni. Ol kitaplary gowy görýär ahyryn, menem, ine, onuň üçin satyn alýaryn». Gojanyň gepi öňem gülkünçdi, häzir bolsa ol aljyrap, näme aýdyp, näme diýýänini-de bilmeýärdi. Nämäniň bahasyny sorasa, hemmesi kümüş pulda bir rubl, iki rubl, üç rubldy. Ol uly kitaplaryň nyrhynam soranokdy,

olara diňe gözügidijilik bilen bakaýýardy, sahypalaryna çala elini degrip, ýene öňki ýerinde goýaýýardy. «Ýok, ýok, munyňyz gymmat — diýip, çala eşitdirip dilleňýärdi. Soň hem — Hany, şulardan birini göräýsek» diýip, ýukajyk depderleri, aýdymly kitapçalary, ýygyndylary eline alyp görýärdi. Bu zatlar juda arzandy, «Bulary satyn alyp näme etjek — diýdim. — Bular biderek ahyryn». «Wah, ýok-la! — diýip, ol jogap berdi. — Ýok, serediň-ä, bu ýerde gowuja kitaplar bar, örän gowuja kitaplar bar!» Soňky sözlerini ol şeýlebir naýynjar süýndürip aýtdy welin, göwnüme ol gowuja kitaplaryň şeýle gymmatdygyna gynanmakdan ýaňa aglarlydy. Solgun ýaňaklarynda gyzaryp duran burnuna gözýaş damarly göründi. Men ondan näçeräk pulunyň bardygyny soradym. Ol: «Aý, ynha-da — diýdi-de, görgülijik köne gazet bölegine dolanan puluny çykardy. — Ine, ellilik, ýigrimilik, mis şaýydan hem ýigrimi köpük». Men dessine ony öz täjirimiň ýanyna çekip eltdim-de: «Serediň, on bir sany kitap, bahasam bary-ýogy otuz iki ýarym. Meniň otuz

rublum bar, iki ýarym goşsaňyz, biz şu kitaplaň ählisini alarys we bilelikde sowgat ederis» diýdim. Goja begenjinden iki bolup bilmeýärdi, ähli puluny orta atdy, kitapçy hem biziň alan bütin umumy kitaphanamyzy basdy onuň gerşine. Syganyny jübülerine salyşdyryp, sygmadygyny ellerine alyp, goltuklaryna dykyp alyp gitdi, maňa-da kitaplaryň ählisini ertir eltjegine söz berdi.

Ertesi güni goja oglunyň ýanyna geldi, adatça edişi ýaly, onuň ýanynda bir sagat çemesi oturansoň, biziň ýanymyza geldi we ýanymda dyzyny epip, hamala uly bir syry açmak isleýän şekilde örän gülkünç ümläp başlady. Ilkibaşda özüne bir syryň aýanlygyna monça bolup, ýyrş-ýyrş edip, aýalaryny biri-birine oýkaşdyrdy-da, ähli kitaplaryň assyrynlyk bilenjik getirilenini we aşhanada, Matrýonanyň garamagynda, bir çüňkde goýlanyny dabara bilen aýtdy. Soň gürrüň öz-özünden garaşylýan toý-baýrama syrykdy. Şondan soň goja sowgadyň nähili tertipde gowşuryljagy barada gürläp başlady we pikirini beýan etdigiçe, gürledigiçe, kalbynda bir zady besleýänini, şol zady aýan

https://kitaphana.net

etmäge çekinýänini, hatda gorkýanyny kem-kemden aňyp başladym. Men henizem garaşýardym we dil ýarmaýardym. Mundan öň gojanyň geň hereketlerinde, ýüzüni-gözüni oýnatmagynda, çep gözüni gyrpmagynda aňsatlyk bilen saýgardan gizlin begenç, gizlin hoşallyk gaýyp bolupdy. Ol minutsaýyn barha ynjalykdan gaçyp, tukatlanýardy. Ahyr saklanyp bilmedi:

— Gulak goýuň, Warwara Alekseýewna, meniň bir aýtjak zadym bar — diýip, ol ýaýdanyp, ýuwaşja söze başlady. — Neme-dä, Warwara Alekseýewna... — Goja örän aljyraýardy. — Geliň şeýdeliň: onuň doglan güni gelip ýeter welin, siz on sany kitaby alyp, oňa sowgat ediň, ýagny öz adyňyzdan, özüňiz tarapyndan; men bolsa diňe on birinji kitaby alaryn-da, ony öz adymdan, ýagny özüm tarapyndan sowgat ederin. Ine, görüňizmi: sizde-de sowgat berere zat bolar, mende hem sowgatlyk bir zat bolar, ikimizde hem sowgat berere zat bolar. — Goja birden kürtdürdi-de dymdy. Men onuň ýüzüne seretdim, ol hem sähelçe umyt bilen meniň kararyma garaşýardy.

«Zahar Petrowiç, näme üçin sowgady bile gowşurmak isläňzok?» — «Şeýle-dä, Warwara Alekseýewna, ine, şeýle, şunuň ýaly-da, men neme-dä...» Bir gep bilen, goja ugruny ýitirdi, çym gyzyl boldy, öz jümlesine büdredi we ilerläp bilmedi.
— Biler bolsaňyz — diýip, ol ahyr düşündirmäge başlady.
— Meniň, Warwara Alekseýewna, käte garagollyk edäýmäm bar... ýagny ...men size hemişe diýen ýaly, asla hemişe garagollyk edýärin... oňlanylmaýan zatlara ýykgyn edäýmäm bar. Garaz, bilýäňizä, daşarda howanyň juda sowaýan mahallary bolýar-da. Onsoňam, her dürli ýakymsyz ahwallar bolýar ýa-da käýarym gussa basýar, ýa bolmasa, bir erbetlik sebäp bolaýýar-da, käte durup bilmeýärin we garagollyk edäýýärin, içäýýärin, käýarym öterägem bolýar.
Petýa jana bu ýaramaýar. Ol, Warwara Alekseýewna, biler bolsaňyz, gaharlanýar, maňa käýeýär, akyl öwredýär. Ine, şonuň üçin indi öz sowgadym bilen oňa düzelýänimi we özümi oňat alyp baryp başlanymy, kitaby satyn almak üçin

https://kitaphana.net

uzak wagtlap pul ýygnanymy subut etmekçi bolýaryn. Sebäbi käýarym Petruşa beräýmese, meniň elime pul düşmeýär diýen ýaly. Ol muny bilýär. Diýmek, ol şeýdip meň pulumy nämä ulanýanymy görer we meniň bu zatlaryň ählisini diňe onuň bir özi üçin edýänimi biler.
Goja örän nebsim agyrdy. Köp oýlanyp durmadym. Goja maňa howsala bilen garaýardy. Men:
—Zahar Petrowiç, siz oňa ähli kitaplary sowgat ediň — diýdim.
— O nähili ählisini! Ähli kitabymy?.. — Hawa-da, ähli kitaby.
— Öz adymdanmy?
— Öz adyňyzdan.
— Bir özümden, ýagny öz adymdanmy?
— Hawa-da, öz adyňyzdan... Men, göwnüme, örän aýdyň düşündirýärdim, ýöne goja meň aýdýanlaryma esli salym düşünip bilmedi.
Ol pikirlenip: «Hawa-da — diýdi. — Hawa! Bul-a örän gowy boljak, bu ajap boljak, ýöne, Warwara Alekseýewna,

siz näme edersiňiz? — «Aý, näme, men sowgat etmerinem». — O nähili! — diýip, goja gorkup diýen ýaly haýkyrdy. — Siz Petýa jana hiç zat sowgat etmersiňizmi, siz oňa hiç zat sowgat etmek islemeýarsiňizmi? — Goja allaniçigsi boldy. Şu pursatda, göwnüme, meniň hem onuň ogluna bir zat sowgat edip bilerim ýaly, goja öz teklibinden dänmäge taýýar ýalydy. Ol şeýlebir päk ýüreklidi! Men höwes bilen bir zat sowgat edesim gelýänine, ýöne ony şeýle ýakymly pursatdan mahrum etmek islemeýänime ony ynandyrdym we sözümi dowam edip, şeýle diýdim: — «Eger ogluňyz hoşal bolsa, sizem begenersiňiz, menem begenerin, sebäbi aslyýetinde, kalbymda hamala hakykatda men sowgat eden ýaly duýaryn». Bu sözlerden soň goja doly ynjaldy. Ol bizde ýene iki sagat çemesi oturdy, ýöne tä gaýdynça bir ýerde dek oturyp bilmedi, ýerinden turdy, bir zatlara degdi, goh turuzdy, Saşa bilen gudurady, assyrynlyk bilen meni ogşady, elimden çümmükledi we bildirmänjik göz-gaş kakyp Anna Fýodorowna öýkündi. Ahyr Anna Fýodorowna ony öýden

kowdy. Gepiň gysgasy, goja begenjine juda arkaýynlaşdy, belki-de, heniz hiç haçan özüni beýle erkin duýan däldir. Dabara güni ol laýyk on birde göni gündizki ybadatdan soň geldi. Egninde oňatja ýamalan frak bardy we gursakçasy bilen ädigi, dogrudan-da, täzedi. Her elinde bir daňy kitap bardy. Şol wagt biziň ählimiz Anna Fýodorownanyň uly otagyndadyk we kofe içýärdik (şol gün ýekşenbedi). Goja sözüni, göwnüme bolmasa, Puşkiniň örän oňat goşguçy bolanyndan başlady. Soň aljyrap we bulaşyp, birden özüňi gowy alyp barmagyň gerekdigi, eger adam özüni oňat alyp barmaýan bolsa, diýmek, onuň garagollyk edýäni, ýaramaz endikleriň adamy horlaýany, heläkleýäni barada aýdyp başlady. Soň özüňe erk edip bilmezligiň erbetliginiň birnäçe mysalyny getirdi we bellibir wagtdan bäri doly düzelenini we indi özüni oňat alyp barýanyny, oglunuň ündemeleriniň ýerlikliligini öň hem duýanyny, bulary bireýýäm duýanyny, ýüreginde saklanyny we indi iş ýüzünde hem saklanyp başlanyny aýtmak bilen, sözüni jemledi. Aýdanlarynyň dogrulygynyň subutnamasy

https://kitaphana.net

hökmünde uzak wagtyň dowamynda toplan puluna satyn alnan kitaplary sowgat edýänini aýtdy. Görgüli gojany diňlänimde gözýaşymdyr gülkimi saklap bilmedim: gerek bolanda jypytmagy başarýan eken-ä! Kitaplar Pokrowskiniň otagyna eltilip, tekjelere goýuldy. Pokrowskiý şobada nämäniň nämedigini aňdy. Gojany saçak başyna çagyrdylar. Bu gün ählimiz örän şadyýandyk. Nahardan soň dürli oýunlar oýnaldy. Saşa guduraýardy, men hem ondan galmaýardym. Pokrowskiý meni gözden salmaýardy we ikiçäk gürleşmäge pursat araýardy, ýöne men per bermeýärdim. Şol gün meň ömrümiň tutuş soňky dört ýylynda iň oňat gündi.

Indi bolsa gamgyn, agyr ýatlamalar başlanar. Meniň gara günlerimiň hekaýaty başlanar. Belki, şonuň üçindir, elimdäki galam mundan buýana ýazmakdan boýun towlaýan ýaly, öňküden haýal ýöreýär. Belki, şonuň üçindir, men bagtyýar günlerimdäki ujypsyzja güngüzeranymyň ähli ownuk aýratynlyklaryny-da hakydamda şeýle höwes we söýünç bilen teswir edendirin.

https://kitaphana.net

Şol günler juda gysgady, olaryň ornuna apat, gara apat geldi we onuň haçan gutarjagy diňe Hudaýa bellidir.
Betbagtlygym Pokrowskiniň kesellemegi we ölmegi bilen başlandy.
Ol meniň şu ýerde beýan eden soňky wakalarymdan iki aý soň näsaglady. Şol iki aýyň dowamynda ol ýaşamagyň tärleri barada arman-ýadaman tagalla etdi, sebäbi şu çaka çenli bellibir orny, pişesi ýokdy. Inçekesellileriň ählisi ýaly, ol ahyrky pursada çenli entekler örän uzak ýaşamak umydyny elden bermeýärdi. Onda bir ýerlerde mugallymçylyk etmek mümkinçiligi bardy, ýöne bu kesbi ol ýigrenýärdi. Hökümet edaralarynyň birine işe duraýyn diýse, saglyk ýagdaýy sebäpli, işläp biljek däldi. Onsoňam ilkinji hak-heşdege juda köp garaşmalydy. Garaz, nirä garasa, ähli ýerde şowsuzlyk garaşýardy. Onuň häsiýeti ýaramazlaşdy. Saglygy gowşamak bilendi, bu ýagdaý onuň gözüne ilmeýärdi. Güýz abanyp geldi. Ol her gün egni ýukajyk şinelli işiň ugruna çykýardy, iş ornuny soramalydy, ýalbarmalydy, şu sebäpli içinden ezýet

gemirýärdi. Bir gün-ä aýakgaby suw geçirdi, ýene bir gün ýagyşda ezildi we ahyr ýan berdi, soň galnyp bilmedi... Ol güýzüň ortalarynda, oktýabr aýynyň ahyrynda aradan çykdy.

Kesel ýatan wagtynyň bütin dowamynda men onuň otagyndan çykmaýardym diýen ýaly, suwuny-sölüni alyp bererdim. Uzakly gije ýatmaýan wagtym köp bolardy. Ol seýrek özüne gelerdi, köplenç basyrganardy. Öz orny, öz kitaplary hakda, men hakda, kakasy hakda bir zatlary samraýardy. Ine, şonda onuň bilen bagly öň bilmedik we hatda güman hem etmedik köp ýagdaýlarym barada eşidip galdym. Pokrowskiniň ilki ýan beren günlerinde hemmeler maňa, birhili, geň garaýardy, Anna Fýodorowna başyny ýaýkaýardy. Ýöne men hemmeleriň göni gözlerine bakýardym we oňa hossarlyk edenim üçin meni soňabaka ýazgaran bolmady, juda bolmanda ejem jan ýazgarmaýardy.  Käte Pokrowskiý meni tanaýardy, ýöne bu seýrek bolardy. Ol hemişe diýen ýaly özüni bilmeýärdi. Käte gijäniň boýuna kimdir biri bilen uzak wagtlap

gürleşerdi, gümürtik, düşnüksiz sözleri aýdardy. Gyryljyk sesi dar otagda görüň içinde ýaly, güňleç ýaňlanardy. Men şonda gorkardym. Soňky gijede ol has-da ynjaýardy, juda erbet ejir çekýärdi, hasratlydy. Iňňildisi ýüregimi paralaýardy. Öýdäkileriň ähli sini, birhili, gorky gaplapdy. Anna Fýodorowna Hudaýyň ony tizräk ýygnamagy barada doga okaýardy. Lukmany çagyrdylar. Lukman hassanyň ertir sähere çenli biguman öljegini aýtdy. Goja Pokrowskiý bütin gijäni dälizde, gapynyň öňünde geçirdi, oňa şol ýerde bir boýrany düşek diýip atypdylar. Ol zol otaga girýärdi; görgüliniň ýüzüne seretmek gorkunçdy. Çekýän yzasy juda çökder bolup, ol hiç zady duýmaýan we aňlamaýan ýalydy. Gorkudan ýaňa kellesi saňňyl-saňňyl edýärdi. Onuň bütin süňňi biguman galpyldaýardy we öz ýanyndan bir zatlary pyşyrdaýardy, öz ýanyndan bir zatlaryň pikirini edýärdi. Çekýän ezýeti ony akylyndan azaşdyrar öýtdüm.

Daňyň öň ýanynda kalbyny gurşan ejirden halys surnugan goja ýazylan boýranyň üstünde öli ýaly uklap galdy. Sagat

ýediden soň oglunyň jany bokurdagyna gelip ugrady welin, men kakasyny oýardym. Pokrow-skiý doly özüne gelipdi we hemmämiz bilen razylaşdy. Haýran galaýmaly! Men aglap bilemokdym, kalbym bolsa para-parady.
Ýöne ähli zatdan beter onuň soňky pursatlary meniň üçin has ezýetli we yzaly boldy. Ol eýýäm zordan peltekläp, zol bir zatlary haýyş edýärdi, men bolsa onuň sözlerinden hiç many alyp bilmeýärdim. Ýüregim awap endireýärdi! Ol tutuş bir sagatlap biynjalyk boldy, bir zady küýseýärdi, sowap ugran elleri bilen birhili yşarat etjek bolýardy. Birdenem gyryk, güňleç sesi bilen naýynjar halda ýalbaryp başlady. Ýöne agzyndan diňe bulaşyk sesler çykýardy, ýene-de hiç zada düşünip bilmedim. Men biziňkileň hemmesini onuň ýanyna eltdim, oňa suw hödürledim, ýöne ol diňe gamgyn halda başyny ýaýkaýardy. Ahyrsoňy men onuň näme isleýänine düşündim. Ol tutulary galdyryp, äpişgäni açmagy haýyş edýärdi. Ähtimal, ol soňky gezek ýagty jahany, älemiň nuruny, Güni görmek isländir. Men tutyny syrdym, ýöne säher hem amanadyny tabşyrýanyň

https://kitaphana.net

öçýän ömri ýaly gussaly we gamgyndy. Gün görünmeýärdi. Bulutlar asmany goýy ümür ýaly örtüpdi, asman çytykdy, gamgyndy, ýagyş sepelenýärdi. Ownuk damjalar aýnalara urlup, sowuk hapa suw aşaklygyna syrygýardy, älem öçügsidi, garaňkydy. Otaga soluk Günüň ýagtysy sähel aralaşýardy, ol otagda ýakylan çyrajygyň galpyldaýan yşygyndanda ejizdi. Ajaly ýeten bende maňa örän gussaly bakdy-da, başyny ýaýkady. Bir minutdan ol jan berdi.  Merhumy ugratmaga Anna Fýodorownanyň özi serenjamçylyk edýärdi. Örän ýönekeýje tabyt satyn alyndy we ýük daşaýan arabaçy kireýne tutuldy. Harajatlaryň öwezi hökmünde Anna Fýodorowna merhumyň ähli kitaplaryna we goş-golamyna eýe çykdy. Goja onuň bilen dawalaşdy, gygyryşdy, alyp bilen kitaplaryny elinden alyp, jübülerine, başgabyna, tapan ýerine salyşdyrdy. Kitaplar oňa üç günläp iş boldy. Kilisä gitmeli pursat gelip ýetende-de, kitaplardan el çekmedi. Bu günleriň tutuş dowamynda huşuny ýitiren ýalydy, akylyndan azaşan ýalydy. Tabydyň daşynda aýlanyp, birhili, geň aladaçyllyk görkezýärdi, bir

https://kitaphana.net

görseň merhumyň başujundaky mata zolagyny düzedişdirýärdi, bir görseňem şemleri ýakýardy, aýyrýardy. Pikirlerini bir zatda jemlemegi başarmaýany bildirýärdi. Ejem jan hem, Anna Fýodorowna hem kilisedäki ýasa barmady. Ejem jan-a ýarawsyzdy, Anna Fýodorowna bolsa şaýlanan ýalam etdi, ýöne goja Pokrowskiý bilen tersleşdi-de, galdy. Kilisede diňe men we goja bardy. Jynaza mahaly meni hamala gelejegiňi syzmak ýaly, birhili gorky gaplap aldy. Men zordan aýak üstünde saklandym. Ahyr tabydy ýapdylar, gapagyny çüýlediler, araba ýüklediler-de, ugradylar. Men diňe köçäniň ahyryna çenli ugratdym. Arabaçy ýabysyny ýörgünine goýberdi. Goja arabanyň yzyndan ylgap barşyna ses edip aglaýardy, ylgawyna agyly sesi endireýärdi we bölünýärdi. Başgaby kellesinden gaçsa-da, bende ony galdyrmak üçin aýak çekmedi. Ýagşyň damjalaryna çal saçlary ezilýärdi, şemal turup başlady. Çapgyn sowuk ýüzüni gamçylaýan mysalydy. Goja howanyň yzgytsyzlygyny duýmaýan dek, aglap-eňräp,

arabanyň bir tarapyndan o bir tarapyna geçýärdi. Köneje gursakçasynyň syýlary şemala
goşa ganat ýaly galgaýardy. Ähli jübülerinden kitaplar çykyşyp durdy; elinde, birhili, ullakan kitap bolup, gojaony berk saklaýardy. Gabat gelýän ötegçiler telpeklerini çykaryp çokunýardy. Käbirleri aýak çekip, betbagt gojanyň bolşuny geňleýärdi. Jübüsindäki kitaplar zol-zol palçyga gaçýardy. Adamlar gojany saklap, kitabyň gaçanyny görkezende, goja olary ýerden galdyrardy-da, ýene-de üsti tabytly arabanyň yzyndan haýdardy. Öwrümde bir kempir oňa tabydy ugratmaga ýoldaş çykdy. Ahyr araba öwrümiň aňyrsynda gözden ýitdi. Men öýe tarap ýöneldim. Bosagadan ätlänimden elhenç gussa gurşalan halda özümi ejem janyň gujagyna atdym. Ellerim bilen ony kükregime mäkäm basyp, öpýärdim we möňňürip aglaýardym. Hamala iň soňky dostumy gujagymda saklamaga we ony ajala bermezlige çalyşýan ýaly, ejem jana howatyr bilen gysmyljyraýardym... Emma

https://kitaphana.net

ajal eýýäm ejem jan görgüliniň üstüne öz gara kölegesini salypdy! . . . . . . . . .

. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .

I ý u n y ň 11-i.

Makar Alekseýewiç, düýn adalara seýle äkideniňiz üçin size örän minnetdar! Ol ýer, gör, nähili sergin, oňat, otdur ýapraklaryň ýaşyl öwsüp oturyşyny diýseňizläň! Bagybossanlygy görmänime örän köp wagt boldy. Näsaglap ýatan mahalym, göwnüme, ölmelidim, hökman öljekdim. Onsoň özüňiz oýlanyberiň, düýn meni nähili duýgularyň gurşany barada! Düýn örän gussaly bolanym üçin gaharlanmaň, men özümi örän oňat, örän ýeňil duýdum, ýöne durmuşymyň iň hoştap pursatlarynda näme üçindir hemişe gamlanýaryn. Aglanyma bolsa üns berip durara iş ýok, näme sebäpden häli-şindi aglaýanymy özüm hem bilemok. Ýüregim halys ýukalypdyr, sähel zada bozulaýýaryn. Bulutsyz solak asman, Günüň batyşy, agşamüsti ümsümlik — bilemok welin, düýn agşam göwnüm ähli zady agyr we yzaly kabul etdi, birhili,

ýüregim dolup, kalbymdaky hasraty diňe gözýaş bilen egismek boljakdy. Size bu zatlar hakynda näme üçin ýazýarkam? Bularyň ählisi şonsuz hem ýürege agram salýar, olar hakda gürrüň bermek bolsa has-da agyr degýär. Ýöne siz, belki, meň ýagdaýyma düşünersiňiz. Hem hesret, hem gülki diýleni! Makar Alekseýewiç, eger çynym, siz şeýlebir mährem! Düýn siz meniň gözlerime şeýlebir dikanlap garapdyňyz, hamala meni gurşan duýgulary didelerimden okajak bolýan ýaly. Meniň heýjana düşenime guwanýardyňyz. Täze gögeren bag nahalymy, ajaýyp ýodamy, suw aýtymynyň lowurdysymy — nazarymy çeken hiç bir zady gözden salmaýardyňyz, zol garaklaryma garap: edil öz mülküňizi görkezýän ýaly, «Ýeri, neneň, hoş ýakýarmy?» diýip soraýan ýalydyňyz. Bu bolşuňyz ýüregiňiziň päkliginiň alamatlarydy. Men sizi, ine, şu bolşuňyz üçin halaýaryn. Bolýar onda, hoş. Bu gün men ýene hassa. Düýn aýaklarymy öl edipdirin we şondan hem sowuklapdyryn. Fedora hem bir derde

ýolugypdyr, indi ikimiz-de ýarawsyz. Meni unutmaň, ýagny köpräk gelip duruň.

Siziň W.D.

I ý u n y ň 12-si.

Mähribanym Warwara Alekseýewna!

Dogrymy aýtsam, gerejigim, düýnki zatlaryň ählisini goşgularda wasp edersiňiz öýdüpdim, siz bolsa ýekeje sahypa ýazmak bilen çäklenäýipsiňiz. Meniň bu aýdýanym bir sahypadan az ýazan bolsaňyz-da, örän oňat we şirin bir şekilde wasp edipsiňiz diýdigim. Tebigat hem, dürli oba görnüşleri hem, duýgulara bagyş edilen ähli beýleki teswirler-de — bir söz bilen aýtsam, siz ähli zatlary örän gowy wasp edipsiňiz. Meň özümde welin, beýle zehin ýok. On sahypany çyrşap çyksam-da, barybir, hiç başa baranok, teswir-de bolanok, beýan-da.

Synanyşyplar görendirin. Mähribanym, siz ýazaňyzda meniň oňatdygymy, ýamanlygymyň ýoklugyny, ýakyn adama zelel etmäge ukypsyzdygymy, Taňrynyň tebigatda bize äşgär bolýan merhemetine düşünýänimi aýdýarsyňyz,

galyberse-de, dürli öwgüdir taryplary ýetirýärsiňiz. Bularyň ähli̇si dogry, gereklim, bularyň ähli̇si tüýs hak sözler. Men, hakykatda hem, siziň aýdyşyňyz ýaly, muny özüm-de bilýärin. Ýöne siziň ýazanlaryňyz ýaly sözleri okarsyň welin, ilki ýüregiň monça bolaýýar, ýumşaýar, soň bolsa dürli agyr oýlanmalar seriňi gaplap alýar. Indi welin, geregim, meni diňläň, size aýtjak käbir zatlarym bar.

Gürrüňimiň başynda gulluga başlamda, ýagny işe ilki duran mahalym bary-ýogy on ýedi ýaşymda bolanymdan, tiz wagtdan gulluga duranyma otuz ýyl boljagyny aýtmakçy. Bu wagtyň içinde ençeme gulluk lybasyny köneldendirin; kemala gelip, akylym goýaldy, her jüre adam gördüm. Ýaşalandyr, hawa, ýaşalandyr, hatda meni haç bilen sylaglamaga hem hödürlejek bolupdylar. Siz, belki, ynanýan dälsiňiz, ýöne eger çynym, gepimde ýalan ýokdur. Ine, onsoň, gerejigim, biler bolsaňyz, garaýürek adamlar tapyldy duruberdi. Aýdar bolsam, mährihanym, nadan adam, belki-de, akmak adam bolsam-da, meniň hem ýüregim her bir beýleki adamyňky ýalydyr. Bilýäňizmi,

Warýa jan, garaýürek adamyň maňa näme ýamanlyk edenini? Onuň edenini aýtmak-da utançdyr. Siz: ne sebäpden beýle edipdir? diýip sorarsyňyz. Meniň örän ýuwaşlygym sebäpli, meniň örän ümsümjeligim sebäpli, meniň örän mähribanlygym sebäpli! Olaryň göwnüne ýaramadym, şeýdibem üstümden iniberdiler. Ilkibaşda «siz, Makar Alekseýewiç, otüki we butüki ekeniňizden» başlandy, soň bolsa «Makar

Alekseýewiçden sorap hem durman» diýmäge durdular. Jemleme hökmünde bolsa «aý, Makar Alekseýewiçdir-le» diýen gep çykardylar. Görýäňizmi, gereklim, nirelere baryp ýetenini: ähli bela Makar Alekseýewiçdenmiş. Olaryň ähli başaran zady Makar Alekseýewiçi bütin edarada dile düşürmekden ybarat boldy. Meni dile düşürenleri we gara donla öwrenlerini az gören ýaly, geýýän ädigimem, egnimdäki gulluk lybasymam, saçymam, syratymam — hiç biri olara ýaramady, ählisini üýtgetmek gerekmiş! Özi-de bu ýanamalaryň ählisi ilkinji pursatlardan başlanyp, Hudaýyň beren her güni

gaýtalanýar. Men werziş boldum, sebäbi men ähli zada werziş bolýaryn, sebäbi men parahat adam, sebäbi men kiçijik adam. Ýöne aýdyň ahyryn, meniň ýazygym näme? Kime näme ýamanlyk edipdirin? Biriniň elinden wezipesini aldymmy? Başlyklaň ýanynda birini ýamanladymmy? Sylagserpaýda biriniň ýoluny kesdimmi? Başga bir bolgusyzlyk etdimmi? Toba diýiň, gereklim, kelläňeoýuňa geljek zatmy! Menden beýle haýynlyk çykjakmy? Mähribanym, oýlanyň, aň ediň, menden ähtiýalanlyk we şöhratparazlyk çykjakmy ahyryn? Küpür sözümi geçir, Ýaradan, ýöne bu külpetleri neçün başymdan inderdiň? Gereklim, siz meni deňliderejeli adam saýýaňyz ahyryn, özi-de siz olaryň ählisinden zyýatsyňyz. Aýdyň hany, raýaty bezeýän iň uly başarnyk nämedir? Baýak hususy söhbetde Ýewstafiý Iwanowiç aýtmyşlaýyn raýaty bezeýän iň uly başarnyk pul gazanmakmyş. Elbetde, ol degişmä salyp aýtdy, men muny bilýärin, munuň hikmeti bolsa hiç kime asgynjak bolmazlyk. Ýöne men hiç kime derdeser däl ahyryn! Bir döwüm çöregimi

https://kitaphana.net

özüm gazanýan ahyryn! Dogry, ol gury, käte hatda gataňsy, ýöne ol bar, ol zähmet bilen, kanuna görä gazanylan we minnetsiz iýilýär. Ýeri, şumy ýazygym! Berlen kagyzlary göçürmek bilen, ullakan iş etmeýänimi özümem bilýän, ýöne şonda-da men muňa buýsanýan: men işleýärin, men der dökýärin. Ýeri, göçürýänem ekenim-dä! Näme, göçürmek günämi? «Ol göçürýänçimiş», «ol göçürýänçi, syçan ýaly, ýal ýagysy hadymmyş!» Bu işiň nämesi telekmiş ahyryn? Hatym oňat, aýyl-saýyl, göze ýakymly, onuň alyhezretiniň hem göwni ýetýär, men onuň üçin iň möhüm kagyzlary göçürýärin. Hawa, gep owadanlamagy başaramok; içgargalmyş, men özümem bilýärin başarmaýanymy. Şu sebäpli wezipede hem ösüp bilmedim. Hatda häzir size hem, mähribanym, süýndürmän-sozdurman, pikirlerimi kalbymyň emir edişi kimin ýazýaryn... Men bularyň ählisini bilýärin; ýöne hemmeler ýazarmanlyga baş ursa, göçürýänler tapylman durmazmy? Men, ine, şeýle sowaly orta atýaryn, gereklim, siziňem oňa jogap bermegiňizi soraýaryn. Ine, şeýlelikde,

https://kitaphana.net

men indi özümiň gerekdigime, zerurdygyma we dereksiz gürrüňler bilen adamyň elini sowatmaly däldigine düşünýärin. Ýeri, bolýar, goý, alakamyşym, eger meňzeşlik bar öýtseler! Ýöne gerekli syçan, nepi degýän syçan, gereklenýän syçan; sylagserpaýa mynasyp syçan — ine, şeýle syçan! — Ýeri, bu pelsepeleri boldy edeliň, mähribanym; men başga zatlaryň gürrüňini etjekdim ahyryn. Biraz gyzmalyk edäýipdirin. Her niçik bolsa-da, mahal-mahal öz laýykatyňy goramak hem ýakymly zat. Hoş onda, mähribanym, ezizim, mähremje göwün hoşum! Bararyn, hökman size bararyn, hal-ahwal soraşaryn, musyjam meniň. Häzir bolsa, gussalanmaň. Size bir kitap hem eltjek. Bolýar onda, hoş,

Warýa jan. Size ýürekden hoşniýetli Makar Dewuşkin. I ý u n y ň 20-si.

Merhemetli Makar Alekseýewiç!

Size gyssagara ýazýaryn, howlukýaryn; işi möhletinde tamamlamaga çalyşýaryn. Size aýtmakçy bolýan zadym bar, ýagny aluw-satuw etmäge oňat bir mümkinçilik bar.

Fedoranyň aýtmagyna görä, onuň tanyşlarynyň biri gulluk lybasyny satýarmyş, özem täzeje diýýär. Içinden geýilýän köýnegi, gursakçasy we papagy barmyş, örän arzan diýýär. Siz alaýmaly ekeniňiz. Siziň häzir eliňiz ýuka däl ahyryn, puluňyz hem bar; özüňiz aýtdyňyz-a, bar diýip. Gysylmasaňyzlaň, bu zatlaryň ählisi gerek ahyryn. Eginbaşyňyza bir serediň-ä, köne-sana geýip ýörsüňiz. Aýyp bor-a! Durşuna ýama-ýama. Täze lybasyňyzam ýok, bar diýip ýer depseňiz-de, ýokdugyny bilýärin. Hudaý bilsin, nirä ýok edeniňizi. Meň diýenimi ediň, alynaýyň-da. Muny meň üçin ediň; meni söýýän bolsaňyz, alynyň.
Maňa geýim sowgat iberipsiňiz; gulak asyň ahyryn, Makar Alekseýewiç, siz lüt galýaňyz-a. Maňa sowan pullaryňyz oýun-oýunjak däl-ä, bu bir ummasyz pul-a!
Baý, siz pul sowurmany halaýaňyz-a! Maňa beýle zat gerek däl; bularyň ählisi düýbünden artykmaç. Meni söýýäniňizi bilýärin, muňa gözüm ýetýär; eger çynym, muny ýatlatmak üçin sowgat etmegiň geregi ýok. Olary sizden kabul etmek maňa aňsat däl, olaryň size gymmat

https://kitaphana.net

düşýänini bilýärin. Şu aýdýanym hemişe ýadyňyzda galsyn — bes indi, eşidýäňizmi? Haýyş edýärin, ýalbarýaryn. Siz, Makar Alekseýewiç, ýazgylarymyň dowamyny ibermegimi soraýarsyňyz; olary tamamlamagymy isleýärsiňiz. Men öňki ýazanlarymyňda nädip dile gelenini bilemok! Ýöne öz geçmişim hakynda gürrüň etmäge gurbatym ýetmez; ol hakda pikir etmek hem islämok; şol ýatlamalar meni haýykdyrýar. Öz betbagt çagasyny şol ýuwdarhalara goýup giden ejem jan görgüli hakynda söz açmak bolsa maňa ähli zatdanda agyr. Bular ýadyma düşende, ýüregim gyýym-gyýym bolýar. Salnan ýaralar heniz könelenok; bir ýyldanam köp wagt geçipdirem welin, rahatlanmak bärde dursun, heniz aňymam durlananok. Ýöne siz ählisini bilýärsiňiz! Men size Anna Fýodorownanyň häzirki pikirleri barada aýdypdym; ol meni gadyr bilmezlikde aýyplaýar we özüniň jenap Bykow bilen şärikligi baradaky ähli aýyplamalary ret edýär! Meni öýüne çagyrýar; kesekiniň sadakasyna ýaşaýaň, egri ýola düşüpsiň diýýär. Eger

https://kitaphana.net

dolanyp barsam, jenap Bykow bilen bagly meseläni çözjegini we meniň öňümdäki ähli günäsini ýuwmaga ony mejbur etjegini aýdýar. Jenap Bykow durmuşa çykmagym üçin ýan puluny bermekçimiş. Geregime däl! Men şu ýerde, siziň bilen, maňa bolan hamraklygy bilen enekäm pahyry ýadyma salýan akýürekli Fedoranyň ýanynda özümi oňat duýýaryn. Siz meniň daşgyn garyndaşym bolsaňyz-da, öz adyňyz bilen meni goraýarsyňyz. Olary bolsa bilemok; başarsam unudaryn. Ýeri, olara menden indi näme gerekkä? Fedora bularyň ählisi gep-gybatdyr, olar ahyr meni öz günüme goýar diýýär. Belki, Hudaý!

W.D. I ý un y ň 21-i.

Size ýazasym gelýär, nämeden başlajagymy welin bilemok. Bu bir geň zat, geregim, siziň bilen häzirki ýaşaýşymyz, birhili, geň. Men günlerimiň hiç haçan şeýle şatlykly geçmänini aýtmakçy bolýaryn. Hamala Hudaý jan maňa öý-ojak rowa gören kimin! Balajygym meniň, oňatjam! Meniň size iberen dört sanjak köýnejigimi agzamak nämä gerek boldy. Olar size gerek ahyryn — men

Fedoradan bildim. Gereklim, siziň hajatyňyzy bitirmek meniň üçin üýtgeşik bir bagt ahyryn; bu meniň hoşallyk çeşmäm, ony ygtyýarymdan almaweriň; meni ynjytmaň we kejime gaýtmaň. Gereklijäm, men ömrümde hiç haçan beýle ýakymly hala düşen däldirin. Men, ine, diňe indi ile goşuldym. Birinjiden, men iki misil ýaşaýaryn, sebäbi siz hem maňa örän ýakyn bolaňyzsoň göwnümi hoşlamak üçin ýaşaýarsyňyz; ikinjiden, şu gün meni şu jaýda ýaşaýan goňşym, öýünde ýazarmanlaryň agşamlary geçirilýän baýaky hadym, Ratazýaýew çaýa çagyrdy. Şu gün ýygnanyşýarys; edebiýatlar okaljak. Biz indi, ine, şeýdiberýäs, gereklijäm, — ine, şeýdiberýäs! Hoş onda. Bularyň ählisini hiç bir anyk maksatsyz we diňe özümiň sag-salamatdygymy habar etmek üçin
ýazandyryn. Siz, päkizejigim, Terezanyň üsti bilen tikinçatyn üçin güllüje ýüpek matanyň gerekdigini habar edipsiňiz; alaryn, gereklim, alaryn, ýüpejigem alaryn. Ertiriň özünde sizi doly hoşal edip, özümem hoşnut

bolaryn. Men nirede satylýanynam bilýärin. Siziň ýürekdeş dostuňyz bolup galmak bilen,
Makar Dewuşkin.
I ý u n y ň 22-si.
Merhemetli hanym Warwara Alekseýewna!
Mähribanym, size biziň öýümizde örän ýürek gyýýjy wakanyň, hakyky, juda gynandyryjy wakanyň bolanyny mälim edýärin! Şu gün ir sagat bäşde Gorşkowyň kiçisi öldi. Nämeden ölenini bilemok, hapgyrtmamy, başga bir dertmi, Hudaý bilsin! Men şol Gorşkowlara baryp gaýtdym. Wah, gereklim, olaryň garypdygyny!
Içerilerem akan-dökän! Geňem däl, giden maşgala welin, ýekeje otagda ýaşaýar, salykatyň hatyrasyna tutujyklar bilen böläýipdirler otagy. Eýýäm tabytjygam getiripdirler. Ýönekeýje, ýöne oňatja; taýýaryny alypdyrlar, oglanjyk dokuz ýaşlyjady; düşbüjedi, ukyplyjady diýýärler. Olary göreniňde ýürek paralanýar, Warýa jan! Ejesi aglanok, ýöne, görgüli, şeýlebir gamly. Olaryň, belki, ýüki ýeňländir, her zat biriniň aladasyndan dyndylar; olaryň

https://kitaphana.net

ýene iki çagasy bar, biri heniz gundagda, beýlekisi gyzjagaz, altydan kän uly däl bolsa gerek. Nämesine söýünjek diýsene! Çaganyň, bagryňdan önen perzendiň ejir çekýänini görüp-de, oňa kömek bermek eliňden gelmese! Kakasy egni kirden ýaňa ýalpyldap duran köne penjekli, döwük oturgyçda, boýny buruk halda otyr. Gözi ýaşly, ýöne kim bilýär, belki, hasratdan däldir, belki, endikdir, ýa gözleri şulludyr. Ol şeýlebir geň! Gep gatýaň welin, boz-ýaz bolýar, aljyrap, näme jogap berjegini bilenok. Kiçijik gyzjagaz — gyzlary, tabyda ýaplanypjyk dur, özem görgülijik şeýlebir tukat, ünjüli! Men, gereklijäm Warýa jan, çaga ünjüli bolsa halamok; juda gynandyryjy! Gyzjagazyň gapdalynda ýerde esgilerden ýasalan gurjak ýatyr, ýöne oňa barmysyň hem diýenok, barmajygyny dodagyna degrip, gymyldamanjyk dur. Öý eýesi kemputjyk berdi; ol kempudy aldy, ýöne iýmedi.
Nähili gamgyn ahwal, Warýa jan, şeýle gerek!
Makar Dewuşkin.
I ý un y ň 25-i.

https://kitaphana.net

Merhemetli Makar Alekseýewiç! Kitapçaňyzy yzyna iberýärin. Juda ýaramaz kitap eken! Eliňe dagy alar ýaly däl. Beýle nepis zady nirelerden tapdyňyz-a? Men oýun edemok, Makar Alekseýewiç, dogrudanam, siz şeýle kitaplary halaýarsyňyzmy? Baýak maňa okar ýaly bir zat tapyp bermegi wada edipdiler. Isleseňiz, siziň bilenem paýlaşaýyn. Häzir bolsa hoş galyň. Eger çynym, mundan artyk ýazmaga wagtym ýok. W.D. I ý u n y ň 26-sy.

Eziz Warýa jan! Biler bolsaňyz, geregim, men şol kitapçany dogrudan-da okap göremok. Dogry, birnäçe sahypasyny okadym, görsem, kelçiklik, işsizlikden, adamlary güldürmek üçin ýazylan; aý, diýdim, belki, hakykatdan hem gülkünçdir, kim bilýär, Warýa jana ýaramagy mümkin diýdim; aldym-da iberäýdim size. Hawa, Ratazýaýew maňa hakyky edebi bir zat bermegi wada etdi, ine, şeýdip, siz, gereklijäm, kitaplyja-da bolarsyňyz. Ratazýaýewde kelle bar, ýeserje, onuň özem ýazýar, şeýlebir ýazýar welin! Örän dogumly ýazýar, sözlemem akgynly; ýagny her sözünde many bar. Iň bir

boş, tüýs bir adaty sözde, iň bir aýbygadym sözde, hatda meniň käte Faldoni ýa-da Tereza bilen gürrüňde ulanýan sözlerimi-de ol şeýlebir gelşirip ulanýar welin, hoşuňa gelsin! Men onuň agşamlarynda hem bolýaryn. Biz-ä çilim çekýäs, ol bolsa okaýar, bäş sagatlap hem okaýýar. Bizem diňläp otyrys. Edebiýat däl-de, şeker-nabadyň barda. Şeýlebir ajaýyp, duran bir gül-çeçek; her sahypasyndan çemen bogubermeli! Ol şeýlebir sypaýy, ýumşak, mährem. Men dagy onuň ýanynda nämejik, hä, nämejik? — Hiç zat. Ol at-abraýly adam, a men kim? — Men asla ýogam, ol bolsa maňa-da ýüz berýär. Men oňa käbir zatlary göçürip berýärin. Ýöne siz, Warýa jan, bu ýerde bir emma bardyr, ol göçürýänim üçin maňa ýüz berýändir öýtmäň. Siz, gereklim, gybatlara ynanmaň, ynanmaň haram gybatlara! Ýok, men özüm, öz islegim boýunça, ony begendirmek üçin göçürýärin, onuň maňa ýüz bermegi bolsa... ol muny meni begendirmek üçin şeýdýär. Men, gereklim, meseläniň inçeligine akyl ýetirýärin. Ol oňat, örän oňat adam we taýsyz ýazyjy. Biler bolsaňyz, Warýa jan,

https://kitaphana.net

edebiýat örän gowy zat, örän gowy; muny maňa ol öňňin aýtdy. Hakyt bir ummanyň bar-da! Adamlaryň ýüreklerine tekge bolýar, öwredýär we nemed-ä, onuň kitaplarynda bu barada ýene dürli zatlar ýazylan. Örän oňat ýazylan! Edebiýat — bu bir surat, şekil; ýagny bellibir manyda surat we aýna; hyjuwlaryň beýany, diýseň sypaýy tankyt, nesihatly öwüt we resmileşdirme. Bularyň ählisini men olardan öwrendim. Size çynymy aýdaýyn, gereklim, aralarynda otyrsyň, diňleýärsiň, edil özleri kimin şybykdan dartýaň, olar birden dürli närseler barada ýaryşyp, jedelleşip başlaýar welin, men, gereklim, dymypjyk oturyberýän; hawa, size we maňa diňe dymaýmak galýar. Şeýle ýagdaýda men samsygyňam samsygy bolup galaýýaryn, öz-özümden utanýaryn, bütin agşamyň dowamynda pursat peýläp geçýäň, umumy mowzuga ýarymja söz goşjak bolup azap çekýäňem welin, bilgeşleýin ýaly, şol ýarym sözem tapylman geçýär! Şeýdip, Warýa jan, özüňe, hiç bir zadyň alnyndan

https://kitaphana.net

däldigiňe, nakylda aýdylyşy ýaly, ulalyp oňalmanyňa gynanyplar geçýäň.

Meniň boş wagtymda näme işleýänimi sorasan-a. Ýatyryn, berebekgeý kimin. Ukyny urmagyň ýerine ýakymly zat bilen meşgullanaýmal-a, ornaşykly oturypda, bir zatlary ýazaýmal-a. Özüňe-de peýdaly, beýlekilere-de ýakymly. Görüň ahyryn, gereklim, Taňry rehim etmişleriň garbaýşyny! Ratazýaýewiň özüni alyp göräýeli — baý, garbaýar-a! Bir sahypany ýazmak onuň üçin nämejik? Onuň bäş sahypa ýazan günleri-de boldy. Öz aýdyşyna görä-de, sahypasyna üç ýüzden alýarmyş. Bir degişmehenek ýa bolmasa gyzyklyja bir zat ýazsa — bäş ýüz, isleseň-islemeseň ber, ýaryl welin, ber! Bu dagy näme, biziň bir gezekde müňüni kisä urýanymyzam bolýar, diýýär. Neneň görýäňiz, Warwara Alekseýewna? Bular dagy nämejik! Onuň goşgulyja depderjigi bar, goşgusy ulam däl welin, ýedi müň diýýär, gereklim, ýedi müň soraýar, oýlanyp bir görüň. Bu birgiden mülk, gala kimin jaý ahyryn! Bäş müň berýäler welin, alamok diýýär.

https://kitaphana.net

Men göwnetjek bolup — alyň-da, bäş müňi, tüf diýiň ýüzlerine, bäş müň — pul ahyryn, diýýärin. Ýok diýýä, kezzaplar ýedini bererler diýýä. Baý, özem bir sypjyg-a! Ýogsa-da, gereklijäm, baryndan bazar eýle diýlipdir. Men size italýan göçgünliginden bir parçany göçürip bereýin. Onuň eseriniň ady şeýle. Okaň, Warýa jan, soňam özüňiz baha beriň.

«...Wladimir böwrüne dürtülen ýaly boldy we hyjuwlary at salyp başlady, gany depesine urdy...

«Ol birden — Grafinýa, grafinýa — diýip gygyrdy. — Bu hyjuwyň nähili elhençdigini, bu mejnunlygyň nähili güýçlüdigini bilýäňizmi beri? Ýok, arzuwlarym hamhyýal däl eken! Men söýýärin, gaýnap, joşup söýýärin, guduzlan ýaly, aňymy aldyryp söýýärin! Seniň äriň gany derýa bolup akanda hem, meniň kalbymda gaýnap joşýan hyjuwy dep edip bilmez! Sähel başy çatylan böwetler meniň halys surnugan, ejir baryny çekýän kükregimi paralaýan dowzahyň ody ýaly elhenç alawa döz gelip bilmez. Eý, Zinaida, Zinaida!..

https://kitaphana.net

«Wladimir! — diýip otlukly pyşyrdan grafinýa onuň egnine başyny goýdy...

« —Zinaida! — diýip gygyranda Smelskiniň kalbynyň ganat baglany duýulýardy.

«Onuň kükreginden bir nepes atylyp çykdy. Söýginiň ýiti alawy güýçli tutaşyp betbagt magşuklaryň kükreginde ýalynly yz galdyrdy.

«Wladimir! — diýip, grafinýa melul halda pyşyrdady. Onuň göwsi has güberipdi, ýaňaklary köz kimindi, göreçlerinden ýalyn sowrulýardy:

... ... ...... ............. ........... ....... .........

«Täze, elhenç nika gyýyldy!

... ..... ...... ...... ......

«Ýarym sagatdan garry graf aýalynyň myhman otagyna girdi.

«Ýeri, ezizim, gadyrly myhman üçin semawar otlatdyraýsak neneň görýäň? — diýip, ol aýalynyň ýaňagyna çalaja elini degirdi».

Ine, gereklijäm, şu zatlardan soň men sizden soramakçy — neneň görýärsiňiz? Dogry, birneme erkinräk, muny inkär edere iş ýok, ýöne oňat. Oňat zada oňat diýmeli! Indi bolsa, rugsat berseňiz, men size Ýermak we Züleýha hekaýatyndan bir parçany hödürläýin.

Göz öňüne bir getiriň, gereklim, Sibiri basyp alan wagşy we haýbatly Ýermak sibir patyşasy Goçumyň özi tarapyndan ýesir alnan gyzy Züleýha aşyk bolýar.

Görşüňiz ýaly, waka hut Iwan Groznyý zamanasyndan alnan. Ine, Ýermak bilen Züleýhanyň arasynda bolan gürrüň.

«— Züleýha, sen meni söýýärsiň! Gaýtala, ýene-de gaýtalasana!..

«Züleýha: — Men seni söýýärin, Ýermak — diýip pyşyrdady.

«— Eý, asman, eý, zemin! Men size minnetdar! Men bagtly!.. Siz maňa heýjana gelen ruhumyň oglanlykdan arzuwlan ähli zadyny berdiňiz. Eý, meniň täleý ýyldyzym, gör, sen meni nirelere getirdiň, seni meni şu ýere, Dag

Kemeriň aňyrsyna, ine, şunuň üçin getiren ekeniň! Men öz Züleýhamy külli äleme görkezerin, adamlar hem, guduzlan aždarlar hem meni ýazgarmaga het etmez! Wah, olar söýgülimiň näzik kalbynyň çekýän bu pynhan ejirlerine düşünip bilsedi, meniň Züleýhamyň bir katra gözýaşynda tutuş bir dessanyň bardygyny görmäge ukyply bolsady! Şol gözýaşy posalarym bilen sylmaga, asmanyň peşgeşi bolan bu gözýaş bilen teşneligimi gandyrmaga rugsat ber... eý, perim!

«Ýermak — diýip, Züleýha oňa ýüzlendi. — Älem yzgytsyzdyr, adamlar bolsa adalatsyz! Eziz Ýermagym, olar bizi kowar, bizi ýazgarar! Sibiriň mähriban garlyklarynda, öz atasynyň ak öýünde ýetişen görgüli naçar siziň sowuk, buz kimin rehimsiz, howalasy juda belent illeriňizde neneň takat eder! Arzylym meniň, söýgülim meniň, adamlar maňa düşünmez!»

«— Onda çapgyr kazak gylyjym olaryň depesinden şuwlap iner! — diýende, Ýermagyň däli-porhan gözleri eýmenç agyp-döndi».

https://kitaphana.net

Warýa jan, indi bir oýlan, Ýermak Züleýhanyň pyçaklanyp öldürilenini bilende, onuň haly niçik bolar. Gözleri sokur garry Goçum gijäniň garaňkysyna duwlanyp, Ýermagyň ýok mahalyny peýläp, onuň çadyryna bukdaklap girýär-de, özüni tagtdan-täçden mahrum eden Ýermagyň ýüregine otly ýara salmak üçin öz gyzyny öldürýär.

«— Meniň eý görýän zadym polady daşa çalmakdyr! — diýip, gygyran Ýermak öz kesgir gamasyny gazap bilen çalmagy dowam edýärdi. — Maňa olaryň gany, gany gerek! Olary paralamak, paralamak, paralamak gerek!!!»

Bu wakalardan soň Züleýhasyz bu älemde ýaşap bilmejegine gözi ýeten Ýermak özüni Yrtyş derýasyna atýar we şunuň bilenem bar zat tamam bolýar.

Hany, indi bu kiçijik parçany neneň görersiňiz. Ol degişme teswiri görnüşde hut gülüşdirmek üçin ýazylan:

«Siz Iwan Prokofýewiç Žýoltapuzowy tanaýaňyzmy? Hawa, şol Prokofiý Iwanowiçi aýagyndan dişländ-ä. Iwan Prokofýewiç häsiýeti boýunça gyňyr, ýöne örän salykatly;

munuň tersine, Prokofiý Iwanowiç aryň balyna turp garyp iýmegi halaýar. Pelageýa Antonownanyň ony tanaýan mahaly bolsa... Ýogsa-da, siz, näme, Pelageýa Antonownany-da tanaýaňyzmy? Hawa-hawa, şol, köýnegini hemişe çöwre geýýän». Gülüp, kese ýykylaýmaly-da, Warýa jan! Ol bize şuny okap berende, biziň gülüp içimiz gyryldy. Ol, ine, şeýledä, Taňry oňa rehim edewersin! Ýöne, gereklijäm, ol biraz geň we juda aýnabrak ýazsa hem, onuň ýazýanlary ýazyksyz, birjik-de bibaş oýlanma we başyna giden pikir tapjak gümanyň ýok. Hawa, gereklim, Ratazýaýewiň ajap salykatlydygyny we şonuň üçin hem ajaýyp ýazyjydygyny, beýlekiler ýaly däldigini bellemek gerek.

Ýogsa-da, dogrudan hem, käte şeýlebir pikir kellä gelýä... aýdaly, men bir zat ýazypdyryn, şonda neneň bolarka? Ine, aýdaly, mysal üçin, sen-de ýok, men-de ýok, birdenkä kitapça çykýar, ýüzünde hem «Makar Dewuşkiniň goşgulary» diýlip ýazylan! Ýeri, peýkerjigim, şonda näme diýerdiňiz? Muny nähili göz öňüne getirip, nämeler pikir

https://kitaphana.net

ederdiňiz? Men, gereklim, özüm hakynda aýdaýaýyn. Meniň kitabym çapdan çykaýsa, il ýüzüne asla görünmezdimem. Her bir öňýeten; ine, şu gelýän edebiýatçy we şygyr ýazýan Dewuşkind-ä, hut
Dewuşkiniň özi-dä! — diýip dursa nähili bolar-a! Men bu ädiklerim bilen nädip ile çykaýyn ahyryn! Gereklim, gepiň gerdişine aýtsam, olar ýamaýama ahyryn, oltaňlaryda, dogrymy aýtsam, kämahal örän bigörk bir halda açylyberýä. Ýeri, onsoň, hemmeler ýazarman Dewuşkiniň ädikleri ýama-ýamadygyny bilse, nähili bolar! Asylzadahanymzadalardan biri muny biläýse, ol näme diýer ahyryn? Belki, ol görmez hem, çünki meniň çak edişime görä, onuň ýaly derejeli zenanlaryň gezip ýören bir hadymyň ädigi bilen işi ýok bolsa gerek, onsoňam ädiklerem dürli-dürli. Ýöne oňa hökman ýetirerdiler, özide öz ülpetlerim ýetirerdi. Ine, hut Ratazýaýew ilkinji bolup satar; ol hanym W-niň öýüne baryp dur-a. Islän wagtym olara arkaýyn baryberýärin diýýär. Ol diýýä, şeýlebir

mährem diýýä, özem tüýs edebiýata berlen diýýä. Bu Ratazýaýew diýilýän duran bir duzakdyr!

Ýeri, eýsem, goýalyň-la şu gürrüňi, men, peýkerim, bularyň ählisini güýmenje diýip, sizi güldürmek üçin ýazýaryn. Hoş onda, gumrujygym! Bu gün sahypa baryny doldyraýandyryn görseňiz, munuň sebäbi-de şu gün kalbymyň örän şadyýanlygyndan. Şu gün biz hemmämiz bilelikde Ratazýaýewiňkide naharlandyk we garagollar, aldylar-da magşuklyk hakda şeýlebir kyssa ýasaberdiler... Aý, ýöne size bu barada ýazasy iş ýok. Siz ýöne, neme, Warýa jan, men barada bir zatlary toslamaweriň. Men... ýaňky bir... nemelik üçin-dä. Kitap ibererin, hökman ibererin... Bu ýerde Pol-de-Kokuň bir eseri gezekleşilip okalýar, ýöne, gereklim, size Pol-de-

Kokuň geregi ýok... Eger-eger bolmaz! Pol-de-Kok size ýaramaz. Ol barada, gereklim, peterburgly ähli tankytçylaryň-da asylly ruhlaryny dergazap edýär diýen gep bar. Size bir gadak kemput iberýärin — ýörite siziň üçin satyn aldym. Noş ediň, mähribanym, her kempudy

iýeňizde hem meni ýatlaň. Ýöne pampazany gemriji bolmaň, ýöne soruň, ýogsa dişjagazlaryňyz agyrar. Belki, siz şekere ýatyrylan miweleri halaýansyňyz? Eger şeýle bolsa, ýazyň. Bolýar onda, hoş galyň. Isa penakäriňiz bolsun. Men bolsa müdimilik iň wepaly dostuňyz bolmak bilen,

Makar Dewuşkin.

I ý u n y ň 27-si.

Merhemetli Makar Alekseýewiç!

Fedora, eger men islesem, käbir adamlaryň maňa höwes bilen ýardam etjegini we öýleriň birinde oňatja iş, hyzmatkäriň işini tapmak üçin alada etjegini aýdýar. Dostum, siz nähili pikirde — razylyk bersemmikäm ýada ýok? Elbetde, şonda men size ýük bolmaryn, hödürlenýän iş hem oňat ýaly. Ýöne beýleki tarapdan nätanyş bir öýe gitmek, birhili, garaňky.

Olar mülkdarmyş. Men hakda biljek bolup gyzyklanarlar, sorag-ideg ederler. Şonda näme diýerkäm? Onsoňam men bir garasöýmez, tersa; öwrenişen ýerimde uzagrak

https://kitaphana.net

bolmagy halaýaryn. Öwrenişen ýeriň has gowy ýaly; ýykma-ýykylma bolsada, has oňat. Onsoňam bir ýerlere gitmelimiş, buýruljak iş nähili boljak; belki, ýöne çagalara enekelik etmeli bolar. Çagyrýan adamlaram birhili: iki ýylyň içinde eýýäm üçünji hyzmatkärmiş. Haýyş edýärin, Makar Alekseýewiç, maslahat beriň — gitsemmi ýa-da ýok? Ýogsa-da, näme üçin bize geläýeňzok, ýöne käte bir görnäýýäňiz. Diňe ýekşenbede, ybadat mahaly görüşäýýäs diýen ýaly. Siz ne beýle garasöýmez! Edil meň özüm ýaly-da! Men tas garyndaşyňyz-a. Siz, Makar Alekseýewiç, meni gowy görmeýärsiňiz, meň bolsa käte juda ýüregim gysýar.

Kämahal, aýratyn-da garaňky gatlyşanda, oturansyň tenha özüň. Fedora bir ýerlere gider. Oturarsyň, oýlanarsyň — könäni — gowusynam, gamgynynam ýatlarsyň. Ählisi gözüň öňünden geçer, hemmesi ümüriň aňyrsyndaky ýylpyldy ýaly. Tanyş ýüzler peýda bolýar, hut ýanyňda duran ýaly. Hemmelerden köp ejem jany görýärin... Meň görýän düýşlerimi diýsene! Saglygymyň bozulanyny

duýýaryn; men şeýlebir ysgynsyz. Ine, şu günem ir bilen düşekden turamda erbet boldum. Üstesine, ýaramaz üsgülewügim bar. Tiz wagtdan öljegimi duýýaryn, bilýärin. Meni kim jaýlarka? Kim tabydymy ugradar? Kimiň maňa nebsi agyrarka?.. Ine, şeýdip, belki, ýat ýerde, ýat öýde, kesekiniň dulunda ölmeli bolaryn!.. Eý,
Hudaý, Makar Alekseýewiç, durmuş şeýlebir gamgyn!.. Siz näme, dostum, meni zol kemput bilen hezzetleýärsiňiz? Dogrusy, şonça puly nireden alýanyňyzam bilemok. Wah, gadyrdanym, puluňyzy aýaň, haýyş edýän, aýaň. Fedora keşdelän halyçamy satuwa çykardy; kagyz pulda elli rubl berýämişler. Bu örän oňat, men arzan alarlar öýtdüm. Üç rubluny Fedora bererin, özüme-de köýnejik tikinerin, ýönekeýje, ýylyrajyk köýnek. Size gursakça tikerin, özüm tikerin, gowuja mata hem saýlaryn.
Fedora maňa «Belkiniň hekaýatlary» diýen bir kitap tapyp berdi. Ony size iberýärin, belki, okarsyňyz.

Hapalaýmaweriň we uzak eglemäň: kitap başga birininki, bu Puşkiniň eserleri. Mundan iki ýyl öň bu hekaýatlary ejem jan bilen okapdyk, häzir täzeden okadym welin, ýüregime gussa doldy. Eger sizde okamaga kitap bolsa, iberiň, ýöne olary Ratazýaýewden almadyk bolsaňyz iberiň. Ol, ähtimal, öz eserlerinden berer, eger öňde-soňda bir zady çap edilen bolsa. Makar Alekseýewiç, nädip onuň ýazanlary siziň hoşuňyza gelýär-ä? Şeýlebir bidereklik... Bolýar onda, hoş, ýaňrap bilipdirin! Gam-gussa baglan mahaly men çem gelen zatlar barada samahyllamaga mümkinçilik tapsam begenýärin. Bu bir melhem! Dessine ýüküň ýeňleýär, ylaýta-da, ýüregiňdäkini egseňde. Hoş, hoş, dostum.

Siziň W.D.

I ý u n y ň 28-i.

Gereklijäm meniň, Warwara Alekseýewna!

Beýle-de bir gamlanma bolarmy! Utanmaýaňyzmy?! Bes ediň, peýkerjigim; nireden kelläňize şeýle pikirler gelýär?

Siz hassa däl, ezizim, asla hassa däl; siz gül açýaňyz, eger çynym, gül açýaňyz; ýüzüňiz azajyk solgun bolsa-da, gül açýaňyz. O nähili düýşleriň, nähili salgymlaryň gürrüňini edýärsiňiz ahyryn! Utançdyr, ezizim, bes ediň; kelläňizi agyrtmaň, düýş üçin asyl agyrtmaň. Men näme üçin rahat ýatýandyr öýdýäňiz? Näme üçin maňa hiç bela çalanok? Gereklim, maňa bir serediň-ä. Dert bilmän ýaşaýaryn, ukym hem parahat, özümem sag-salamat, ýigit diýseň maňa diýiň, sereden gözüni aýryp bilenok. Goýaweriň, goýaweriň, ezizim, aýyp bolar. Özüňizi dürsäň. Men, gereklim, size beletdirin, kelläňize bir zat gelse, dessine arzuwdyr hyýallar hümerlener, bir zady küýsäp başlarsyňyz. Haýyş edýän, ezizim, meniň üçin bes ediň. Kişiniň hyzmatynda durmak diýýäňizmi? Hiç haçan! Ýok diýdimmi, ýok. Bu nähili pikir boldy, nämäniň oýuny edýäňiz? Onda-da bir ýerlere gitmek şertinde! Ýok, gereklim, ýol bermerin, ähli güýjüm-gujurym bilen garşy durjakdyryn. Köne gulluk lybasymy satyp, köçede köýnekçe gezerin welin, siz zada mätäç bolmarsyňyz. Ýok,

Warýa jan, ýok, men size beletdirin! Bu bir hamhyýaldyr, tüýs bir hamhyýaldyr! Belanyň körügem Fedorada, ol günäkär; şol samsyk heleýdir muny size öwredýän. Siz, gereklim, onuň gepine ynanmaň. Siz, ezizim, belki, oňa heniz belet hem dälsiňiz? Ol bir samsyk, şerraý we pekgew heleýdir; äri pahyryň ölmegine-de ol sebäp bolandyr. Ýa-da ol bir säw bilen gaharyňyzy getirdimi? Ýok, ýok, gereklim, eger-eger bolmaz beýle zat! Meň ýagdaýym neneň bolar onda, meň günüm niçik bolar? Ýok, Warýa jan, ezizim, siz bu pikiri kellejigiňizden aýryp taşlaň. Siziň nämäňiz kem? Biz sizi gözümize sürme etmäge häzir, siz bolsa bizi gowy görýärsiňiz — ýaşaberiň-dä ümsümje; tikinçatyna güýmeniň ýa-da okaň, oňarsaňyz-a, tikin hem etmäň; näme etseňizem, aramyzda boluň. Özüňizem bir oýlanyp görüň-ä, soňy neneň-nähili boljak?.. Men ine, size okamaga kitap tapyp bererin, soň bolsa, belki-de, ýene seýle-seýrana çykarys. Ýöne päliňizden gaýdyň, gereklim, päliňizden gaýdyň. Pähimli boluň we biderek zatlar üçin ham-hyýallara özüňizi aldyrmaň. Men size bararyn, özem

tizara bararyn, ýöne siz meniň şu gönümel we aç-açan sözlerimi kabul ediň: gowy däl, ezizim, asla gowy däl! Men, elbetde, ylymly adam däl, özümem bilýärin ylymly däldigimi, mis pula okanymy. Ýöne meniň aýtjak bolýanym bu däl, bu ýerde iş mende däl-ä, emma näme diýseňizem, Ratazýaýewe arka çykjakdyryn. Ol meň dostum, şonuň üçinem men oňa arka çykaryn. Ol oňat ýazýar, örän, örän we ýene bir gezek örän oňat ýazýar. Men siziň bilen ylalaşmaýaryn we asla ylalaşyp bilmeýärin. Ýazanlarynda öwüşgin köp, parçalaýynrak, keşpler bar, dürli pikirler bar — örän oňat! Siz, Warýa jan, belki-de, duýgusyz okansyňyz, ýa-da okanyňyzda keýpsiz bolansyňyz, Fedora bir zat üçin gahar edensiňiz, ýa bolmasa başga bir ýaramazlyk bolandyr. Ýok, siz duýgy bilen okaň, hoşal we şadyýan mahalyňyz, ruhy ýagdaýyňyz ýakymly mahaly, mysal üçin, agzyňyz kemputlyka — ine, şonda okap görüň. Men inkär edemok (kim muňa garşy çyksyn), Ratazýaýewden oňat ýazyjylar hem bardyr, hatda has oňatlary-da bardyr, ýöne olaram

oňat, Ratazýaýew hem oňat; olar gowy ýazýar, ol hem gowy ýazýar. Ol özbaşyna, aýratyn, ol şeýle, keýpine ýazyberýär, ýazyberýänem gowy. Ýeri, gereklim, hoş, mundan artyk ýazyp bilemok, howlukmaly, iş-alada bar. Siz bolsa, gereklijäm, gözümiň nury, rahatlanyň, Hudaý sizi öz penasynda saklasyn, siziň wepaly dostuňyz bolup galmak bilen, Makar Dewuşkin.

Hat soňy. Kitap üçin sag boluň, mähribanym, Puşkinem okaýarys; şu gün agşam bolsa, men hökman size bararyn.

I ý u l y ň 1-i.

Gadyrdanym Makar Alekseýewiç!

Ýok, dostum, siziň araňyzda ýaşadygym däl. Men oýlandym we şeýle amatly ýeri ret etmegim örän erbet diýen karara geldim. Şol ýerde juda bolmanda bir döwüm çöregä; taparyn, men yhlas ederin, ýat adamlaryň ýüz bermegini gazanaryn, eger gerek bolsa, hatda häsiýetimide üýtgetmäge çalşaryn. Elbetde, kesekiniň gapysynda ýaşamak, kesekiniň göwnünden turjak bolmak, içiňdäkileri gizlemek we özüňe zor salmak yzalydyr,

https://kitaphana.net

kyndyr, ýöne, belki, Taňrym medet bersin-dä. Ömrümi garasöýmez bolup ötüräýmeli däldirin-ä. Men bu zatlary eýýäm başymdan geçiripdim. Heniz kiçijikkäm pansiona gatnanym ýadymda. Ýekşenbede uzakly gün öýde at salarsyň, bökjeklärsiň, käýarym ejem janam käýiner — hiç neneň däl, kalbyňda aram, göwnüň alaýaz. Agşam golaýlaşar welin, apat ýaly bolup gussa gysyp-gowrup başlar, sagat dokuzda pansiona gitmelidir, ol ýerde bolsa ähli zat ýatdyr, yzgytsyzdyr, çytykdyr, terbiýeçiler duşenbede şeýlebir gaharlydyr, ýüregiň daraw-daraw bolar, agyň tutar; bir gyra çekilersiň-de tenhalykda aglarsyň, gözýaşlaryňy gizlärsiň — ýalta diýerler, meniň gözýaş dökmäm asla okamagy ýük görýänim sebäpli däldir. Bolanda näme? Öwrenişip gitdim, soň, pansiondan gitmeli bolamda, joralarym bilen hoşlaşamda hem aglapdym-a. Onsoňam meniň bolşum, siziň ikiňize agram salmagym gowy däl. Şu pikir maňa ezýet baryny berýär. Men size bularyň ählisini aç-açan aýdýaryn, sebäbi siziň bilen ýürek ýürek döküşmäge öwrenişdim. Men näme,

https://kitaphana.net

Fedoranyň her gün ir säher turup kir ýuwup başlaýanyny we gijagşama çenli işleýänini göremokdyr öýdýäňizmi? Garry süýekler bolsa rahatlyk küýseýär ahyryn. Meň üçin harajat baryny edýäniňizi, soňky teňňäňize gyýýanyňyzy görmeýärinmi? Ýok, dostum, siziň ýagdaýyňyzda beýtmek bolmaz! «Ähli zadymy sataryn welin, seni mätäçlikde goýmaryn!» diýip ýazýarsyňyz. Ynanýaryn, dostum, ýüregiňiziň mähremligine ynanýaryn, ýöne siz häzir şeýle sözleri aýdýarsyňyz. Häzir siz garaşylmadyk ýagdaýda pullandyňyz, sylag aldyňyz; ýöne soň neneňniçik bolarka? Özüňiz bilýäňiz — men hemişe hassa; höwes bilen işlärdim welin, arman, siz ýaly işläp bilemokda. Onsoň iş hem hemişe tapdyryp duranok. Ýeri, men ne alaç edeýin? Siziň, iki päk ýürekli ynsanyň çytraşyşyny görüp, gussa-hasrata baglanyp oturaýynmy? Men nädip size juda bolmanda, jinnek ýaly peýda getirip bilerin? Onsoňam, dostum, ne sebäpden men size şeýle zerurkam? Men size näme ýagşylyk etdim? Hawa, meniň siziň bilen bagrym badaşdy, sizi berk, mäkäm, tüýs ýürekden

söýýärin. Ýöne, arman, men bir şor maňlaý! Men söýmegi başarýaryn we söýüp bilýärin, ýöne diňe söýmegi; ýagşylyk etmegi bolsa, haýyr işleriňizi ýerine salmagy bolsa başarmaýaryn. Meni mundan artyk saklamaň, oýlanyň-da, soňky sözüňizi aýdyň. Intizarlykda bolmak bilen,

Sizi söýýän W.D.

I ý u l y ň 1-i.

Warýa jan, bu bir baş aýlanma, hawa-hawa, baş aýlanma! Sizi bu halda ýeke goýsaň, öz kellejigiňiz bilen, gör, ne hyýallaň üstünden barjak ahyryn. Bu-da beýle däl, ol hem laýyk dälmiş! Bularyň ählisiniň hut baş aýlanmadygyna indi göz ýetirdim. Wah, gereklim, aýdyň-a, nämäňiz kem! Sizi söýýänler bar, siz bizi söýýärsiňiz, hemmämiz hoşal we bagtyýar — dagy näme gerek? Ýeri, ýat adamlaň gapysynda nädip gün görmekçi bolýaňyz? Siz, ähtimal, keseki adamyň neneň-nähili bolýanyny bilýän hem dälsiňiz?.. Hawa-hawa, siz menden soraň muny, size kesekiniň neneňsidigini aýdyp bereýin. Men oňa belet,

https://kitaphana.net

gereklijäm, ony kemsiz tanaýaryn; onuň çöregini iýmek miýesser edipdi. Ýowuzdyr ol, Warýa jan, ýowuzdyr, şeýlebir ýowuzdyr welin, ýürejigiňi eýeläp bilmese, ony gyjalat, igenç we gyýa göz bilen paralar. Bu ýerde bolsa siz rahatlykda — hamala ýylyja höwürtgejikde mekan tutunan mysaly. Onsoňam gitseňiz, bizem ýetim goýarsyňyz. Ýeri, onsoň biz neneň sizsiz gün göreris; men garry näme işlärin? Siz bize gerek dälmi? Bize haýyrpeýdaňyz ýokmy? O nähili ýokmuş? Goýaweriň, gereklim, o nähili peýdaňyz ýokmuş? Siz maňa örän gereksiňiz, Warýa jan. Siz maňa şeýlebir haýyrly täsir edýärsiňiz welin... Ine, häzir siz hakda oýlanýaryn welin, kalbym alaýaz... Men mahalmahal size hat ýazýaryn we ähli duýgularymy onda beýan edýärin, sizden hem edil şonuň ýaly jogap alýaryn. Eginbaş alyp berdim, şlýapajykly etdim sizi; sizde birden kynçylyk döreýär, men ony hem... O nähili siziň peýdaňyz ýokmuş? Ýeri, ýaşymyň soňunda men näme işlärin, nämä ýararyn? Siz, Warýa jan, bu barada, belki, pikirem eden dälsiňiz; siz

bolsa bu barada hökman oýlanyň — hany, ol mensiz nämä ýararka? diýip oýlanyň-a bir. Mähribanym, men size öwrenişipdirin. Siziň aýdýanlaryňyz bolsa gör-bak nämelere eltjek? Giderin Newanyň kenaryna, wessalam.

Eger çynym,

Warýa jan, hut şeýdäýmek galar; men sizsiz dagy näme işläýin! Wah, göwnümiň hoşy, Warýa jan! Görýän welin, siz meýdimiň Wolkowo mazarystanyna süýrelmegini, ýempik aýak kempiriň ýeke özüniň tabydymy ugradyp, soňam guma-çägä duwlap, meni ýalňyz taşlap gaýtmaklaryny isleýän ýaly. Aýypdyr, gereklim, günädir bu! Eger çynym, ýazykdyr! Häzir bolsa, dostum Warýa jan, kitabyňyzy yzyna iberýärin we şol kitap baradaky pikirimi sorasaňyz, ömrümde şeýle ajaýyp kitap okamagyň miýesser bolmanyny aýtmalydyryn. Men, gereklijäm, häzir nädip-de şu çaka çenli, Hudaý saklasyn, şeýle samsyk bolup ýaşapdyryn diýip, öz-özümden soraýaryn. Nämelere gümra bolupdyryn? Yns-jynssyz tokaýlarda ýaşapdyrynmy?

https://kitaphana.net

Meniň asla bilýän zadym ýok eken-ä, gereklim meniň, hut hiç zat bilmeýän, asla hiç zat bilmeýän ekenim-ä! Men, Warýa jan, size şuny gönüläp aýtmalydyryn — men bir ylymsyz-bilimsiz adamdyryn; şu çaka çenli az okapdyryn, örän az okapdyryn, asla okamandyryn diýseňem boljak. Adamyň suraty diýen akylly bir kitaby okadym, Düwmejiklerde dürli närsejikleri çalýan oglanjygy okadym onsoňam, Iwigiň durnalarynam okadym — bar okanlarym, ine, şular, başga okan zadymam ýok. Indi bolsa siziň kitabyňyzdan «Bekediň gözegçisini» okadym. Görüň-ä, gereklim, beýle zatlaram boljak ekeni. Ýaşap ýörensiň welin, edil alkymyňda durmuşyň ähli ahwallary şänik döwlen ýaly, aýyl-saýyl edilen kitabyň barlygyndan habarsyz galýaň. Öň oýuňapikiriňe gelmedik zatlar bu kitaby okap başlanyňdan kem-kemden aýan boluberer, hakydaňa geliberer, tapylyberer, tanalyberer. Onsoňam siziň kitabyňyzy, ine, şunuň üçin haladym: käte eliňe bir kitap düşer, okamakokarsyň welin, käýarym çatlaýsaňam, düşünjek gümanyň ýok, şeýle çörňeşdirilendir. Men,

https://kitaphana.net

mysal üçin, men kütek, dogabitdi kütek, juda aýlawly eserleri okapda bilemok; muny okaýaň welin — hamala özüm ýazan ýaly. Hamala diýersiň, bu meniň öz ýüregimmiş, hut bolşy-bolşy ýaly. Alaga-da, adamlaryň öňünde ony çöwrüp, ählisini ilik-düwme teswirlän ýaly — tüýs şeýle-dä! Eý, Hudaýym, özem ýönekeýje bir iş eken! Eger çynym, menem edil şeýle ýazyp bilerdim, näme ýazman? Men hem edil şeýle duýgulary başdan geçirýänä, hut kitapdaky ýaly. Meniň özüm-de käte, aýdaly, Samson Wyrin diýilýän bendäniňki ýaly ahwallary başdan geçirdim-ä. Biziň aramyzda şonuň ýaly betbagt bendeler, şol Samson Wyrinler asla iki-ýeke däl ahyryn! Baý, ezberlik bilen beýan edilipdir-ä! Men, gereklim, ol bendäniň içgä özüni berşi, aňyny ýitirip, şol zährimara özüni aldyryp, üstüne içmegini çekip, gözgyny halda aglap, garagäz etegi bilen gözýaşyny sylyp ýatyşy, azaşan guzujygyny, gyzjagazy Dunýaşany ýatlaýşy barada okanymda, gözýaşymy zordan sakladym! Ýok, bu hakykat! Okap bir görüň-ä! Bu hakyky! Ol hut durmuşyň

öz-ä! Men muny özüm gördüm — meniň etrabym durşuna şeýle zatdan doly. Terezany alyp göräýiň. Uzaga gidip oturasy iş ýok — biziň hadym bendämizi alyp göräýiň. Ol hut şol Samson Wyrin ahyryn, diňe familiýasy başga — Gorşkow. Bu ahwal, gereklim, hemmä degişlidir, siziň hem, meniň hem başymdan inmegi mümkindir. Kenarýaka köçede ýaşaýan baýaryň hem muňa uçramagy mümkindir. Diňe daşyndan seredeňde başgarak görner, sebäbi baýarlarda ähli zat başgaça, özlerine mahsus terzde, ýöne manysy şoldur. Her zat bolup biler, meniňem hut şuňa uçramagym mümkin. Ine, şeýle, gereklim, siz bolsa bizi terk edip gitmekçi bolýaňyz. Ýöne, Warýa jan, şeýle ejizlik meniň hem başymdan inip biler. Mähribanym, özüňizem, menem heläklemegiňiz mümkindir. Wah, ezizim, Hudaýy ýatlaň, ýok ediň kelläňizden şol suwjuk pikirleri, meň kalbymy nähak ýere paralamaň indi. Heýde, siz, ejizje, per-ganat bitmedik guşum-gumrym, özüňizi ekläp-saklap, heläkçilikden penalap, ýowuzýamandan gorap biljekmi! Bes ediň, Waryá jan, özüňizi ele alyň; biderek maslahatlara

we gepgürrüňlere gulak gabartmaň. Maňa beren kitabyňyzy bolsa ýene bir ýola okaň, ünslüje okaň; bu size peýdaly bolar.
Men «Bekediň gözegçisi» hakynda Ratazýaýewe aýtdym. Ol bularyň ählisi könedir, indi suratly we dürli teswirlemeli kitaplar çykyp başlady diýdi. Men, dogrusy, onuň näme diýip-aýdanyny oňat aňşyrmandyrynam. Ahyrynda bolsa ol Puşkiniň gowudygyny, mukaddes Russiýa şöhrat getirenini we ol barada ýene köp zatlary aýtdy. Hawa, Warýa jan, örän oňat, örän oňat. Kitaby ýene bir gezek ünslüje okaýyň, meň aýdyşym ýaly ediň.
Ündewlerime eýeriň we men garryny bir begendiriň.
Şeýtseňiz, Ýaradanyň özi sizi ýalkar, hökman ýalkar.
Siziň ýürekdeş dostuňyz  Makar Dewuşkin.
I ý u l y ň 6-sy.  Merhemetli Makar Alekseýewiç!
Fedora şu gün maňa kümüş pulda on bäş rubl getirip berdi. Men oňa üç rubl beremde, görgüliniň begenişini bir görsediňiz! Men örän howlugyp ýazýaryn. Häzir siz üçin gursakçabiçýärin. Matasy ne ajaýyp, saryja, özem güllüje.

https://kitaphana.net

Size bir kitap iberýärin; dürli hekaýatlar; men käbirini okadym. Olaryň «Şinel» diýlenini okap görüň.
Siz maňa bileje teatra gideli diýýärsiňiz. Gymmada düşmez-dä hernä? Belki, arzanraklaň birine gideris? Teatra gitmänime gaty köp wagt bolandyr, dogrymy aýtsam, haçandygam ýadyma düşenok. Ýöne men, birhili, iňkisli-dä, bu pişämiz gymmada düşmez-dä hernä? Fedora-ha ýöne başyny ýaýkaýýar. Onuň aýtmagyna görä, siz gurbuňyzdan gymmadrak ýaşaýarmyşyňyz. Asyl, meň özümem görýärin; diňe maňa harç edeniňiz, gör, näçä ýetdi! Görüň-dä, dostum, bir zadyň üstünden baraýmaň. Şonsuzam Fedora maňa, ýalňyşmaýan bolsam, öý bikäňiz bilen kireýiň tölenmezligi barada bir dawa uçranyňyz hakda bir gep ýetirdi; men sizi örän alada edýärin. Ýeri, bolýar, hoş, men howlugýaryn. Kiçijik bir işim bar: şlýapamyň bezegini üýtgetmekçi. W.D. Hatsoňy. Eger teatra gitsek, men täze şlýapamy geýjek, egnime bolsa gara şalymy atynjak. Neneň görýäňiz?
I ý u l y ň 7-si.

https://kitaphana.net

Merhemetli Warwara Alekseýewna!

...Men ýene şol düýnki gürrüň barada. Hawa, gereklim, biziň hem başymyzyň aýlanan mahaly bolandyr. Men bir artist zenana aşyk boldum, edil aňsyz ýaly aşyk boldum. Bu-da hiç diýeli. Iň täsin ýeri — men ony asla görmändim diýen ýaly, teatra hem bary-ýogy ýekeje gezek barypdym, şonda-da boýa-boý aşyk bolupdyryn. Şol döwür men gany dyňzap duran bäş sany ýigit bilen goňşy ýaşaýardym. Olar bilen tirkeşdim, ýörite bolmasada tirkeşdim. Ýöne ähli zat salykat çäklerinde. Hawa, onsoň, olardan galmajak bolup, ähli zatda olaryň häsini ýetirýärin. Baý, olar ýaňky artist zenanyň waspyny ýetirendir-ä! Teatrda oýun görkezilýän her agşam — käýarym gerek-ýaraga kör-köpük tapyp bilmeýän bu mähelle topbagy bilen teatrda ikinji gatdaky arzan orunlary eýeleýär-de aýalaryny döwere getirip, şol zenana hoşallyk bildirip çapak çalýar, hut däli bolýar! Soň, öýe geleniňden soň hem ukyňy aljak gümanyň ýok, uzakly gije ol barada urýarlar warsakyny, dil biten ony öz Glaşasy diýip atlandyrýar, ählisi onuň aşygy, ählisi şol bir gülüň

bilbili. Men o döwür heniz gögelejedim; ine, onsoň, olar men haraýsyza-da gop berdiler. Nädip olar bilen teatra baranymy, ikinji gatyňam dördünji hataryna nädip düşenimi özümem bilemok. Görüb-ä diňe tutynyň gyrasyny görüp bildim welin, diňlemesine bolsa, ýekeje sözem sypdyran däldirin. Şol zenanjygyň sesi, dogrudanda, oňatdy — edil bilbiliňki ýaly ýiti we bal kimindi!

Çapak çalyp, ellerimiz agyryp gitdi, bogazymyza sygdygyndan hem gygyrdyk. Garaz, tas almytymyzy alypdyk. Birimiz-ä çykaryp kowdularam. Öýe geldim welin, dumanda ýören ýaly! Jübimde-de ýekeje rubl galypdyr, aýlyga çenli bolsa ýene on gün dagy bar. Hawa, gereklim, soňy nähili bolandyr öýdýäňiz? Ertesi gulluk ýerime ugramazdan ozal atyrçy

fransuzyň düka

nyna sowuldym-da, ählije puluma atyr we hoştap ysly sabyn satyn aldym — şonda ne sebäpden bu zatlary alanymy özüm-de bilemok. Naharlanmak üçin öýe-de gelmedim, onuň penjireleriniň öňünde şo-ol iki ýana gatnadym ýördüm. Ol Newa köçesinde, dördünji gatda ýaşaýardy. Öýe baryp, bir sagat-ýarym sagat dynç alandyryn-da, soň ýene şol ýere; bar arzuwym — onuň äpişgeleriniň öňünden geçmek. Aý ýarym şeýtdim ýördüm, onuň yzynda selpäp. Kakabaş paýtunçylary hakyna tutup, her gezek onuň äpişgeleriniň öňünde gabarylan boldum. Halys boldum, bergi baryny etdim, soň bolsa oňa göwnüm sowady duruberdi — halys ýüregime düşdi! Ine, gereklim, artist zenan salykatly adamy şeýle güne salyberýär! Aý, onsoňam, gögeleje, gögelejedim men şol wagt!.. M.D.

I ý u l y ň 8-i.

Merhemetli hanym Warwara Alekseýewna!

Maňa şu aýyň 6-synda gowşan kitabyňyzy yzyna ibermek bilen, şu hatymda siziň bilen dessine düşünişmekçi

https://kitaphana.net

bolýaryn. Gowy däl, gereklim, meni şeýle çykgynsyz ýagdaýa salmagyňyz gowy däl. Biler bolsaňyz, gereklim, her bir ahwal Biribaryň adama bellän kysmaty bilen buýrulandyr. Birine haýbatly general lybasyny geýmek, başga birine deňli-derejeli geňeşdarlyk, otükä emeldar bolmak, ýene birine lal-jim bolup busup ýörmek ýazylýar. Bu zatlar adamyň ukyplaryna görä bolýar; ol bir işe ezber bolsa, munuň ukyby başgarak; başarnygam Ýaradanyň özi berýär. Ine, men otuz ýyla golaý gullukda durun; kemsiz-kössüz işledim, içip-saçyp ýöremok, bulagaýlyklara baş goşan adam däl. Raýat hökmünde hususy aňyma esaslanmak bilen, özümi birlän-ikilän nogsany bolsa-da, salykatlygyda elden bermeýän adam hasaplaýaryn. Başlyklar sylaýar, onuň aly hezretiniň özide menden hoşal. Ol özüniň oňat garaýşyny henize çenli anyk mälim etmesede, men onuň hoşaldygyny magat bilýärin.

Gojalypdyrys, saçymyza ak giripdir, ullakan bir günäýazygym bardyr öýdemok. Elbetde, maýda-çüýde kemsiz adam barmy? Her kimde günä tapylar, hatda siz

https://kitaphana.net

hem, geregim, ýazyksyz dälsiňiz. Uly bir etmişimiň bardygyny we gyňyr-gaharly bolanymy, aýdaly, kararlara garşy gidenimi ýa-da jemgyýetde asudalygy bozanymy hiç kes aýdyp bilmez; eger-eger, ýele ýanymyzdan hem geçen däldir. Hatda nyşanjyga-da mynasyp görüldik — barymyza bar diýýäris! Siz, gereklim, hudaýlygyňyzy sözleseňiz, bularyň ählisini bilmelidiňiz, ol hem bilmelidi, beýan-teswir edermen bolsa, ol hem bilmelidi. Ýok, gereklim, ýok, Warýa jan, men sizden beýle zatlara garaşmandym! Eger çynym, hut sizden beýle zatlara garaşmandym.

Bu ne gep boldy! Indi näme, bolar-bolgusyz bolsa-da, öz külbäňde ümsümje ýaşamak, nakylda aýdylyşy ýaly, suwy-söli bulandyrmanjyk, hiç kime degmän, Hudaýdan gorkmagy unutman, özüň üçin, ynjytmazlary üçin, bukdaklap külbäňe girmezligi üçin, hä, hany göreli bakaly, öý-öwzaryň neneňkä, oňatja gursakçaň-a bar eken, hany, geýim-gejimden başga nämäň bar, ädigiňem barmy, petegi-oltaňy-da ýerbe-ýermi, nämejik iýipiçýärsiň, bu

göçürip oturanyň näme diýmezleri üçin ümsümje ýaşamagam ýazyk-da onda, şeýlemi? Aýdyň ahyry, gereklim, mysal üçin, men köçe çukanaklyrak bolanda ädigi aýap, kämahal daraklygyma basypjyk ýöreýänem ekenim-dä! Başga bir kişiniň, aýdaly, käte eliniň juda ýukalygy, çaýam içip bilmeýäni barada ýazmak nämä gerek? Näme, indi hemmeler hökmany suratda çaý içäýmelimişmi! Men näme: hany, munuň çeýnäp oturany nämekä diýip her kesiň agzyna garap ýörünmi? Meniň şeýdip göwnüne degen adamym barmy?
Ýok, gereklijäm, özüňe degilmeýän halda başgalaryň göwnüne degmek asla bolmaz! Ine, Warwara Alekseýewna, munuň neneň-nähili bolýanyndan bir mysal. Işläp ýörensiň gümra bolup, yhlas edip, jan edip, başlyklaram sylaýandyr, nähilem bolsa, garaz, sylaýandyr. Ine, birdenem hut alkymyňda oturan kümsügiň biri, hiç bir anyk sebäpsiz, sen-de ýok, men-de ýok, üstüňden töhmet şikaýatyny ýazar oturyberer. Elbetde, ýaşyrasy iş ýok, kämahal tüýüňi täzeläýmäňem bolaýýar. Aýdaly, täze ädik

edinersiň, aýagyňa geýeniňde başyňy gök direýär. Dogry, öz başymdan geçirendirin, aýagynda lowurdap duran ädige seredende adam monça bolýar, bu barada ýazylanlary inkär edip biljek däl! Ýöne men herhal ýürekden haýran galdym. Gel-gel, Fýodor Fýodorowiç nädip şeýle kitaby gözden saldyka, näme üçin öz laýykatyny goramandyr? Dogry, ol heniz ýaş emeldar we käýarym sesine bat bermegi halaýar; ýeri, bat berenem eken-dä? Biz ýalynyň şyhmütirini towlaýanda näme bolýar? Ine, aýdaly, mysal üçin, kimiň kimdigini ýatlatmak üçin hem sesiňe bat bermek bolar. Werziş etdirmeli, howalasyny basmaly, sebäbi, Waríya jan, özara gürrüňdir welin, men tetelliler gorkmasa eli işe barmaz, herkes adym ýörese bolýar diýýär, men o ýerde, pylan ýerde diýýär, iş-pişeden gaçgaklap, işiň özi biter gider diýýär. Wezipe dürli-dürli bolýar, her wezipäniňem öz orny-derejesi bolýar, diýmek, elbetde, söz-söhbediň äheňi-de dürli boluberýär — munuň bolmalysy şeýle! Durmuşyň kadasy şeýleräkdä, gereklim, her kimiň hörpihowalasy öz ornuna görä bolýar, biziň

https://kitaphana.net

ählimiz biribirimize käýemek bilend-ä. Şu emel bolmanda, iş-de bolmazdy, tertip-de. Fýodor Fýodorowiçiň şeýle biedepligi geçirenine haýranlar galýaryn! Beýle zatlar ne sebäpden ýazylýarka? Bu nämä gerek? Munuň üçin okyjylaryň biri maňa sowgat-serpaý berermi? Täze ädik satyn alyp berermi? Ýok, Warýa jan, bermez; okamasyna okar, üstesine, hany, munuň dowamy diýer. Käte bukularsyň, bukdaklarsyň, bir işde ejizligiňi ýaşyrarsyň, onda-munda görünmekden ätiýaç edersiň, sebäbi gep-gybatdan gorkup, galpyldaýansyň. Sebäbi buz üstünden tozan arap, bir bahanajyk taparlarda, aýagyňdan arza-şikaýat ýazar oturybererler. Ine, şeýder-de, ähli raýat günemalaryňam, maşgala güzeranyňam edebiýata geçiriliberer, ähli zat kagyzda beýandyr, okalandyr, gülkä öwrülendir, gep-gybata şam bolandyr! Asla köçä-köşä çykarlygyň galmaz, sebäbi ähli zadyň delili-subudy getirilendir, mus diýmäňkäň, mustapaň tanalyp durlandyr. Juda bolmanda, ahyrynda düzelendigi görkeziläýse, teswiriň äheňi ýumşadylaýsa. Mysal üçin, şol depesinden

kagyz bölekleri dökülenden soň, bende, her niçik bolsada, ýagşy gylyklydy, oňat raýatdy, ýoldaşlarynyň beýle yzgytsyzlygyna mynasyp däldi, ekabyrlaryň diýeninden çykmazdy diýilse, munuň bir mysaly getirilse, ile ýamanlygy ýokdy, imanlydy, eger hökman öleni görkezilmeli bolsa, ölende hem yzynda gözýaş eden ýok däldi diýilse bolaýjak ahyryn.

Bende ölmese, şineli hem tapyldy diýlip görkezilse, şeriň temmisi berlip, haýyr işler dabaralansa, işdeşleri-de aýasyny ýalap galsa-ha has hem oňat boljakdy. Özüm-ä şeýderdim, ýogsa bu ýerde näme üýtgeşiklik, nähili gowulyk barmyş? Ýöne gündelik günemadan, aýbygadym güzerandan bir parça. Siz nädip şeýle kitaby maňa iberip bildiňiz ahyryn. Bu bir ýaman niýetli kitapjagaz ahyryn, Warýa jan. Munuň hakykata meňzeýän ýeri ýog-a, sebäbi şeýle adamyň bolmagynyň özi mümkin däl. Beýle zatlardan soň arz etmek gerek, Warýa jan, hut resmi ýagdaýda arz etmek gerek. Siziň sadyk guluňyz Makar Dewuşkin.

https://kitaphana.net

I ý u l y ň 27-si.

Merhemetli Makar Alekseýewiç!

Soňky wakalar we siziň hatlaryňyz meni gorkuzdy, haýrana goýdy we alasarmyk ýagdaýa saldy, Fedoranyň beren gürrüňleri bolsa maňa ähli zady düşündirdi. Nämä gerek boldy şeýle lapykeçlige ýüz urmak we siziň, Makar Alekseýewiç, sezewar bolanyňyz ýaly girdaba birden düşübermek nämä gerek boldy? Siziň düşündirmeleriňiz meni asla kanagatlandyrmady. Görşüňiz ýaly, maňa hödürlenen şol amatly işe razylyk bermegiň zerurdygyny tekrarlanymda mamla ekenim. Soňky başdan geçiren ahwalymam meni diýseň gorkuzýar. Siz maňa bolan söýgiňiz halyňyzy menden ýaşyrmaga mejbur etdi diýýärsiňiz. Meniň üçin ätiýaçlyk pullaryňyzy harçlaýanyňyz, şol puly gara güne diýip lombardda saklaýanyňyz barada aýdanyňyzda hem size asla neneň borçludygyma göz ýetirýärdim. Indi bolsa, siziň asla hiç hili puluňyzyň ýokdugyny, meniň gözgyny ýagdaýdadygymy tötänden bilip we maňa nebsiňiz agyryp,

aýlyk-günlügiňizi wagtyndan öň sorap alanyňyzy we maňa harçlamagy karar edeniňizi, şeýle-de hassa mahalym öz eginbaşyňyzy-da satanyňyzy bilenimden soň — indi men şeýlebir ezýetli ýagdaýa düşdüm we bularyň ählisini nähili kabul etjegimi we muňa nähili düşünjegimide bilmeýärin. Wah, Makar Alekseýewiç! Siz duýgudaşlykdan we garyndaşlyk hamraklygyndan dörän ilkinji sogap işleriňizde saklanmalydyňyz, puluňyzy soň gerekmejek zatlara sowurmaly däldiňiz. Siz, Makar
Alekseýewiç, biziň dostlugymyzy harladyňyz, sebäbi maňa ýüregiňizdäkini açmadyňyz. Netijede häzir men soňkuja puluňyzyň meniň geýim-gejimime, kemputlara, seýil-seýranlara, teatra we kitaplara harçlananyna göz ýetirenimde, özümiň bagyşlanyp bolmajak ýeňlesligime ökünip gözýaş döküp, ah çekmeli bolýaryn, sebäbi hezzethotmatlaryňyzy kabul edemde siziň özüňiz barada oýlanmandyryn. Meniň göwnümi hoş etmek üçin eden ähli zatlaryňyz indi meniň üçin hasrata öwrüldi we özünden soň gury ökünmekden başga hiç zat galdyrmady. Siziň

soňky wagtlar gaýgylydygyňyzy görýärdim we özüm-de gama batyp, bir zatlaryň bolmagyna garaşsamda, munuň ýaly zatlar asla kelläme hem gelmeýärdi! Nädip, siz, Makar Alekseýewiç, ruhy taýdan şeýle pese düşäýdiňiz! Ýeri, tanaýanlar indi siz barada näme pikir eder, olar indi näme diýip-aýdar? Men hem, hemmeler hem sizi kalbyňyzyň mähremligi, sadalygyňyz we akyllybaşlylygyňyz üçin sylaýardyk, indem öň hiç haçan sizden oslanmadyk şeýle elhenç nogsana ýol berdiňiz oturyberdiňiz. Fedoranyň maňa siziň serhoş ýagdaýda köçeden ýygnalyp, polis tarapyndan öýe getirileniňiz hakynda gürrüň berende, ne hala düşenimi bir görsediňiz! Dört gün bäri gara bermäniňiz sebäpli bir üýtgeşik zadyň bolmagyny duýan bolsam-da, haýran galmakdan ýaňa doňňaradaşa öwrüldim. Siz, Makar Alekseýewiç, işe gelmäniňiziň hakyky sebäbini bileninde başlyklaryň näme diýjegi barada beri oýlandyňyzmy? Siz hemmeleriň üstüňizden gülýänini, hemmeleriň biziň gatnaşygymyzdan habarlydygyny, goňşularyňyzyň ýaňsylanlarynda meniň

hem adymy agzaýanyny aýdýarsyňyz. Muňa üns bermäň, Makar Alekseýewiç, onsoňam rahatlanyň. Meni ofiserler bilen bagly waka hem gorkuzýar. Men ol barada daş gulakdan eşitdim. Düşündiriň-dä, bu nä boluş? Siz maňa içiňizi dökmäge gorkanyňyz, çynyňyzy aýtsaňyz, dostanalyk bozular diýip gorkanyňyz, hassa mahalym näme kömek berjegiňizi bilmän başyňyzyň çaşany meni goldamak we hassahana goýbermezlik üçin ähli zadyňyzy satanyňyz, bergi baryny edeniňiz we her gün öý bikesinden gep eşitmeli bolýanyňyz barada ýazýarsyňyz, ýöne bularyň ählisini menden ýaşyrmak bilen, iň ýaramaz ýoly saýlapsyňyz. Häzir men ähli zady bildim ahyryn. Siz betbagt ýagdaýa düşmegiňiziň sebäbiniň özümdigime meni boýun aldyrmaga utanandan bolup, indi öz bolşuňyz sebäpli, meni iki esse beter derde uçratdyňyz. Bularyň ähsili,

Makar Alekseýewiç, hiç akylyma sygmaýar. Ah, dostum! Şumbagtlyk ýokanç keseldir. Betbagtlar hem garyp görgüliler has-da gaýra üzülmezlik üçin biri-birinden gaça

durmalydyr. Men sebäpli siz sada we tenha durmuşyňyzda öň hiç haçan görüp-eşitmedik betbagtlyklaryňyza uçradyňyz. Bu zatlaryň ählisi maňa ejir ýamanyny berýär, janymy alýar. Indi bolsa nämelere uçranyňyz we nädip bu zatlara ýürek edeniňiz barada ählisini aç-açan ýazyň. Eger mümkin bolsa, meni köşeşdiriň. Häzir öz kalp rahatlygym barada ýazmaga mejbur edýän zat öz aladamy etmegim däl-de, size bolan dostlugym we söýgimdir. Olar ýüregimde hemişelikdir.

Hoş galyň. Sabyrsyzlyk bilen jogabyňyza garaşýaryn. Menden tamaňyz az eken, Makar
Alekseýewiç.

Sizi ýürekden söýýän Warwara Dobrosýolowa.

I ý u l y ň 28-i.

Gadyrdanym Warwara Alekseýewna!

Ýeri, näme, indi ähli zat tamam bolansoň, ähli zat kemkemden öňki durkuna gelip başlansoň, indi, gereklim, size aýtjaklarym bar: siz indi men hakda näme diýipaýdarlar diýip aladalanýarsyňyz. Ýöne ozaly bilen,

Warwara Alekseýewna, öz göwnümdäkileriň maňa ähli zatdan gymmatdygyny aýtmalydyryn. Şu sebäpli-de başyma inen apatlar we ähli bu bulaşyklar barada size aýtmak bilen, başlyklardan hiç biriniň heniz hiç zatdan habarsyzdygyny we asla habarsyz boljagyny, meni ozalkysy ýaly sylajagyny size mälim etmelidirin. Bir gorkym bar, ol hem gybat-gürrüň. Öýde bikämiziň gykylyklamasyndan başga apat ýok, indi siziň on rubluňyzyň kömegi bilen berginiň bir bölegini üzenimden soň, ol diňe hüňürdemek bilen çäklenäýýär. Beýleki mähelle hakynda aýdamda bolsa, olar hiç. Olardan pul karz soramasaň bolýar, başga zatda oňuşmazça däl. Düşündirişlerimiň ahyrynda bolsa, gereklim, siziň maňa goýýan hormatyňyzyň dünýäde ähli zatdan ileridigini, häzir, wagtlaýyn kynçylyklarymda munuň teselli berýänini aýtmalydyryn. Hudaýa şükür, ilkinji zarba we ilkinji külpetler sowuldy we olar sebäpli sizden aýra düşmäge gurbatymyň çatmany we sizi söýenim sebäpli aldanym üçin meni ähtiýalan dost we diňe özüni bilýän adam

https://kitaphana.net

hasaplamaýanyňyza şükür edýärin. Işlerime yhlas bilen girişdim we borçlarymy oňat berjaý edýärin. Düýn Ýewstafiý Iwanowiçiň gapdalyndan geçenimde ol maňa bir söz hem diýmedi. Sizden, gereklim, ýaşyryp durjak däl, bergilerim we eginbaşlarymyň kemlik edýäni sebäpli bir ölüp bilemok, ýöne munuň-da bir alajy bolar.

Ýalbarýaryn, gereklim, bu barada hem hapa bolmaň. Maňa ýene ýarym rubl iberipsiňiz, ol ýüregime neşter bolup sanjyldy. Görüň-ä bu bolýanlary, ine, neneň-niçik boluberýär eken! Men, garry haýran, size, peýkerim, kömek bermeli welin, siz, görgülijigim, meni goldamaly bolýaňyz! Fedoranyň pul tapany oňat bolaýdy. Mende, gereklim, häli-häzir pul almaga umyt ýok, birden bir umyttama döräýse, ähli barada jikme-jik habar ederin.

Ýöne şu gybat belasy... Meni ähli zatdan beter ynjalykdan gaçyrýan gep-gybat. Hoş galyň, peýkerjigim. Elleriňizi öpýärin we daýanaweriň diýip ýalbarýaryn. Hatym gysga diýmäň — işe howlukýaryn, yhlas we janypkeşlik bilen, ähli günälerimi we gullukdaky säwliklerimi ýuwjak

bolýaryn. Ähli bolan wakalar we ofiserler baradaky waka hakyndaky soňky gürrüňi agşam dowam edibiris. Sizi hormatlaýan we ýürekden söýýän Makar Dewuşkin.

I ý u l y ň 28-i.

Gereklim meniň, Warýa jan!

Häk, Warýa jan, Warýa jan! Ine, indi günä sizde bolar, siziň wyždanyňyza ýük bolar. Hatyňyz bilen halys kelebiň ujuny ýitirtdiňiz, alada goýduňyz. Ýöne häzir welin, özümi dürsänimden soň, ýüregimiň teýindäkileri seljerenimden soň, özümiň mamla bolanyma, doly mamla bolanyma göz ýetirdim. Men uruş-dawam barada aýdamok. Bolupdyr-da, geçipdirmiş eken-dä! Men sizi söýýänim we sizi söýmegimiň asla pähimsizlik däldigi, asla pähimsizlik däldigi barada aýdýaryn. Siz, gereklim, hiç zatdan habarsyz, ýöne bularyň hemmesiniň ne sebäplidigini, sizi näme üçin söýmelidigimi bileniňizde, beýle zatlary aýtmajagyňyz barada gürrüň edýärin. Siz bu kesgir sözleriň ählisini ýöne aýdaýýaňyz, emma men ýüregiňizdäkiniň düýbünden başgadygyny bilipjik durun.

https://kitaphana.net

Men, gereklim, ofiserler bilen nämeleriň bolanyny özümde bilemok. Şol pursada çenli meniň halymyň harap bolanyny size aýtmalydyryn. Göz öňüne bir getiriň, men tutuş bir aý bäri çala tilsimde saklanýardym.

Ýagdaý beterinden saklasyn diýlenlerdendi. Men sizden gizlenýärdim, öýdäkilerdenem, ýöne şu bikämiz welin, goh-galmagal turzan hem şol-da. Maňa ýokanokmyşamda. Haram heleý gygyranam eken-dä, ýöne, birinjiden-ä, aýyp, masgara, ikinjidenem, onuň Hudaý bilsin niredendir biziň gatnaşygymyz barada habarly bolmagy we ähli ýaşaýjylaryň gulagyny deşere getirip bu barada gygyrmagyny diýsene. Men aňk bolup, gulaklarymy ýapaýandyryn. Ýöne beýlekiler gulaklaryny ýapmandy, tersine, palaň ýaly edip açypdy ahyryn. Indi men, gereklim, nirä gizlenjegimi bilýän däldirin... Ine, peýkerim, şularyň ählisi, şu dürli musallatlar hümer bolup, meni halys alyp ýatdy. Ine, birdenem, Fedoradan geň zatlary eşitdim; öýüňize dalaşgärsumagyň biri gelip, size lak atyp, göwnüňize degipdir. Ol göwnüňize degipdir,

beter degipdir. Men, gereklim, özümden çen tutýaryn, sebäbi özümi juda göwnüme deglen hasaplaýaryn. Ine, şu pursat, peýkerim, şu ýerde aňymy aldyrypdyryn, şu ýerde halys özümi ýitiripdirin we bolmajysy bolupdyryn. Men, dostum Warýa jan, dälirän ýaly ylgap çykypdyryn, şol wenezzynanyň ýanyna gitmekçidim. Men näme diýip-goýýanymy-da bilmeýärdim, sebäbi, peýkerim, siziň göwnüňize degilmegini islemeýärdim! Kalbymy gussa gaplady, şol pursat ýagyşam ýagdy, ýol-ýodalaram palçyk, elhenç hasratam bir ýandan!.. Men eýýäm yzyma-da gaýtmakçydym... Ine, şu pursat hem erkimi gidiripdirin. Ýemelýa, hadym Ýemelýan Ilýiçe gabat geldim.
Aslynda, ol öň hadymdy, indi bolsa hadym däl, sebäbi ony biziň edaradan çykardylar. Onuň indi näme işleýänini-de bilemok, horlanyp ýör öýdýän. Şoň bilen gidipdirin.
Ýöne, Warýa jan, dostuňyzyň başyndan inen külpetler barada, onuň uçran betbagtlyklary barada okamak gyzykly hem däldir-le? Üçülenji gün agşam şol Ýemelýa meni öjükdirdi-de, men ofiseriň ýanyna baraýypdyryn. Onuň

https://kitaphana.net

salgysyny köçe süpürijimizden sorap bildim. Men, gereklim, gepiň gerdişine görä aýtsam, şol jahylyň düzüw däldigine öňräkden üns beripdim, biziň jaýymyzda ýaşan döwründe bolşuny synlapdym. Şonda biedeplik edenimi, onuň ýanyna baranymda ýagdaýymyň oňat däldigini indi görýärinem. Meniň, Warýa jan, dogrymy aýtsam, hiç zat ýadyma-da düşenok. Bir bilýänim — onuň öýünde ofiser köp eken ýa-da, Hudaý bilsin, maňa eýýäm goşa görnüpdir. Men näme diýenimi-de bilemok, diňe abraýymy goraýandan bolup gaharlanyp, köp gürlänimi bilýärin. Ine, hut şonda meni kowup çykardylar, şonda südürdedip, basgançakdan aşak itekläp goýberiberdiler; ýagny südenekletmediler-de, ýöne kowup çykardylar. Nädip gaýdyp gelenimi bolsa, siz, Warýa jan, eýýäm bilýärsiňiz: ine, bar bolany şular. Elbetde, men gözden düşdüm, abraýyma-da zeper ýetdi. Ýöne muny sizden başga hiç bir keseki adam bilmeýär ahyryn. Eger şeýle bolsa, diýmek, bu ahwal hamala bolmanmyşam. Belkide, hut şeýledirem, Warýa jan, siz nähili pikir edýäňiz? Men

ýöne bir zady anyk bilýärin, ýagny geçen ýylda bizde Aksentiý Osipowiç hut şeýle terzde Pýotr Petrowiçiň üstüne sürnüpdi. Ýöne ol muny gizlin, gizlinlikde edipdi. Ol ýaňkyny garawulhana çagyrdy, men ählisini bir yşganakdan gördüm. Ine, şol ýerde hem ol bolmalysy ýaly ediberdi, ýöne salykatlylygy elden bermedi, sebäbi muny menden başga hiç kes görmedi. Men bolsa, näme, men hiç. Ýagny men muny hiç kime aýtmadym. Soň bolsa Pýotr Petrowiç we Aksentiý Osipowiç hiç zat bolmadyk ýaly geziberdi. Biler bolsaňyz, Pýotr Petrowiç namysjaň adam, hiç kime aýdyp durmady, şonuň üçin olar häzirem biri-birine baş hem egýär, salam hem berýär. Men jedel edemok, Warýa jan, siziň aýdýanlaryňyza ýok diýmäge hetdim ýok, men örän pese düşdüm. Iň elhenji-de, özüm öz öňümde utuldym. Ýöne, belki, ýazgyt şeýledir, täleýim, ähtimal, şeýledir. Ykbaldan bolsa gutuljak gumanyň ýok. Ine, Warýa jan, meň betbagtlyklarymyň we apatlarymyň doly teswiri şulardan ybarat. Bolany şu, muny ýazmagam, okamagam gerek däl bolmagy-da mümkin. — Gereklim,

https://kitaphana.net

meniň tabym öwerlik däl, duýgularymyň şadyýanlygy galmady. Şu sebäpli size bolan hamraklygymy, söýgimi we sylagymy tekrarlamak bilen, siziň, merhemetli Warwara Alekseýewna, sadyk guluňyz bolmak bilen, Makar Dewuşkin.

I ý u l y ň 29-y.

Merhemetli Makar Alekseýewiç!

Siziň iki hatyňyzy-da okadym we içimi çekip haýranlar galdym! Gulak asyň, dostum, siz ýa-ha menden bir zatlary ýaşyrýarsyňyz we maňa ähli külpetleriňiziň diňe bir bölegini ýazypsyňyz, ýa bolmasa, eger çynym, Makar Alekseýewiç, siziň hatlaryňyzda heniz, birhili, aljyraňňylygyň täsiri bar... Bize geliň, haýyş edýärin, şu günüň özünde geliň. Hawa, bilýäňizmi näme, hut şu gün bize nahara geliň. Nähili gün görýäniňizden we öý bikäňiz bilen neneň oňuşýanyňyzdan habarymam ýog-a. Siz bularyň ählisi barada hiç zat ýazmaýaňyz we bilgeşleýin ýaşyrýan ýaly-la. Hoş onda, dostum. Şu gün hökman bize

geliň. Aslynda, hemişe bize naharlanmaga gelseňiz, gowy bolardy. Fedoranyň eli örän süýji. Hoş galyň.
Siziň Warwara Dobrosýolowaňyz.
A w g u s t y ň 1-i.
Mähribanym Warwara Alekseýewna!
Siz, gereklim, Hudaýyň özüňize ýagşylyga ýagşylyk bilen jogap bermek we maňa minnetdarlygyňyzy bildirmek üçin pursat berenine begenýän bolmaly. Men muňa ynanýaryn, Warýa jan, mähremje ýürejigiňiziň päkliginede ynanýaryn we igenýär diýmäň welin, şol bir gezek edişiňiz ýaly, meni garry halyma bulaşyp ýörenim üçin aýyplamaň. Edilipdir bir telek iş, nätjek in di! Elbetde, ýazygymy ýatlatmakçy bolsaňyz, dostum, beýle sözleri sizden eşitmek maňa asla aňsat däl! Bu zatlary aýdýanym üçin maňa gahar edýänsiňiz. Geregim, meň gursagymyň içi durşuna awy-zerzawdyr. Garyp biçäreler ynjyk bolýar — olaryň asyl ýasawy şeýle. Muny öň hem syzýardym, indi bolsa has-da ýiti duýýaryn. Biçäre görgüliniň islegtalaby belent bolýar. Onuň ýagty jahana garaýşy-da başga, ol her bir ötegçä-de

https://kitaphana.net

gyýa bakýar, töweregine, birhili, müýnürgäp seredýär, her eşiden sözüni agramlap görýär — men barada bir zat aýdylýan bolaýmasyn? diýýän ýaly eserdeň bolýar. Ol, näme, görk-görmeksizmişmi? Ony neneňsi duýgular gurşaýarka? Keseden seredeniňde neneňkä, keseden seredeniňde? Şeýle hem, Warýa jan, garyp biçäräniň bir letdeçe görülmeýäni we kim näme diýse-de, hiç kimiň oňa sylag-hormat goýmaýany hemmelere aýan-a. Hawa, ýazyjysumaklar näme ýazsa ýazybersin, biçäre adamyň ähli durky-durnugy şol bir bolşuny saklaýandyr. O ne sebäpden şol bir durkuny saklar diýýäňizmi? Sebäbi ötükileriň pikirine görä, biçäre adamda ähli zat tersine bolmalymyş. Olarda hiç bir mukaddeslik, hiç hili abraýlaýykat bolmaly dälmiş, eger-
eger! Ine, Ýemelýa baýak özüni bir zada gol çekdirenlerini aýdypdy. Ony şonda her bir synasyna iki şaýy töläp, resmi suratda gözden geçirenmişler. Olar Ýemelýa iki şaýyny ýönelige berendir öýdýär welin, asla beýle däl: olar özlerine biçäräniň görkezileni üçin pul töledi. Hawa, bu

zamanada, gereklim, haýyr işler hem, birhili, geň terzde amal edilýär. Belki, hemişe-de şeýle edilendir, kim bilýär! Ýa-ha olarda başarnyk ýok, ýa-da olar ezber ussa
— ikiden biri. Siz, belki, muny bilen hem dälsiňiz, indi welin habarly bolduňyz! Başga bir meselede ejizdiris, ýöne mundan başymyz çykýandyr! Biçäre adamyň bularyň ählisini bilmegi we bular hakda oýlanmagy näme üçindir öýdýäňiz? Näme üçin? Hawa, tejribe boýunça! Sebäbi, aýdaly, ol gapdalynda bir ýerde şeýlebir jenabyň bardygyny bilýär. Şol jenap hem meýlishana baran mahaly öz içinden; hany, şu gallaç hadym bu gün näme iýerkä? Men-ä kebapdyr ýagly piti iýerin, ol bolsa, belki, gury suwa bişirilen ýarma iýjekdir — diýip oýlanýandyr. Hawa, Warýa jan, bar şeýle adamlar, bar. Olar diňe şular ýaly zatlaryň pikirini edýär. Şol bihaýa dili awulylaryň gözi daşyndadyr. Ýöräniňde doly dabanyňa basýamyň ýada daraklygyňa; serediň, anha, şol hadymyň, pylan edaradaky geňeşdaryň ädiginden ýalaňaç barmaklary çykyşyp dur, o biriniň bolsa tirsegi görene göz bolup durmuş — ine,

olaryň gözi şunuň ýaly zatlarda. Soňam bularyň hemmesini kagyza geçirer, ýene biri bolsa şeýle nejislikleri çap eder... Ýeri, meniň tirseklerimiň ýyrtyklygy bilen ne işiň bar diýsene? Biler bolsaňyz, siz, Warýa jan, meni gödek sözüm üçin bagyşlaň welin, pukara adamyň-da bu meselede, aýdaly, siz zenanlaryňky ýaly uýat-haýasy bar ahyryn. Siz, morta sözümi geçiriň welin, hemmeleriň öňünde sypyrynyp durmarsyňyz ahyryn! Ine, pukara adam hem şonuň ýaly-da, ol, hany, maşgala ýagdaýlary nähilikä diýip, külbesine kesekiniň burnuny sokmagyny asla isleýän däldir. Hawa, ine, şeýle. Meniň duşmanlarym bilen abraýyma we laýykatyma hyýanat edip, Warýa jan, göwnüme degmek hem hut şeýle zatdyr!
Şu gün iş ýerimde hem meniň bolup oturyşymy görsediňiz, edil bir aýyjygyň, ütülen bir serçejigiň barda! Öz-özümden utanyp, bir gara ýere girip bilmedim. Baý, Warýajygym, utanandyryn-a! Ýogsa-da ejizlärsiň, tirsekleriň ýyrtygyndan sömelip, ilikleriň üzüldimüzüldim diýip

sallanyp dursa. Edil bilgeşleýin ýaly, bütin üst-başym şeýledi-dä! Islemeseň-de lapykeç bolarsyň.
Bu dagy nämejik! Şu gün Stepan Karlowiçiň özi meň bilen söhbete başlan ýaly etdi, gürledi-gürledi-de, birdenem tötänlikde ýaly: «Häk, Makar Alekseýewiç!» diýäýdi. Pikir eden zatlarynyň galanyny aýtmady, ýöne men özümem düşündim. Boz-ýaz boldum, hatda ýylçyr kellämhem gyzaryp gitdi. Bu, elbetde, hiç diýeli, ýöne ynjalykdan gaçyrýar, agyr oýlanmalara gark edýär.
Hernä bir zatlary bilen däldirler-dä! Hudaý saklasyn, birden bir zatlary bilen bolaýsalar! Men, dogrymy aýtsam, birinden güman edýärin, örän güman edýärin. Haýynlar, nebsi agyrjakmy diýsene olaryň! Satarlar! Ähli şahsy durmuşyňy gara şaýa satarlar; — tobasy ýokdur olaryň. Men munuň kimiň kezzaplygydygyny bilýärin. Bu
Ratazýaýewiň haramzadalygy. Biziň edaramyzda onuň tanşy bar; ähtimal, gep arasynda üstüne goşupjyk aýdandyr. Ýa-da öz edarasynda gürrüň edendir, gep bolsa, ondan çykyp biziň edaramyza süýrenip gelendir. Ýaşaýan

ýerimde bolsa bu barada bilmeýän ýok, siziňem äpişgäňize barmak çommaldýarlar. Men anyk bilýärin, çommaldýarlar. Düýn size nahara ugradym welin, hemmesi äpişgelerden özüni oklaýjak boldy. Öý bikesi bolsa, görüň diýýä, iblis bilen bäbegiň bolşuny. Özem siz barada hem biedep bir söz ulandy. Ýöne bularyň ählisi kümsük Ratazýaýewiň ikimiz barada edebiýatda ýazmak, wejera etmek pyglyna garanyňda hiç zat bolaýýar. Onuň özi aýdypdyr, göwni päk adamlar bolsa maňa ýetirdi. Men, gereklim, hiç zat hakynda pikir hem edip bilemok, näme etjegimi-de bilemok. Hakykaty gizlejek gümanyň ýok, peýkerjigim, Hudaýyň öňünde biz ýazykly! Siz, gereklim, maňa göwnümi açmagym üçin bir kitap iberjekdiňiz. Goýbolsun edeliň-le şony! Kitap nämedir? Toslanan bir hekaýatdyr! Roman diýlenem bir bidereklikdir, ýalançylyk üçin, güýmenje tapmaýanlar okasyn diýlip ýazylandyr. Maňa ynanaýyň, gereklim, köp ýyllyk tejribäme ynanaýyň! Eger Şekspir diýen biri bolupmyş diýseler, hamala edebiýatda Şekspir barmyş diýseler, bilip goýuň —

https://kitaphana.net

Şekspir hem bidereklikdir, duran bir bidereklikdir. Ähli zat diňe töhmetçilik üçin edilendir!

Siziň Makar Dewuşkiniňiz.

A w g u s t y ň 2-si.

Merhemetli Makar Alekseýewiç!

Hiç zadyň aladasyny etmäň, Hudaý bardyr, ähli zat düzeler. Fedora maňa hem, özüne hem birgiden iş tapypdyr. Biz gülüp-oýnap işe girişdik, belki, ähli zadyň çäresini taparys. Fedora başymdan inen soňky külpetlerde Anna Fýodorownanyň eli bolmaly diýip güman edýär. Ýöne indi maňa bary bir. Şu gün, birhili, hemişekilerden keýpim kök. Siz pul karz almakçy diýýärsiňiz; Hudaý saklasyn! Gaýtarmaly bolanda, başyňyz derde düşer. Gowusy, biziň bilen ýakynrak gatnaşyň, bize köpräk geliň we öý bikäňiziň bolşuna pitiwa etmäň. Beýleki duşmanlaryňyz we betpygyllylar barada aýdanymyzda bolsa, Makar Alekseýewiç, siz biderek betgüman bolup, özüňizi horlaýarsyňyz! Gördüňiz-ä, men geçen gezek size hatyňyz biraz gümürtik diýipdim. Hoş onda, görüşýänçäk.

https://kitaphana.net

Siziň hökman gelmegiňize garaşýaryn.
Siziň W.D.
A w g u s t y ň 3-i.
Perişdejigim, Warwara Alekseýewna!
Meniň ömrümiň bezegi, mende käbir umytlaryň döränini size mälim etmäge howlugýaryn. Goýaweriň, ezizim, ne sebäpden siz maňa karz almaweriň diýýäňiz? Mähribanym, bergisiz ýaşamak mümkin däl-ä. Meniň hem ýagdaýym oňat däl welin, birden siziň hem işleriňiz ugruna bolman duruberse! Siz örän ejizje ahyryn, men hökman karz almalydygy üçin ýazýan-da. Ýeri, bolýar, hatymy dowam edeýin.
Men, Warwara Alekseýewna, edarada Ýemelýan Iwanowiçiň gapdalynda oturanymy aýtmak isleýärin. Bu siziň tanaýan Ýemelýanyňyz däl. Bu Ýemelýan edil meniň ýaly derejeli geňeşdar we ol ikimiz tutuş edaramyzda iň ýaşuly, iň köp işlän gullukçydyrys. Ol açyk göwünli, hoşniýetli, ýöne, birhili, dymma, hemişe ýüzünden gar ýagyp durandyr. Ýöne işine ökde, haty dagy tüýs iňlis

https://kitaphana.net

hatdadyň bar-da, ählisini bolşy ýaly aýtsam, ýazmakda ol menden pes däl, garaz, mynasyp adam! Biz onuň bilen hiç haçan içginsireşemzok, diňe endik boýunça salamymyz bar, onsoňam, birden maňa çakgy gerek bolsa, «Neme-le, Ýemelýan Iwanowiç, çakgyny beräýseňiz» diýip soran mahalym bolupdy. Bir söz bilen, diňe hemhanalykda talap edilýän gatnaşyk. Ine, ol şu gün maňa: «Makar Alekseýewiç, näme oýa batdyňyz-la?» diýýär. Görsem, adamyň pikirinde ýagşylykdan başga zat ýok, hawa, «Ýemelýan Iwanowiç, şeýleräk bir ýagdaý boldy» diýdimde, ýüregimi açaýdym. Ýok, ählisini aýdamok, Hudaý saklasyn, hiç haçanam aýtmaryn, sebäbi aýtmaga gaýratym çatanok. Diňe käbir zatlary aýtdym, elim ýukarak diýdim we şuňa meňzeş. Ýemelýan Iwanowiç bolsa maňa şeýle diýdi: «Siz, gadyrdan, karz alaýmaly ekeniňiz-dä. Ine, Pýotr Petrowiçden alsaňyz-da bolardy, ol göterimine berýär. Men alyp gördüm, göterimem salykatly, çökder däl». Meň, Warýa jan, ýürejigim towsan ýaly boldy. Belki, diýdim öz ýanymdan, belki, Hudaý

https://kitaphana.net

onuň, haýyr halan Pýotr Petrowiçiň ýüregine salsyn-da, ol maňa karz bersin-dä. Özüm bolsa, mazaly, öý bikesine tölärin, size kömek ederin, eginbaşymy-da timar ederdim, ýogsa aýyp ahyryn, iş ýeriňde oturmagyň özi bir güzab-a diýip, eýýämden ýerini gazyp başlaýaryn. Işdäki heşelleçilerem üstümden gülüp goýanok halys! Onsoň, onuň alyhezretem negada stolumyzyň gapdalyndan geçip dur. Hudaý saklasyn, birden nazary mende eglenip, eginbaşymyň salykatsyzdygyny göräýse! Onuň esasy talaby bolsa arassaçylyk we päkizelik ahyryn. Ol, elbetde, hiç zat diýmezem, ýöne men utanjymdan ölerinä! Boljagy, ine, şu! Şeýlelikde, men ýüregimi bire baglap we aýbymy-utanjymy ýyrtyk jübime saldym-da, ýöneldim Pýotr Petrowiçiň ýanyna. Özüm bolsa hem-ä umytdan pürepür, hem-de neneň bolarka diýip, janym salyň üstünde diýleni. Ýöne, Warýa jan, ähli zat bidereklik bilen gutardy duruberdi! Ol işli eken, Wedoseý Iwanowiç bilen gürleşýärdi. Men onuň gapdalyndan bardym-da elinden çekdim, Pýotr Petrowiç, aý, Pýotr Petrowiç! diýen terzde.

https://kitaphana.net

Ol bäri bakdy welin, men dowam etdim, neme-le, bir otuz manat gerekdi diýdim. Ol ilki maňa düşünmedi öýdýän, men oňa ähli zady düşündirenimde bolsa, ýöne güläýdi, hiç zat diýmedi. Men ýene ýaňky ýaly ýüzlendim. Ol bolsa «Girewine goýara zadyňyz barmy?» diýdi. Özem burnuny öňünde ýatan kagyza diräp ýazan bolýar, maňa asla seredenogam. Men birneme aljyradym. «Ýok, Pýotr Petrowiç, girewim-ä ýok ýöne aýlyk-günlük berler welin, şonda hökman üzerin, ilkinji nobatda siz bilen üzülişerin» diýip düşündirjek boldum. Şol pursat ony bir-ä çagyrdy, men garaşdym, ol gaýdyp geldi-de, galamyny artyp başlady, meni bolsa hamala görmeýän ýaly. Menem: «Ýeri, Pýotr Petrowiç, bir ýagdaý edip bolmazmyka?» diýip, öz arzymy ýanjamak bilen. Ol sesini çykaranok, meň aýdýanlarymy eşitmeýän ýaly. Men bir salym durdum, hany, soňky gezegem bir synanyşaýyn diýdimde, çekdim ýeňinden. Ol welin bir söz berin diýsin-dä. Galamyny artyp, ýazmak bilen boluberdi. Men sowluberdim. Ol, gerek lijäm, biler bolsaňyz, belki,

https://kitaphana.net

salykatly adamdyr, özüne göwni ýetýändir, örän ýetýändir — maňa näme! Warýa jan, olar nire, biz nire! Men bularyň ählisi barada size ýazýanymyň sebäbi, ine, şunda. Ýaňky Ýemelýan Iwanowiç hem güldi-de, başyny ýaýkaýdy, ýöne ýüregi ýumşak adam eken, Ýemelýan Iwanowiç meni umytsyz goýmady. Birine meň üçin kepil geçmegi wada etdi. Şol adam, Warýa jan, Wyborg köçesinde ýaşaýarmyş, ol hem göterimine berýärmiş, pes derejeli bir hadymmyş. Ýemelýan Iwanowiç bu adam hökman berer diýýär. Men, perişdejigim, ertir onuň ýanyna gidibirind-ä, hä? Nähili pikir edýäňiz? Karz alaýmasam bolar ýaly däl-ä! Öý bikesi meni kowmakdanam gaýtjak däl, meni naharlamaga-da razylyk berenok. Meň bolsa, gereklijäm, ädigimem juda gözgyny, iliklerimem tükel däl. Wah, tükel dälim diňe şumy diýsene! Birden başlyklardan biri bu zeýilli salykatsyzlygy göräýse? Bolar ýaly däl, Warýa jan, halys bolar ýaly däl!

Makar Dewuşkin.

A w g u s t y ň 4-i.

Gadyrdan Makar Alekseýewiç!

Haýyş edýärin, Makar Alekseýewiç, mümkin boldugyça bahymrak, näçe-de bolsa pul karz alaweriň; häzirki ýagdaýda sizden hiç kömek soramazdym welin, ýöne meniň ýagdaýymy bir bilsediňiz! Biziň häzirki ýaşaýan ýerimizde mundan artyk durarlyk ýok. Men elhenç bir ýakymsyzlyklara uçradym we meniň häzir neneň aljyrap tolgunýanymy bir bilsediňiz! Göz öňüne getiriň, dostum: şu gün irden bize gartaşan, garry diýseňem boljak, döşi ordenli bir nätanyş adam geldi. Men oňa näme gerekdigine düşünmän, haýran galdym. Fedora şol wagt dükana diýip çykypdy. Ýaňky adam «Ýaşaýşyň neneň, näme işleýäňiz?» diýip sorap başlady we jogaba garaşman, özüniň şol ofiseriň daýysydygyny, özüni salykatsyz alyp barany we bütin mähelläniň gepine goýany üçin ýegenine örän gaharlydygyny aýtdy. Ýegeniniň gögele we ýeňilkelledigini, özüniň meni penalamaga häzirdigini mälim etdi. Ýaşlaryň aýdýanlaryna baş galdyrmazlygy maslahat berdi, maňa atalarça nebsiniň agyrýanyny, ata

hökmünde garaýanyny we ähli zatda kömek etmäge taýýardygyny aýtdy. Men çym gyzyl boldum, näme pikir etjegimem bilmedim, ýöne minnetdarlyk bildirmäge howlukmadym. Ol zor bilen elimden tutdy, ýaňagyma çalarak kakan boldy, meniň örän oňatjadygymy we ýaňaklarymdaky çukanajyklaryň özüne hoş ýakýanyny aýtdy, ýene, gör, nämeler diýdi. Ahyr hem özüniň eýýäm garrydygyny aýdyp, meni öpjek boldy. Ol şeýlebir nejisdi! Şol wagt hem Fedora geldi. Ýaňky garry biraz aljyrady we sözüni dowam edip, sadalygym we asyllylygym üçin hormat goýýanyny, meniň özünden çekinip durmazlygymy biçak isleýänini aýtdy. Soň Fedorany bir gapdala çagyrdy-da, geň bir bahana bilen oňa pul gowşurjak boldy. Fedora, elbetde, almady. Ahyr ol gidermen boldy, öňki aýdanlaryny ýene bir ýola gaýtalady, ýanyma ýene geljegini we maňa ysyrga getirjegini aýtdy, özem örän aljyraýardy. Maňa ýaşaýan ýerimi üýtgetmegi maslahat berdi we öňden bellän örän oňat bir ýerini salgy berdi, şol ýerde ýaşamagyň maňa gymmat düşmejegini

aýtdy. Soň özüniň meni ak ýürekli we akylly-başly gyzdygym üçin örän gowy görenini aýtdy, azgyn ýaşlardan gaça durmagy maslahat berdi we ahyrynda Anna Fýodorownany tanaýanyny, Anna Fýodorownanyň oňa özüniň menden habar tutjagyny maňa aýtmagy tabşyranyny aýtdy. Şu ýerde ähli zada düşündim. Men özüme näme bolanyny bilemok; ömrümde ilkinji gezek şeýle ýagdaýa düşüpdim; saklanyp bilmändirin, onuň ýüzüni erbet aldym, utandyrdym. Fedora maňa kömege ýetişdi we ony kowup diýen ýaly öýden çykardy. Biz bularyň ählisi Anna Fýodorownanyň işidir diýen karara geldik; ýogsa, ol garry bizi nireden tanasyn?

Indi, Makar Alekseýewiç, men size ýüzlenýärin we kömek etmegiňizi sorap ýalbarýaryn! Hudaýyň haky üçin meni bu ýagdaýda ýeke goýmaň! Haýyş edýärin, näçe-de bolsa pul karz alyň; biziň bu ýerden göçmäge ýagdaýymyz ýok, bu ýerde galmak bolsa asla mümkin däl. Fedora hem şuny maslahat berýär. Bize juda bolmanda ýigrimi bäş rubl gerek, men bu puly size gaýtararyn, men olary gazanaryn.

https://kitaphana.net

Fedora bu gün-erte ýene iş tapar, şonuň üçin göterimiň ululygy sizi çekindirse, ýaýdanyp durmaň-da, ähli zada razy boluň. Men size ählisini gaýtararyn, ýöne Hudaýyň haky üçin meni hemaýatsyz goýmaň. Häzirki ýagdaýyňyzda sizi biynjalyk etmek maňa örän kyn, ýöne ähli umydym diňe size bagly! Hoş onda, Makar Alekseýewiç, meni unutmaň we Hudaý rowaçlyk bersin!
W.D.

A w g u s t y ň 4-i.

Meniň eziz Warwara Alekseýewnam!

Meni heýjana getirýän, ine, şu garaşylmadyk urgular-da! Ine, şunuň ýaly elhenç apatlar-da ruhumy heläk edýän! Bu dürli ýalýagylar we kümsük gojajyklar hümerlenişip, peýkerjigim, sizi hassa-heläk etmek islemekden-de başga, olar, ýalýagylary, meni-de harap etmekçi bolýar. Harap ederlerem, ant içýärin, harap ederler! Meniň üçin häzir sizi kömeksiz goýanymdan, ölenim ibaly ahyryn! Size kömek etmesem, hut öldügim biläýiň, Waryа jan, ediljek öldi biläýiň. Kömek etsem welin, siz, ezizim, guşgumrynyň

höwürtgejiginden uçup gidişi ýaly, sizi paralamakçy bolýan hü wülerden, şu ýyrtyjylardan gutulaýarsyňyz. Meniň ýüregimi paralaýan zat hem, ine, şu-da, gereklim meniň! Wah, Warýa jan, beýle-de bir rehimsizlik etmek bolarmy ahyryn! Bu näme etdigiňiz?

Sizi gynaýalar, göwnüňize degýäler, siz, ejizje guşum meň, ejir çekýäňiz, şo barmana-da meni biynjalyk edýäniňize gynanýaňyz, üstesine, bergini işläp üzmegi, has dogrusy, meni möhletinde goldamak üçin şonsuzam ejizje halyňyza horluk çekjegiňizi wada edýäňiz. Warýa jan, siz nämäniň gürrüňini edýäniňiz barada oýlanyp bir görüň-ä! Size tikin-çatyn nämä gerek, işlemek nämä gerek, dertli başyňyzy aladalara sokmak, naşyja gözjagazlaryňyzy zaýalamak we saglygyňyzy heläk etmek nämä gerek ahyryn? Wah, Warýa jan, Warýa jan, bilýäňiz-ä, ezizim, men hiç zadyň alnyndan däl, hiç bir derde ýaramaýanymy özümem bilýän. Ýöne men özümi buýsanar ýaly ederin! Men ähli zada döz gelerin, gapdalyndan goşmaça bir iş taparyn, dürli edebiýatçylar üçin çem gelen kagyzlary

https://kitaphana.net

göçürerin. Olara ýüz tutaryn, özüm üstlerine bararyn, iş berdirerin. Sebäbi, gereklijäm, olaryň gözleýäni oňat hatdat, men bilýän-ä. Ýöne siziň özüňizi heläklemegiňize ýol bermerin, beýle heläkleýji niýetiň amal bolmagyna ýol bermerin. Men, peýkerjigim, hökman, ölerin-galaryn welin, karz pul taparyn.

Onsoňam, mähribanym, göterimiň ululygyndan gorkmaň diýip ýazýaňyz. Gorkmaryn, gereklim, gorkmaryn, indi hiç zatdan gorkmaryn. Men, gereklim, men kagyz pulda 40 rubl soraryn; bu köp däl-ä, Warýa jan, nähili pikir edýäňiz? Sözüme ynanyp, maňa kyrk rubl karz berip boljakmy? Ýagny aýtjak bolýanym, siz meni daşymdan synlap ähtimallyk we ynanç döretmäge ukyply hasap edýäňizmi? Daş görnüşim boýunça, ilki gören adam men barada ýagşy pikirde bolup bilermi? Hany, peýkerjigim, oýlanyp görüň, men ynam döretmäge ukyplymy? Hut siziň özüňiz nähili çak edýäňiz? Biler bolsaňyz, birhili, gorky duýulýar. Ynjydyjy ahwal, hakykat, ynjydyjy ahwal-da! Kyrk rubluň ýigrimi bäşini size niýetleýärin, Warýa jan. Iki rubly öý

bikesine, galanlaryny bolsa öz harajatlaryma niýetleýärin. Elbetde, öý bikesine köpräk bermeli, hatda şeýle etmek zeruram. Ýöne siz, gereklim, ähli zady göz öňünde tutuň, meň ähli hajatlarymy sanap görüň, şonda oňa has köpräk pul berip bolmajagyna göz ýetirersiňiz. Diýmek, bu barada aýdyp hem durmaly däl, ýatlamak hem gerek däl. Kümüş pulda bir rubla ädik alnaryn; men ertir köne ädigimi süýräp, edara nädip baryp biljegimi-de bilemok. Boýna baglanýan ýaglyjagam zerur, sebäbi könäniň alnanyna bahym bir ýyl bolýar. Ýöne siziň maňa köne öňlükden diňe bir ýaglyk däl, eýsem, köýnejigem tikip bermegi wada edeniňiz üçin men ýaglyk hakynda indi alada hem etjek däl. Ine, ädik we ýaglyk eýýäm bar. Indi ilijikler barada! Siz, eýjejigim, ilik alynmasam bolmaz diýip özüňiz hem ylalaşypdyňyz. Meň penjegimde olaryň ýarsy dagy üzülip gutardy ahyryn! Onuň alyhezretiniň bu bitertipligi görmeginiň we diýmeginiň, onda-da neneň diýmeginiň mümkindigi barada pikir edemde galpyldaberýän! Men, gereklim, onuň aýdanlaryny eşidip hem bilmerin, sebäbi

https://kitaphana.net

ölerin, hut ölerin, duranja ýerimde jan bererin, utançdan ýaňa takga janym çykar duruberer! Wah, gereklim, dat günüme! Ine, ähli zeruryýetlerden soň üç rubl galyberýär. Bu gündelik hajatlar üçin, ýarym gadajyk temmäki üçin, sebäbi, peýkerjigim, temmäki bolmasa duran ýerimdir. Men eýýäm dokuz gün bäri temmäkisiz ahyryn. Dogrymy aýtsam, size geňeşmänem alardym welin, birhili, utanýaryn-da. Siziň-ä başyňyz belada, eliňizdeaýagyňyzda zat galmady diýleni, men bolsa dürli eşretlere gümra. Şonuň üçinem size ählisini aýdyp otyrynda, soň utanyp-gyýlyp ýörmez ýaly. Warýa jan, size açaçan boýun alaýyn, men häzir juda gözgyny ýagdaýda, ýagny şu çaka çenli hiç beýle apatlara uçramandym. Öý bikesi meni ýigrenýär, hiç kimden sylag-da ýok, hormatda. Kemçilikler elhenç, üstesinede, bergi-borç. Iş ýerimde bolsa, özüm ýaly hadymlardan maňa öňem ýüz beren ýok, indi bolsa agzap hem durmaly däl. Men ýaşyrýaryn, hemmelerden ähli zady ýaşyrýaryn, özümem gizlenýärin.

Edara baranymda hem bukdaklap hemmelerden çekinip, gizlenip girip çykýaryn. Meň diňe size ähli zady aýtmaga gaýratgurbatym ýetýär-ä... Birden karza geçmän durubersem!
Ýok, Warýa jan, gowusy bu barada pikir etmäýin we munuň ýaly pikirler bilen özümi öňünden gynamaýyn. Bulary ýazýanym-da, bu barada pikir etmäň we agyr pikirler bilen özüňizi gynamaň diýip sizi ägä etmek üçindir. Eý, Taňrym, siz şonda ne günlere uçrarsyňyz! Bir zad-a bilýärin, karza geçmesem, siz häzirki bolýan ýeriňizden göçmersiňiz we men ýanyňyzda bolaryn. Ýok, pul tapmasam, men yzyma dolanmaryn, güm bolup giderin, ýitirim bolaryn. Baý, ýazmak ýazypdyryn-ow, sakgaly bolsa syrmak gerek. Şeýtsem, her hal hoşsypadrak boljak, hoşsypatlyk bolsa hemişe rowaçlyga sarydyr. Goý, Gudraty Güýçli medet bersind-ä! Hudaýy çagyryp, ýola düşeýin! M.Dewuşkin. A w g u s t y ň 5-i.
Rehimdarym Makar Alekseýewiç!

https://kitaphana.net

Siz beri lapykeç bolmaň ahyryn! Şonsuzam derdimiz ýetik. Size kümüş pulunda otuz köpük iberýärin, mundan artyk iberip bilemok. Özüňize has geregräk zady, ertir gün görer ýaly bir zat alnyň. Biziň özümizde hem hiç zat ýok diýen ýaly, ertir-ä näme etjegimizem bilemok. Kalbym tukat, Makar Alekseýewiç! Ýöne siz gamlanmaň, başartmasa, boljagydyr! Fedora heniz gaýagopuz ýok diýýä, heniz şu ýerde ýaşasak-da bolýa, göçenimizde hem utjak zadymyz köp däl, isleseler, nirede bolsagam taparlar diýýä. Ýöne her niçik bolsa-da, indiden soň bu ýerde galmak gowy däl. Kalbym tukat bolmanlygynda, size bir zatlary ýazardym.

Makar Alekseýewiç, siziň häsiýetiňiziň geňdigini! Siz ähli zady juda ýüregiňize alýaňyz; şu sebäplem siz mydama adamyň biçäresi bolarsyňyz. Men siziň ähli hatlaryňyzy üns bilen okaýaryn we her hatyňyzda men barada alada edip gyýylýanyňyzy, özüňiz barada hiç haçan beýle aladalanmaýanyňyzy görýärin. Elbetde, hemmeler siz ýagşyzada ýürekli adam diýer, ýöne men ol gereginden beter ýagşyzada diýerin. Men, Makar Alekseýewiç, size

https://kitaphana.net

dost maslahatyny bereýin. Men size minnetdar, meniň üçin eden ähli zatlaryňyza örän minnetdar, men bularyň ählisini doly duýýaryn. Indem özüňiz oýlanyp görüň, siziň häzir, islemesem-de, men sebäpli bolan ähli külpetlerden soň, siziň häzirem diňe men diýip ýaşaýanyňyzy, şatlygyma begenip, hasratlaryma gynanyp, meň ýüregim diýip ýaşaýanyňyzy görmek maňa neneň täsir edýär! Kesekileriň ähli ahwallaryny şeýle ýürege alsaň, eger ähli zatda şeýle dertdeşlik etseň, onda, dogrudan-da, adamyň biçäresi bolanyňyzy geňlemelem däl. Şu gün, siz işden soň meň otagyma gireniňizde, sizi görüp, haýykdym. Ýüzüňizde gan-pet ýokdy, gözüňizde gorky, näumytlyk bardy, sizi tanar ýaly däldi. Hemmesem işiňiziň şowuna däldigini maňa aýtmaga çekineniňiz, meni gynandyrmajak, gorkuzmajak bolanyňyz sebäplidir. Meniň gülkimi zordan saklaýanymy göreniňizde bolsa, siziň hem ýüregiňiz aram tapan dek boldy. Makar Alekseýewiç! Siz gamlanmaň, özüňizi näumytlyga bermäň, pähimliräk boluň —haýyş edýärin, ýalbarýaryn. Ine, özüňizem görersiňiz, hemme zat

oňatlaşar, ähli zat gowulyga tarap üýtgär. Ýogsa size mydama başganyň derdine ýanypköýüp ýaşamak juda agyr düşer. Hoş, dostum; ýalbarýaryn, men barada juda aladalanmaň. W.D.

A w g u s t y ň 5-i.

Meniň mähriban Warýa janym!

Bolýar, peýkerjigim, bolýar, boýun bolýaryn! Siziň pikiriňizçe, meniň pul tapmanym heniz uly betbagtlyk däld-ä. Ýeri, bolýar; men siz babatda arkaýyn, siziň bolşuňyza men bagtyýar! Hatda siziň men garryny terk etmeýäniňize, häzirki ýaşaýan ýeriňizden gitmeýäniňize begenýärinem. Ählisini bolşy ýaly aýtmaly bolsa, öz hatyňyzda men barada şeýle oňat ýazanyňyzy, meniň duýgularymyň-da mynasyp öwgüsini ýetireniňizi görenimde bütin kalbym şatlykdan dolup-daşyberdi. Men muny buýsanmakdan aýtmaýaryn, eýsem, meni nähili gowy görýäniňizi, meniň ýüregim barada şeýle köp alada edýäniňizi görenim üçin aýdýaryn. Ýeri, bolýa-da, indi ýürek barada gürrüň edip durara iş ýok! Ýüregiň özi öz

https://kitaphana.net

başyna. Ine, gereklim, siz maňa ejizlemezligi ündeýärsiňiz. Men, peýkerjigim, şu ejizlemegiň gereginiň ýoklugyny özümem aýdýaryn. Ýöne ähli şu zatlara garamazdan, gereklim, meniň ertir gulluk ýerime nähili ädikli gitmelidigimi aýtsaňyzlaň! Mesele, ine, şunda, gereklim, şu pikiriň özi adamy heläkläp biljeg-ä, hut heläkläp biljekdir. Esasy zat bolsa, mähribanym, meniň özüm barada alada galmaýanymdyr, özüm üçin ejir çekmeýänimdir. Maňa parhy ýok, aňzak aýaz bolanda hem men şinelsiz we ädiksiz oňaryn, ählisini çekerin, çydaryn, maňa hiç. Men bir baýaky adam, kiçijik adam, ýöne il näme diýer? Duşmanlarym, awuly dilliler, şularyň ählisi näme gep-gybat eder şinelsiz gidibersem? Şinel geýmek hem adamlar üçin, ädikli bolmak hem şolar üçin ahyryn. Şeýle halatda, gereklim, ezizim, ädik mertebäňi saklamak we at-abraý üçin gerekdir. Ädigi dilik-deşik bolsa, ikisi-de puçdur, ynanaýyň, gereklim, meniň köp ýyllyk tejribäme ynanaýyň. Dereksiz ýazarmanlara we emelsiz hatdatlara

däl-de, mana, durmuşa-da, adamlarada belet garrynyň gepine gulak asyň.

Ýogsa-da, gereklim, men size bu gün bolup geçenleri, şu gün başyma gelenleri heniz doly gürrüňem beremog-a. Meniň bir säherde gören görgülerim, kalbyma ejir beren külpetler bir ýyla hem ýük boljak ahyryn. Bu, ine, şeýle bolup geçdi: birinjiden, men şol adamyň üstüni basmak we işe wagtynda barmak üçin ir-ertirden ýola düşdüm. Şeýlebir ýagyş ýagandyr şu gün, şeýlebir batgalyk bolandyr! Men, oňatjam, şinele bürenip ýöräberdim, ýöräberdim, özümem aldygyna dileg edýärin; Hudaý jan! Meň günälerimi geçeweri we islegleriminň hasyl bolmagyna amal edeweri. Ýolda kilisäniň gapdalyndan geçemde, Hudaýy ýatladym, ähli günälerime toba kyldym, birdenem Taňra beýdip ýalbar-ýakar etmegiň salykatsyzlykdygy ýadyma düşdi. Pikirlerim bilen gümra boluberdim, hiç zada seredesim-de gelmedi, ýöräberdim gözüm ýok ýaly. Köçeler boşlaňdy, gabat gelýänlerem her kim öz iş-aladasy bilendi, gaharlydy, ünjülidi. Muny

https://kitaphana.net

geňläp hem durmaly däl: şeýle ir çagda we şeýle howada kim seýle-seýrana çykjak diýsene! Üst-başy hapa işçileriň bir topary gabat geldi, itekläp halys etdi, çoçalar diýsänim! Kalbyma gorky aralaşdy, inim tikenekläberdi, dogrymy aytsam, pul barada hem pikir edesim gelmedi — bolany bor-da diýdim! Ýöne Woskresensk köprüsine ýetdimem welin, ädigimiň oltaňy açyldy, nädip baranymy özümem bilemok. Birdenem edaramyzdan hatdat Ýermolaýew duşdy. Sömelip dur boýnuny uzadyp, gözi içimdem geçip barýar, hamala arak puly soraýan ýaly. Haý, şepejik diýdim öz ýanymdan, seň arak ýadyňa düşýär! Halys ýadadym, aýak çekdim, biraz demimi dürsedim-de, ýene ýöräberdim. Bilgeşleýin nazarymy töwerege aýlap, pikirlerimi nämä güýmesemkäm, nädip çuslansamkam diýip oýlandym welin, bolar ýaly däl. Ünsüňi çeker ýaly ýekeje pikir bir kelläňe gelsind-ä. Gaýta üst-başym hapalandy, özözümden utandym. Ahyr uzakdan tagtadan gurlan üsti balahanaly sary jaýa gözüm düşdi. Hä, diýdim, şu bolsa gerek, Ýemelýan Iwanowiçiň salgysyna-da laýyk

https://kitaphana.net

gelýär, Markowyň öýi bolmaly. Göterimine pul berýänd-ä, gereklim, şol Markow diýilýän. Birhili, hakydama-da getirmändirin, bilýädim-ä Markowyň öýüdigini, şondada derwezebandan — aýtsana, gadyrdan, bu kimiň öýüdir? diýip sorasam nädersiň. Derwezeban juda gödek eken, zordan gürleýär, birine gaharlanýan ýaly, dişleriniň arasyndan syzdyryp — edil özi, diýýär, Markowyň öýi şu-la. Derwezebanlar aslynda yzgytsyz bolýar. Ýöne maňa derwezeban näme? Emma, diýseňem, erbet we ýakymsyz täsir galdy, bu-da bir urna diýleni boldy. Ähli zatda öz ahwalyňa meňzeşlik tapylyberer, özem hemişe şeýledir. Öýüň gapdalyndan üç ýola köçäni syryp geçdim, iki ýana gatnadygymça-da halym teňleşýär. «Häk, bermez, öldür bermez!» diýip içimi gepledýärin! Özüm-ä bir nätanyş adam, mesele-de güjükliräk, sypatymam meňki bolsun diýer ýaly däl. Äý, diýdim, ýazylanyny görübiris. Soň puşman etmäýin, synanyşanym üçin iýäýmezler-ä diýdim-de, dereçäni ýuwaşjadan açyberdim. Ine, birdenem ýene bir apat: bir ýerden nejis we samsyk bir ykmanda güjük

https://kitaphana.net

peýda boldyda, üýrüp, özüni öldüräýjek bolýar! Ine, gereklim, şunuň ýaly aýbygadym we ownuk säwlikler hemişe adamyň ganyny gaýnadyberýär we ýaýdandyryberýär, deslap toplap-toparlan ähli dogumlylygyňy ýok ediberýär.

Ine, şeýdip, ne öli, ne diri diýen halda girdim şol jaýa. Girdimem welin, ýene bir bela sataşdym. Garaňkyda işigiň öňündäkileri saýgarman ätlänimem şoldy welin, bir aýal bilen çakyşdym. Ol tüňňüründen küýzelere süýt guýup duran eken-de, ähli süýdi dökdi oturyberdi. Samsyk heleý: «Nirä süssürilip gelýäň, saňa näme gerek bu ýerde?» diýip bir çyrlandyr, bir heňkirme heňkirendir.

Baý, içini dökendir-ä. Men, gereklim, muny aýdýanymyň sebäbi, ýagny şunuň ýaly işlerde men hemişe şeýle ahwallara uçraýaryn; belki, ýazgyt şeýledir; ömür bir zada çolaşyp ýörün. Gykylyga bir garry kempir bilen öý bikesi çykdy. Men dessine oňa ýüzlenip: «Markow şu ýerde ýaşaýarmyka?» diýip soradym. «Ýok» — diýdi, biraz durdy, meni oňatja gözden geçirdi-de — Size ol nämä

https://kitaphana.net

gerek boldy?» diýdi. Men şeýle-şeýle diýip düşündirip başladym, Ýemelýan Iwanowiç we beýleki zatlar barada aýtdym, «Işjagazym bardy» diýdim. Kempir gyzyny çagyrdy, ol hem çykdy, ýetişen gyz eken, ýöne aýakýalaňaçdy. «Kakaňy çagyr, ol ýokardaky ýaşaýjylarda» diýdi, soň maňa «Giriň» diýdi. Girdim. Otag hiç neneň däldi, diwarlarda suratlar asylgy, ählisem generallaryň portretleri. Diwan, tegelek stol, küýzelerde güljagazlar — içimden: aman-sagkam gidäýsemmikäm, gitsemmi-gitmesemmi? diýýärin. Eger çynym, gereklim, gaçyberesim geldi! Gowusy, diýdim, ertir geläýeýin, howa-da gowulaşar, menem özümi dürsärin, bu gün, görä, süýt hem döküldi, generallar-da gaharly seredişýär... Eýýäm gapa-da ýöneldim welin, şol adam gapydan giräýdi — horaşaja bir zat eken, saçjagazy çal, gözjagazlary oýnaklaýar, dony kirden ýaňa ýalpyldap dur, biline-de kendirjik baglanan.
«Kimsiň, nämesiň?» diýip habarymy sorady, menem,

«Ine, şeýleräk ýagdaý, Ýemelýan Iwanowiç, kyrk rubl, şeýleräk ýagdaý...» diýip başladym, ýöne sözümi soňlamadym. Gözünden okadym işimiň paşmanyny. «Neme, iş, diýdi, şeýle, mende pul ýok; siziň, näme, girewiňiz barmy?» diýdi. Men «Girew-ä ýok, ýöne Ýemelýan Iwanowiç...» diýdim we arzymy düşündirip başladym. Hemmesini diňledi, «Ýok, Ýemelýan Iwanowiç bolanda näme! Mende pul ýok diýdi». Hä! — diýdim men. Hawa, şeýle. Men muny bilipdim, syzypdym. Aýtsam, Warýa jan, aýagymyň aşagynda ýer gorp atan bolsa gowy bolardy. Endamym buz ýaly boldy, aýaklarym doňup galdy, ýagyrnym jümşüldäp gitdi. Menä oňa seredýän, ol hem maňa, ýöräber gardaş, bu ýerde senlik iş ýok diýäýesi gelip duran bolara çemeli. Özüm utanyp gitdim. «Näme beýle pul gerek bolaýdy?» diýdi. Görüň-ä, gereklim, soran zadyny! Men biderek sömelip durmaýyn diýip agzymy açjak boldum welin, ol diňläp hem durmady. Ýok, pulum ýok, ýogsa höwes bilen
bererdim diýdi. Men oňa ähli delillerimi getirdim,

https://kitaphana.net

«Kän däl-ä, men gaýtararyn, möhletinde gaýtararyn, möhletindenem öň gaýtararyn, göterimi näçe bolsa bolsun, Hudaý bar, bererin — diýdim. Şol pursat, gereklim, siz, siziň ähli külpetleriňiz we zerurlyklaryňyz, siziň ýarym rubluňyz ýadyma düşdi. «Ýok-la, göterim hiç, ine, girewiňiz bolanda! — diýdi. — Bolmasa, mende pul ýok, eger çynym, ýok; bolsa höwes bilen bererdim» diýdi. Gorkman, ant hem içdi, galtaman diýsänim!
Ine, mähribanym, ýagdaý-a şeýleräk. Nädip ol ýerden gaýdanymam, Wyborg köçesine çykyşymam, Woskresensk köprüsine ýetenimem ýadyma düşenok. Juda ýadadym, süňňüm bilen gagşadym, gataplar galdym, işe-de sagat dokuza zordan ýetişdim. Üstbaşymy biraz arassalamakçy boldum welin, garawul Snegirýow «Bolmaz, çotgany zaýalarsyň, çotga bolsa amanat» diýdi. Ine, gereklim, bular indi şeýdäýýär, biz bu jenaplaň ýanynda aýakgap süpürilýän letdeçe-de ýok. Biler bolsaňyz, Warýa jan, meni puluň ýoklugy däl-de, durmuşdaky şu ünji-aladalar, şu hyşy-wyşylar,

https://kitaphana.net

gülümsiremeler, henejikler öldürýär. Onuň alyhezretiniň, saý-sebäpden adyma bir zatlar diýmegi mümkindir welin... wah, gereklim, geçdi-gitdi-le meniň sapaly günjagazlarym! Şu gün men siziň ähli hatlaryňyzy ýaňadan okap çykdym; şeýlebir gamlanandyryn! Hoş, ezizim, Taňry sizi öz penasynda saklasyn! M.Dewuşkin. Hatsoňy. Men, Warýa jan, hupbatlarymy degişmä salybrak beýan etmekçidim welin, degişmek maňa başardanok bolarly. Göwnüňizden turmak isläpdim-dä... Men, gereklim, size bararyn, hökman bararyn, ertiriň özünde bararyn.

A w g u s t y ň 11-i.

Warwara Alekseýewna! Ezizim meniň gereklijäm! Işim gaýtdy, ikimiziň-de işimiz gaýtdy, ikimiziňem bileje galynmaz derejede işimiz gaýtdy. Meniň abraýym, mertebäm — bary harap, bary biderek! Men heläk, siz hem, gereklim, heläk, siz hem meniň bilen dolanuwsyz heläk! Bary menden, men sizi heläkçilige uçratdym! Meni kowýalar, gereklim, ýigrenýärler, weý-

https://kitaphana.net

weýleýärler, öý bikesi bolsa agzyndan gelenini diýýär. Şu gün maňa bir gygyrma gygyrandyr, hut ýere sokdy, jinnekden-de beter pisledi. Agşam Ratazýaýewiňkide bolsa olaryň biri size ýazan hatymyň tötänlikde jübimden gaçan garalamasyny hemmelere eşitdirip okap beripdir. Mähribanym olaryň üstümizden gülüşlerini eşiden bolsadyňyz! Atlarymyzy, atlarymyzy ýanjap, hahahaýlaşyp güldi haýynlar! Men üstlerinden bardym we Ratazýaýewi ähtiýalanlykda aýypladym, haýyn ekeniň diýdim. Ratazýaýew bolsa maňa «Özüň haýyn, kümsük işlere baş goşupsyň» diýdi. Ol maňa: «Siz hemmelerden ýaşyryn zatlara meşgul bolupsyňyz, siz Lowelas» diýdi. Indi hemmeler adyma Lowelas diýýär, indi meň başga adymam ýok! Eşidýäňizmi, peýkerjigim, eşidýäňizmi — indi olar ählisini bilýär, hemme zatdan habarly, siz hakdada, mähribanym, size degişli zatlaryň ählisi barada-da, ähli zat barada bilýärler! Bu dagy näme? Faldoni hem şolarlyk, ol hem şolar bilen. Şu gün ony dükana iberjekdim, ony-muny getir diýip. Gitmedi, «Işim bar»

diýen bolýar! «Sen borçly ahyryn» diýdim. «Goýaweriň — diýýär. — borçly dagy däl. Siz meň bikäme pul tölăňzog-a, men hem size borçly däl». Çekip bilmedim men ol bilimsiz näkesiň bu gödekligini, «Samsyk ekeniň» diýdim, ol bolsa «Özüň samsyk» diýýär. Men serhoşlykdan şeýle gödeklik edýändir öýtdüm we «Ah, sen, serhoş namartaý!» diýdim, ol bolsa maňa «Näme, hödür-hezzet edipmidiňiz? Özüňizde beri kellagyryny aýrarlyk bir barmyka, özüňiz bir naçaryň sadakasyna ýaşap ýörsüňiz» diýdi we «Baýar diýjekdirem özüne» diýibem sözüne goşdy. Ine, gereklim, ine, nämelere baryp ýetdi! Warýa jan, ýaşap ýörenime namys edýärin! Edil däli-diwanaň bar-da! Ady-sory bolmadyk bir ykmandadan-da beter. Bu ne külpet boldy! Öldüm men, hut öldüm! Dagy duwarasyz heläk boldum!

M.D. A w g u s t y ň 13-i.

Gadyrdanym Makar Alekseýewiç! Biziň bu apatlardan gözümiz açylman geçdi-le! Özümem ne alaç etjegimi bilýän däldirin! Indi siziň günüňiz neneň bolarka, maňada-ha umyt baglar ýaly däl indi — şu gün çep elim ütüge

https://kitaphana.net

ýandy. Tötänden elimden gaçyraýdym-da, hem agyrtdym, hem ýakdym, hemmesi birden boldy. Asyl işläp bilemok, üç gündür Fedora hem hassa. Meň içimi it ýyrtýar. Size kümüş pulda otuz köpük iberýärin, soňkuja gorumyz diýse-de boljak. Hudaý şaýatdyr, häzirki mätäçligiňizde ýüregim bilen kömek edesim gelýär. Hut agym tutýar! Hoş onda, dostum! Şu gün bize geläýseňiz, maňa teselli-hä bolardy. W.D.

A w g u s t y ň 14-i.

Makar Alekseýewiç! Bu nä boluş? Hudaýdan beri gorkuňa! Siz meni halys akylymdan azaşdyrsyňyz. Neneň utanmadyňyz! Siz özüňizi heläk edýäňiz, atabraýyňyz barada beri pikir ediň-ä! Siz bir päk ýürekli, asylly, arnamysly adam. Bu bolşuňyzy hemmeler biläýse nätjek! Utançdan ýaňa öläýmeli bolarsyňyz ahyryn! Çal başyňyzdan utanaňzokmy? Hudaý diýiň ahyryn! Fedora indi size «Mundan artyk kömek etjek däl» diýýär, menem size pul bermerin. Makar

https://kitaphana.net

Alekseýewiç, meni ne güne saldyňyz! Siz, belki, özüňizi ýaramaz alyp barmagyňyz maňa hiçdir öýdýänsiňiz; meniň siz zerarly nämeleri çekmeli bolýanymy heniz bileňzok! Men otagymdan bir ädimem ädip bilemog-a, hemmeleriň gözi mende, üstümden gülýärler, ne elhenç gürrüňleri edýärler. «Arakkeş bilen tirkeşýäň» diýip ýüzüme aýdýarlar. Neneňdir öýdýäňiz şeýle zatlary eşitmek! Sizi paýtunda öýe getirenlerinde, ähli ýaşaýjylar uly ýigrenç bilen: ine, şol hadymy getirdiler! diýýär. Men siz zerarly utançdan ýaňa bir gara ýere giremok! Soňky sözüm — men bu ýerden göçerin. Hyzmatkär bolaryn, iliň kirini ýuwaryn welin, şu ýerde galmaryn. Men size geliň ýanyma diýip ýazypdym, siz şonda-da gelmediňiz. Diýmek, Makar Alekseýewiç, meniň gözýaş döküp özelenmelerim siziň üçin hiç-dä! Nireden pul tapdyňyz ahyryn? Ýaradanyň haky üçin, ägä boluň. Sandan çykarsyňyz ahyryn, biderek sandan çykarsy

ňyz! Utançdyr-a, uýatdyr-a beýtmek! Düýn öý bikesi sizi içerik salmak islemedi, siz gijäni daş işikde, gapynyň agzynda

geçirdiňiz; men hemmesini bilýärin. Bu zatlaryň ählisini bilenimde halymyň niçik agyr bolanyny bir bilsediňiz! Ýanyma geliň! Bu ýerde siziň göwnüňiz açylar, bileje kitap okarys, köneleri ýatlarys. Fedora özüniň zyýarata gidişi hakynda gürrüň berer. Meň göwnüm üçin, mähribanym, özüňizem heläk etmäň, menem heläk etmäň. Men diňe siz üçin ýaşaýaryn, siz üçin ýanyňyzdan aýrylmaýaryn ahyryn. Siz bolsa häzir, gör, nähili ýagdaýda! Asylly boluň, betbagtçylyklarda durnukly boluň; unutmaň, garyplyk ýazyk däldir. Onsoňam, lapykeç bolubermeli däl ahyryn; bularyň ählisi wagtlaýyndyr! Hudaý bardyr, hemme zat düzeler, ýöne siz häzir beri özüňizi ýitirmäň. Size bir apbasy iberýärin, temmäki alnyň ýa-da başga bir islän zadyňyzy, ýöne Hudaýyň haky üçin, erbet zada harçlamaň. Bize geliň, hökman geliň. Siz, belki, ozalkylar ýaly utanýansyňyz, ýöne siz utanmaň, bu ýagdaýda utanmak telekdir. Tüýs ýürekden puşman edeniňiz ýeterlikdir.

Hudaýa sygynýaryn, Ol hemmesini ýola salar. W.D.

A w g u s t y ň 19-y.

Gereklim meniň, Warwara Alekseýewna!

Ýüzüm ýokdur, ezizim Warwara Alekseýewna, halys masgara boldum. Ýöne, gereklim, aýratyn bir bolan zat ýok ýaly-la? Kalbyňy bir dem şady-horram etmek bolýandyr-a? Men indi ädigimiň oltaňy hakynda pikir hem etmeýärin, sebäbi oltaň bir bidereklikdir we hemişe ýönekeý, aýbygadym, hapa oltaň bolmagynda galar. Ädigem bidereklik! Ýunan danalary ädiksizem gezipdir, onsoň näme üçin biz bu laýykatsyz närse bilen hüllihülli etmelimiş? Beýle bolsa, näme üçin meň göwnüme degýärler, näme üçin meni pisleýärler? Haý, gereklim, gereklim, tapdyňyz ýazjak zadyňyzy! Fedora bolsa aýdyň, ol biderek heleý, ynjalyksyz, bulagaý, üstesinede, samsyk, taýsyz samsyk! Meniň başymyň çallygy barada aýdanymyzda bolsa, siz, ezizim, munda hem ýalňyşýarsyňyz, sebäbi men edil siziň aýdyşyňyz ýaly juda bir garry hem däl. Ýemelýa size salam aýdýar. Siz köýümde ýanyp aglandygyňyzy ýazýarsyňyz; men hem özümiň köýüňizde

ýanyp aglanymy ýazýaryn. Sözümiň ahyrynda size jan saglyk we abadanlyk arzuw edýärin, özüm barada aýtsam, men hem sag-aman, gurat hem siziň, peýkerjigim, dostuňyz bolmak bilen, Makar Dewuşkin.

A w g u s t y ň 21-i.

Merhemetli hanym we gadyrly dostum Warwara Alekseýewna!

Günäkärdigimi duýýaryn, siziň öňüňizde günälidigimi duýýaryn, ýöne, meň pikirimçe, gereklim, siz näme diýseňiz-de, meniň munuň hemmesini duýýanymyň hiç hili nepi-peýdasy ýok. Men gözden düşmänkämem, bularyň ählisini duýýardym, ýöne, ine, göwnüm çökdide, ýazygyma düşünipjik özümi goýberdim. Gereklim men yzgytsyz we doňýürek däl; siziň ýürejigiňizi paralamak üçin bolsa, ezizim, azyndan, agzy ganyň tagamyny bilen gaplaň bolmak gerek. Meniň gursagymdaky bolsa goýun ýüregi we size mälim bolşy ýaly, mende gana suwsamak meýli ýok. Diýmek, peýkerjigim, öz etmişim üçin men juda bir günäkärem däl, edil şonuň ýaly,

meniň ýüregimde, pikirlerim-de günäkär däl. Ine, şeýle, men-ä ýazygymyň nämedediginem bilemok. Bu mesele şeýle bulaşyk, gereklim! Maňa otuz köpük iberdiňiz, soň bir apbasy iberdiňiz; siz, ýetim naçaryň iberen puluna gözüm düşende, ýüregim iňläp gitdi. Özüňiz-ä eliňizem ýakypsyňyz, bahym iýere zadyňyz-da bolmaz, siz bolsa maňa temmäki alnyň diýýäňiz. Ýeri, şeýle ýagdaýda men näme etmelidim? Ýa-da indi utanman, uýalman, bir garakçy kimin siz, ýetimi talap başlamalymy? Ine, şu ýerde men, gereklim, özümi goýberdim, ýagny ilkibaşda hiç bir derde ýaramaýanymy we özümiň hem ädigimiň oltaňyndan gowulygymyň ýokdugyny duýup, biygtyýar halda özüme laýykatly bir kişi hökmünde garamagy salykatsyz hasap etdim, tersine, özümi salykatsyz we bellibir derejede aýbygadym bir zat hasap edip başladym. Ýeri, onsoň, öz-özüme sylagy ýitirenimden soň, öz oňat häsiýetlerimi we laýykatymy inkär edip başladym, mundan soň bolsa bary owarram; mundan soň eýýäm haraplyk, gutulgysyz haraplyk! Bu eýýäm täleýiň emri, munda meň günäm ýok. Men ilki biraz

arassa howadan dem alaýyn diýip çykdym. Ine, şonda ählisi sepleşdi gidiberdi: tebigat hem, birhili, aglamjyraýandan boldy, howa-da sowukdy, ýagyş hem ýagýardy; bir ýerden Ýemelýa-da peýda bolaýdy. Ol, Warýa jan, eýýäm ähli zadyny girewe goýupdyr, elinde barynyň ählisi şol ýere gidipdir. Men oňa gabat gelemde eýýäm iki gün bäri aç gezip ýörşi eken. Şonuň üçin ol eýýäm aslynda girewe goýup bolmajak zady girewe goýjak bolup ýören eken, ýöne beýle zatlar asla girewe goýulmaýar-da. Ine, şeýdip, Warýa jan, meýilli bolanym üçin däl-de, hut adam ogluna duýgudaşlykdan saklanyp bilmedim. Ine, gereklim, günä işi-hä şeýle edilendir! Onuň bilen iki bolup aglaýşymyzy bir görsediňiz! Sizide ýatladyk. Ol mähremligiň özi-dä, ol örän mährem we ýüregi ýuka adamdyr. Men, gereklim, bularyň ählisini özüm duýýaryn; her hili ahwallara uçra magym-da bularyň ählisini içgin duýýanymdan. Men, ezizim, siziň maňa nähili ýagşylyklary edeniňizi bilýändirin! Siziň bilen tanşanymdan soň, men, birinjiden, özüme-de has oňat belet boldum, sizi hem söýüp başladym. Sizden öň bolsa,

peýkerjigim, men ýalňyzdym we bu dünýäde ýaşaman, birhili, ukuda ýalydym. Ol birehimler meniň syratymyň özi salykatsyz diýýärdiler we meni pisleýärdiler, onsoň men hem özümi pis görüp başladym. Olar men çöňňe diýdiler, men hem, hakykatdan-da, çöňňedirin diýip pikir etdim.

Size duşmak miýesser bolandan soň bolsa, bütin garaňky durmuşyma şeýlebir nur saçyldy welin, kalbym hem, göwnüm hem parlak şöhläniň yşygyna düşdi. Ýüregim aram tapdy, men özümiň hiç kimden kem däldigimi, ot ýaly bolmasam-da, görk-görmegim bolmasa-da, meniň hem adamdygymy, ýüregim we oýpikirlerim boýunça ynsandygymy bildim. Häzir bolsa, kysmatyň menlik däldigini, täleýiň menden ýüz öwrenini duýanymdan soň, özümiň şahsy mertebämi inkär edip başladym, başymdan inen külpetlerden halys bolup, göwnüm çökdi. Indi ähli zatdan habarly bolanyňyz üçin, gereklim meniň, bu ahwal barada gürrüň gozgamaň diýip janymdan syzdyryp ýalbarýaryn, sebäbi ýüregim paralanyp, dünýäm daralyp, gysyp-gowurýar.

Size, gereklim, sarpa goýýanymy ýene tekrarlamak bilen, wepadaryňyz.

Makar Dewuşkin.

S e n t ý a b r y ň 3-i.

Men, Makar Alekseýewiç, geçen hatymy tamamlamandym, sebäbi ýazmak maňa agyrdy. Mende käte şeýle pursatlar bolýar, ýeke bolmagy halaýaryn, tenhalykda gamlanmak, gussa-hasraty boýlamak isleýärin; özem şeýle pursatlar barha ýygjamlaşýar. Ýatlamalarymda meniň üçin düşündirip bolmaýan bir ahwal bar, ol meni şeýlebir doly we güýçli gurşaýar welin, birnäçe sagatlap töwerekdäki zatlaryň ählisine biperwaý bolýaryn we ähli zady, ähli gündelik hadysalary unudýaryn. Häzirki durmuşymdan hiç bir täsirler hakydama gelmeýär. Diňe geçmişimden, köplenç hem çagalygymdan, altyn zamanam bolan çagalygymdan ýakymly, agyr ýa hasratly hadysalary ýadyma salmaýan hiç bir zat galmaýar! Ýöne şeýle pursatlardan soň hemişe halym teň bolýar. Men, birhili, ejizleýärin; arzuwlara gark bolmagym hem

surnukdyrýar, saglygym bolsa barha we barha erbetleşýär. Ýöne şu gün bu ýerde güýz paslynda seýrek bolýan tämiz, nurly, parlak säher maňa täze güýç beren dek boldy we men bu sabany şatlanyp garşyladym. Ine, güýz hem geldi! Oba ýerinde güýz şeýlebir ýüregime ýakymly bolardy! Men şol mahal heniz çagadym, ýöne şonda-da eýýäm köp zady duýýardym. Güýz agşamyny men säherdenem eý görerdim. Öýümiziň iki ädim beýlesinde, dag eteginde köl bardygy ýadymda. Şol köl — men häzirem ony görýän ýaly — şol köl giňdi, ýagtydy, billur ýaly tämizdi! Käte, agşam asuda bolanda, köl parahatdy, kenarynda ösýän daragtlarda ýaprajyklar doňan ýalydyr, suwuň ýüzi-de aýna ýaly tep-tekizdir! Ter-tämizlik! Juda salkyn! Otlaryň üstüne çyg düşer, kenardaky öýjagazlarda yşyklar ýakylar, süri örüden geler. Ine, şol pursat men kölümi görmek üçin ýuwaşlyk bilen öýden giderdim-de, aňk bolup ony synlardym. Balykçylar edil suwuň ýakasynda çöpçalamdan ot ýakar, onuň ýagtysy suwuň ýüzünde alyslara ýeter. Asman sowukdyr, mawydyr,

gözýetimde bolsa alaw ýaly gyzyl zolaklar görner. Olar kemkemden barha agarar. Aý dogar, howa dup-durudyr. Guş-gumry bir zatdan gorkup uçaýsa, sähel şemala gamyş şygyrdasa ýa-da suwda balyk — hemme zat eşidilip durandyr. Göm-gök suwuň ýüzünden aňyrsy görnüp duran ýukajyk ak bug göterilip başlar. Alysda iňrik garalar, töwerek-daş dumana çümýän ýaly, golaýdaky ähli zatlaryň sudury bolsa aýyl-saýyldyr, ussat nakgaşyň elinden çykan şekil ýaly. Gaýyk, kenar, adalar, taşlanan, kenaryň alkymynda unudylan çelek suwuň ýüzünde çalaja yraň atýar, gyrymsy agajyň sary ýaprakly şahajygy gamyş baldaklaryna çolaşypdyr. Gijigen çarlak birden ganat kakyp uçar, sowuk suwa çümer-de, birdenem suwdan çykyp, ümre duwlanar. Seredip, diňşirgenip, aňk bolardym, kalbymda bolsa täsin bir duýgy! Men şol wagt çagadym, bäbejikdim!..

Men güýz paslyny, onuň ahyrky çaglaryny, bugdaý orlup, ähli işleriň tamamlanýan, oba öýlerinde gürrüňçilige üýşülýän, hemmeleriň eýýäm gyşa garaşýan pursatlaryny örän gowy

görýärdim. Şol döwürde ähli zat tutukdyr, bulutlara bürenen asmanam çytylar, lybasy ýere düşen tokaýyň eteklerindäki ýodalara sary ýapraklar düşeler, tokaýyň özi-de, birhili, goýy gök reňke boýalar, barha garalar, aýratyn-da agşamara, çyg ümür düşüp, agaçlar misli pilmahmytlar, betgelşik, elhenç jynarwahlar ýaly bolup, ümüriň içinde magallaklaýan pursadydyr. Käte seýilde gijigip, beýlekilerden yza galaňda, bir özüň ädimiňi ýygjamladyp gelýärkäň eýmendirmänem duranok. Baldajyk ýaly titreýänsiň, birden agajyň köweginden gorkunç bir zat çykaýmasyn diýip, öler ýaly gorkýansyň. Ine, birdenem tokaýyň içinde şemal at salyp geçer, güwwüldär, şatyrdar, birdenem naýynjar uwlap, güýzüň emrine tabyn bolan dal-pudaklardan ýapraklary goparar, bulut ýaly edip howada sowrar. Şol buludyň yzy bilen bolsa aldygyna gygyryşyp, guşlaryň sürüsi esli ýeri tutup, aldyrany bar ýaly atylyp gider welin, asman has garalan ýaly boluberer. Gorkygurşar, ine, birdenem biri: «Gaç, gaç, çagajyk, eglenme, bu ýer häzir eýmenç bolar, gaç, çaga» diýip pyşyrdan ýaly

eşidiler. Ýüregiň ýarylara geler, aýagaldygyna ylgarsyň, demiň dagy tutular gider. Hashaslap öýe özüňi atarsyň, ol ýerde bolsa şagalaň, şatlyk. Biz çagalaryň ählisine iş paýlarlar, nohutlary kösüginden çykarmalydyr ýa başga bir işdir. Peçde çygar odunlaryň şatyrdysy eşidiler, ejem jan biziň ala-wagyrdy bolup işleýşimizi synlaýandyr, garryja enekäm Ulýana ötengeçen döwürler hakynda gürrüň berer ýa-da jadygöýler hem görden çykan ölüler hakynda gorkunç ertekileri aýdyp berer. Biz, çagalar bolsa, biri-birimize gysmyljyrasak-da, ählimiziň dodaklarymyz ýyrşarýandyr. Ine, birden hemmämiz dymarys... Dursana! Bir ses-ä bar! Biri gapyny kakýan ýaly-la! Emma hiç zat ýokdur, bu — garry Frolownanyň çarhynyň sesidir. Baý, gülşerdig-ä! Soň bolsa gije gorkudan ýaňa uklap bilýän däldiris, gorkunç düýşler görler. Käte oýanarsyň welin, gymyldamaga milt etmersiň we daň atynça ýorganyň aşagynda galpyldap ýatansyň. Saba-säher örüp gül gunçasy ýaly tertämizjesiň. Äpişgeden gararsyň: çar ýany aýaz gurşandyr, ýalaňaç şahalary güýzüň

ýukajyk gyrawy bezändir, köli ýaprak ýaly ýukajyk buz gyrpagy örtendir, onuň ýüzünden ak bug göteriler, guşlar şadyýan jürküldeşer. Günüň ýiti şöhleleri töwerege nur saçyp, ýukajyk buzy aýna döwen ýaly pagyş-para eder. Dünýä ýagty, aýdyň, şatlykly! Peçde ýene oduň şatyrdysy eşidilýär, semawaryň töweregine üýşeris, äpişgeden bolsa gije sowukda galan itimiz, gara Polkan jyklaýandyr, ýaranjaklap guýrugyny bulaýlaýandyr. Ýeserje ýabysyny münüp, oba adamlaryndan biri tokaýa oduna barýandyr. Hemmeler diýseň hoşal, diýseň şadyýandyr!.. Ah, çagalygym — altyn çagym meniň!
Ine, çagalyk ýatlamalaryma gark bolup, özümem çaga ýaly, gözümden ýaş döküýipdirin. Ähli zat edil häzirki ýaly ýadyma düşüp dur, tutuş geçmişim ap-aýdyň örboýuna galyberdi birden, häzirki durmuşym bolsa şeýle öçügsi, şeýle garaňky!.. Bular näme bilen gutararka, bularyň ähli̇si näme bilen gutararka! Biler bolsaňyz, mende, birhili, ynanç, birhili, ynam bar, hamala men şu güýz ölýärmişim. Men halys hassa. Men ölerin diýip häli-şindi pikir edýärin, ýöne şonda-da beýle

ölmek, şu ýeriň topragynda ýatmak islämok. Belki, men ýene ýazda bolşy ýaly, ýorgan-düşekli ýatmaly bolaryn, men bolsa häzirem daýanmaga ýetişmedim. Ine, häzirem özümi örän erbet duýýaryn. Fedoranyň şu gün ir bilen gidişi, men bir özüm otyryn. Soňky wagtda bolsa ýeke galmaga gorkýaryn. Göwnüme, otagda özümden başga ýene biri bar ýaly, meniň bilen gürleşýän ýaly. Aýratyn hem oýa batyp, birden pikir girdabyndan çykamda şeýle bolýar, gorky gurşap alýar. Şonuň üçin men size şeýle uzyn hat ýazdym-da, ýazýan mahalym bu derdim gowşaýar. Hoş onda, hatymy tamamlaýaryn, sebäbi kagyzym-da ýok, wagtym-da ýok. Köýnegimi we şlýapamy satyp alan pulumdan diňe kümüş pulda bir rubl galypdyr. Siz öý bikesine kümüş pulda iki rubl beripsiňiz, bolaýypdyr, ol indi esli wagt demini çykarmaz.

Bir zat edip, eginbaşyňyzy düzediň. Hoş galyň; men şeýlebir ýadaw; näme üçin beýle gowşakdygyma düşünip bilemok; sähel iş surnukdyraýýar. Birden iş tapylaýsa, nädip eýgererkäm? Meni öldürýän, ine, şuda. W.D.

https://kitaphana.net

S e n t ý a b r y ň 5-i.

Ezizim Warýa jan!

Men, peýkerjigim, bu gün köp zatlary görüpeşidendirin. Birinjiden-ä, uzak gün kelläm agyrdy. Biraz açyk howada gezmeläýin diýip, Fontanka köçesine çykdym. Agşamarady, töwerek, birhili, garaňkydy, tukatdy. Sagat altyda edil häzirki ýaly, eýýäm garaňky düşüp başlapdy. Ýagyş ýagmaýardy, ýöne şeýlebir ümürdi, ýagyş küýseder ýaly däl. Asmanyň ýüzünden bulutlar uzyn, inli zolak bolup süýnüp geçýardi. Kenarýakada gezmeleýän märeke juda köpdi, özi-de, bilgeşleýin ýaly, durşuna içiňi gysdyryjy myrtar ýüzli märekedi. Kileň serhoş pyýadalar, tokga burun heleýler, ädikli we başy açyk işçiler, paýtunçylar, bir alada bilen öýünden çykan men ýalynyň biri-ikisi, oglanjyklar, demirçiniň ala donly, ýüzi içgiden ýaňa çiş, arryk, ýüz-gözi gara ýag şägirdi, gullukdan boşan uzyn bir esger — ine, märeke diýeniň şulardy. Ähtimal, günüň şol çagynda başga bir märeke bolarly däldir. Kanalda gaýykdyr gämi gatnaýar! Olar şeýlebir köp

https://kitaphana.net

welin, nädip bu ýere sygýarka diýdirýär. Köprüde çyg çeken köke we çüýrän alma satýan heleýler otyr, özem üst-başlary kir, öl-myžžyk. Bu ýerde seýil etmek içiňi gysdyrýar! Aýagyň aşagy daş, ol hem öl. Iki gapdalyň beýik, gara, gurum basan jaýlar. Aýagyň aşagy ümür, ýokaryň hem ümür. Hawa, bu günki agşam, birhili, gamgyn, garaňky boldy.

Men Gorohowaýa köçesine sowlan mahalym mazaly garaňky gatlyşyberipdi, köçede yşyklar ýanyp başlady. Men köpden bäri bu köçä gelmändim; ýolum düşmedi. Şagalaňly köçe! Durşuna dükan, gymmat harytlylaram bar. Ähli zat ýanyp-lowurdap dur — mata diýermiň, tekjelere goýlan güllermi, bezeg ýüpli dürli şlýapalarmy. Bularyň ählisi ýöne şeýle, owadanlyk üçin serlendir öýdersiň welin, asyl beýle däldir. Bularyň ählisini satyn alýan we aýallaryna sowgat berýän adamlaram bar-a. Baý köçe! Bu ýerde nanbaý nemesler köp ýaşaýar. Olaram örän gurply bolarly. Zybyrdap geçýän paýtunlary diýsene; nädip olaryň baryny köçe göterýärkä!

Şeýlebir kaşaň bezelenleri bar, äpişgeleri lowurdap dur, içi durşuna mahmal bilen ýüpek.
Hyzmatkärler asylzadalaryňky ýaly, gerdenlikli, bili gamaly. Men ähli paýtunlaň içine boýnumy uzatdym, içindäki zenanlar diýseň bezemen. Ähtimal, günüň bu wagty hemmesi meýlislere, ýygnaklara howlugýandyr. Bir asylzada zenany, onda-da ýokary derejelisini ýakyndan bir görüp bolaýsady. Juda ýakymly bolsa gerek. Men heniz göremok. Häzirki ýaly, paýtunyň äpişgesine boýnuňy uzadaňda bolaýmasa. Şol pursat siz ýadyma düşdüňiz. Wah, ezizim, wah, mähribanym! Siz ýadyma düşýäňiz welin, ýüregim para-para bolaýýar! Warýa jan, näme üçin siz beýle betbagt? Peýkerjigim meniň! Ýeri, siziň olaryň ählisinden nämäňiz kem diýsen-e? Siz şeýle mährem, örän görmegeý, bilimli. Ne sebäpden siziň paýyňyza şeýle birehim ykbal düşdükä? Ne sebäpden beýle bolaýýar, näme üçin oňat bir adam-a gugaryp galmaly bolýar-da, başga birini bolsa bagtyýarlygyň özi gözläp tapaýýar? Bilýän, gereklim, şeýle pikir etmegiň gowy däldigini, küpürdigini

bilýän. Ýöne ýüregimdäkini, hakykysyny aýtsam, ne sebäpden biriniň-ä heniz enesiniň garnyndaka, ykbaly gara garganyň gargynjy ýaly gara bolýar-da, başga biri ýat adamlaryň elinde ulalyp ýetişse-de, oňa ýagty jahanyň hözirini görmek miýesser bolaýýar? Özi-de bagt köplenç bimynasybyň paýyna düşäýýär. Ol-a ata-baba mülküniň hezilini görmeli, iýip-içip şatlanmaly, başga birine bolsa, hamala, sen başga zada ýaraňok diýlen ýaly, diňe ýalmanyp-ýalanaýmak galýar! Günädir, gereklim, beýle pikir etmek günädir welin, ýöne şeýle oýlar islemeseňde, kalbyňa hiç rahatlyk bermeýär. Sizem, ezizim, şol bezemen paýtunlaryň birini münäýmeli ahyryn. Meniň ýaly biri däl-de, generallar mährem garaýşyňyza zar bolaýmal-a. Özüňizem köneje kendir köýnek däl-de, ýüpekdir parça geýseňiz. Häzirki ýaly horja, keselbent bolman, syratly, şeker-nabat ýaly arzyly, terje, alýaňak, etli-ganly bolaýmal-a. Şonda men hem sizi uzakdan, yşykdan doly äpişgäniň aňyrsynda birje görsem, kölegäňize gözüm düşse-de, özümi bagtyýar saýardym. Siziň şat we şadyýandygyňyzy

görenimden göwnüm alaýaz bolup açylardy. Häzir bolsa gör-bak! Betpygyl adamlaryň siziň ömrüňizi kül edeni az ýaly, indi dereksiz bir arakhoram siziň göwnüňize degýär. Eginbaşy gülpürçükdigi, utançsyzyň altyn saply äýnegini gezäp size seredýändigi bilen, näme, edenini edibermelimişmi, bihaýa gepini geçirimlilik bilen diňlemelimikä! Ezizim, heý-de, beýle zat bolarmy? Näme üçin beýle bolýar ahyryn? Sebäbi siz ýetim, sebäbi size arka çykjak ýok, sebäbi siziň direnip duran güýçli dostuňyz ýok. Bir ýetim görgüliniň göwnüne degip bilýän näkese adam diýmek bolarmy? Ýok, olar adam däldir, gendedir, tüýs bir gendedir. Olar ýöne bir sandyr, salgymdyr, hakykatda welin, olar ýok, men muny bilip durun. Olar, ine, şu tetellidir! Meniňçe, mähribanym, maňa şu gün duşan köçe sazandasy-da hormat-sylaga olardan has mynasypdyr. Ol uzak gün aýak üstünde halys bolup, haçan bir bäş şaýy oklan tapylarka diýip ýörse-de, onuň öz eli, öz ýakasydyr, özi özüni ekleýändir. Ol dilegçilik etmek islemeýär, ýöne ol adamlaryň göwnüni açmak üçin irmän-ýadaman zähmet çekýär, her

niçik-de bolsa, bir zada-ha haýrym degýär diýýär. Dogry, ol ýoksuldyr, gedaýdan tapawudy ýokdur, ýöne ol zähmet çekýär, üýtgeşigräk bolsa-da, zähmet çekýär. Özem, gereklim, zähmetiniň hiline we peýdasyna baglylykda az gazanýan bolsa-da, hiç kime dilegi düşmeýän, hiç kimden döwüm çörek soramaýan päk ýürekli adamlar köpdür. Ine, men hem edil şol köçe sazandasy kimin, ýagny men onuň ýaly däl, asla ol ýaly däl, ýöne bellibir manyda, asyllylyk babatda edil şonuň ýaly. Güýjümiň ýetdiginden, başardygymdan diýen ýaly. Mundan köpe gurbatym ýok, ýokluk bolsa ýazyk däl diýleni.

Meniň köçe sazandasy hakynda söz açmagym, gereklim, şu gün garyplygymyň labyryny iki esse gerdenimde çekmeli bolanymdan. Şol sazandany synlamak üçin aýak çekdim. Kellämde dürli pikirler hümerlenişipdi-de, biraz kelläni açaýyn diýip aýak çekäýdim-dä. Hawa, men durun, paýtunçylar dur, ýetişen bir gyz we bir kiçijik gyzjagaz, üst-başam hapa. Sazanda biriniň äpişgesiniň öňünde ornaşypdy. Birden gözüm bir oglanjyga düşdi, on ýaşlarynda, oňatja-da

ýaly welin, sypaty hassa ýaly, keselbent, egninde köýnejik bilen ýene bir zad-a bar, aýakýalaňaç diýen ýaly, agzyny öweldip, saz diňleýär — çaga-da, näme diýjek! Nemes sazandanyň gurjaklarynyň tans edişine tiňkesini dikipdir, el-aýagy bolsa üşemekden ýaňa gömgök. Titir-titir edip, ýeňini çeýnäp dur. Görsem, elinde bir kagyzjyk bar. Geçip barýan jenabyň biri sazanda kiçiräk bir şaýylyk atdy, şaýylyk göni gurjak zenanlaryň we tans edýän gurjak fransuzyň duran çelejiginiň içine düşdi. Şaýylyk şyňňyrdap düşdem welin, ýaňky oglanjyk bir siltendi, töweregine ätiýaçly garady, puly men oklandyryn öýden bolarly. Ýanyma ylgap geldi, elleri saňňyl-saňňyl edýär, sesem endiräp dur. Maňa kagyzjygy uzatdy-da — okaň! — diýdi. Haty açyp okasam — şol bir heňdä. Gadyrdanlar, hemaýat edeweriň, çagalar ejesiz galjak, ejeleri ölüm halynda, üç sany çaga itiň ajy, kömek edeweriň. Men ejeleri, öläýemde-de, balajyklaryma kömek bereniňiz üçin o dünýäde bu eden ýagşylygyňyzy hiç unutmaryn. Hawada, aýdara söz ýok, durmuş-da bu. Ýöne olara berere

zadym barmy? Hawa, hiç zat bermedim men oňa. Ýüregim bolsa gyýym-gyýym! Görgüli oglanjyk sowukdan ýaňa göm-gök, belki-de, açdyram, ýalanam sözleýän däldir. Eger çynym, aldaýan däldir, men bu zatlara belet. Ýöne şol pis eneleriň çagalary aýamaýany we ýarym-ýalaňaç halda eli hatjagazly köçä ibermegi bolmaýar. Ol, samsyk heleý, belki, erkygtyýarsyzdyram, oňa haraý etjegem, belki, ýokdur. Meger, kibtini gysyp oturandyr, mümkin, dogrudanam keseldir. Degişli ýere ýüz tutaýmalydyr öz-ä; ýa-da, ýöne bir ýalançy kezzapdyr, aç we keselbent çagany halky aldatmak üçin bilgeşleýin iberýändir, keseli bahana edinýändir. Ýeri, görgüli oglanjyk şeýle hatjagazlary göterip näme öwrener? Bar boljagy — ýüregi yzgytsyzlanar iki baka ylgap ýalbaryp ýörse. Duşundan adamlar geçip durandyram welin, aýak çekip rehim etjegi barmy olaryň. Olaryň ýürekleri daşdan, sözleri-de rehimsiz.

«Ýit! Güm bol! Kezzap diýsänim!» — ine, onuň hemmelerden eşitjegi, şeýdibem çaganyň ýüregi gazaplanýar. Gorkuzylan

görgüli oglanjyk, weýran bolan höwürtgejikden gaçan etene guşjagaz ýaly sowukda biderek saňňyldap ýör-dä onsoň. Elaýagy üşäp saňgaty bolýar, göwni synýar. Ine, ol eýýäm üsgürip durandyr, bu gidişine kesel hem haram ýylan ýaly bolup gursagyna giriberer, akybetde bolsa ajal hem üstüne abanar, petiş bir ýerde, idegsiz, kömeksiz öler gider — durmuşda bar görjegem, ine, şudur! Durmuş diýeniň, ine, şeýle-de boluberýär! Wah, Warýa jan, «Hudaýyň haky üçin» diýip özelenýän adamyň duşundan hiç zat bermän, «Taňry keremdir» diýip ötäýmek örän agyr degýär. Käbir dilegçä-hä juda gynanaňogam, olar hem dürli-dürli bolýar. Käbiri eýýäm endik edinip, sözleri ýat tutup, sokdurypsüýndürip dileýär, onuň duşundan hiç zat bermän geçmek gaty bir gynandyryp hem duranok, sebäbi ol birki günüň gedaýy däl, eýýäm esli wagt bäri elini serip ýören, gedaýçylygy kesp edinen, munuňky eýýäm endik-le, onuň takady bardyr, ol neneň bu derdi çekipçydamalydygyny bilýändir diýersiň öz ýanyňdan.

https://kitaphana.net

Başga bir dilegçiler bardyr welin, dilemäge heniz endik eden däldir, sesi gödekdir, elhençdir. Ine, şu gün oglanjygyň elindäki haty alan mahalym hut şol ýerde, haýadyň golaýynda bir bende durdy, her geçenden sorap hem durmaýardy. Gödek, pert sözläp: «Baýar, Hudaýyň haky üçin bir şaýy beräý-dä!» diýdi welin, erbet bir tisginipdirin. Ýöne hiç zat bermedim, sebäbi berere zadym ýokdy. Onsoňam barly adamlar pukaralaryň gaty gürläp, gün-güzeranynyň agyrlygyna zeýrenmegini halamaýar, olar baýlary biynjalyk edýärmiş, halys ýürege düşýärmiş! Aslynda mätäçlik hemişe-de ýüregedüşgünç bolýar — olaryň açlykdan ýaňa iňňildemesi ukularyny bozýamyş-a!
Mähribanym, dogrymy aýtsam, bu gürrüňi başlamagymyň sebäbi bellibir derejede ýüregimi egismekdi, ýöne, has takygy, teswir-beýana gezek gelende gepimi-sözümi sazlaşykly goşmagy başarýanymy görkezmekdi. Sebäbi, gereklim, özüňiz hem boyun almalysyňyz, ýagny soňky wagtda gepimsözüm gowulanyp başlandyr. Ýöne häzir şeýlebir gussa

basýandyr welin, men öz pikirlerime tüýs ýüregim bilen gynanyp başladym we beýle gynanmak bilen aljak galamyň ýokdugyny bilsem-de, herhal öz-özüňe bellibir derejede adalatly göwünlik berýäniňe düşünýärsiň. Dogrudan-da, mähribanym, köp halatlarda öz-özümizi hiç bir sebäpsiz püçege çykarýarys, bir şaýa-da goýamzok, ähli zatdan pes görýäris. Deňeşdirme arkaly beýan etsem welin, munuň şeýle bolmagy, belki, meň özümiň menden sadaka dilän şol görgüli oglanjyk kimin ýüzüm alnan we ýanalan haldadygym sebäplidir. Indi, gereklim, men size göçme manyda aýtmakçy; ine, diňläň onda: Mahal-mahal, ezizim, ir säher iş ýerime haýdaşlap barýarkam, meniň şäheri, onuň oýanyşyny, jan girip, tüsseläp, gaýnap gümmürdeýşini synlaýmam bar. Şonda käýarym gözüňe görünýän ahwalaty synlap, şeýlebir kemsinersiň welin, edil biri sokmasyz ýere sokulan burnuňa kakyp goýberen ýaly bolarsyň-da, kibtiňi gysyp sesiňi-üýnüňi çykarmanjyk, gümüne gitsin-le diýip ötägidibirsiň! Indi bolsa şol gara, gurum basan ullakan haýbatly jaýlaryň içinde

nämeleriň bolup geçýänine bir serediň, bir aň ediň, ine şonda siz özüňizi şeýle kemsitmegiň we ýerliksiz utanyp ýörmegiň biderekdigine kemsiz göz ýetirersiňiz. Unutmaň, Warýa jan, men göni manyda däl-de, göçme manyda aýdýandyryn. Hany, göreli bakaly, şol jaýlarda nämeler bolup geçýärkä? Şol ýerde, tüssä boglup, mätäçlik zerarly gaçybatalga hasaplanýan çygly tünekde bir işçi görgüli gijäniň birwagty ukudan oýanandyr. Ukusynda bolsa, mysal üçin, bütin gije düýn aýagyny bijaý basanda ädiginiň deşileni düýşüne girendir, hamala adamyň düýşüne hökman şunuň ýaly bidereklik giräýmeli ýaly! Ol ussa, ädikçi ussa ahyryn, onuň öz gün-güzerany bilen bagly zat barada pikir etmegi aýyp däl. Onuň çagalary çyr-çyr aglaşýar, aýaly görgülisiniňem haçan doýa garna iýeni ýadyna düşenok. Özem, mähribanym, şeýdip gijäniň içinde oýanýanlar diňe ädikçiler däl. Bu bir ullakan zat däl ýaly, bu barada, belki, ýazyp hem durmaly däldir. Ýöne, gereklim, görüň bu bolýan zatlary: hut şol ýerde, edil şol jaýda, bir gat ýokarda ýa aşakda, gül pürkülen ýaly otagda örän barjamly adamyň hem düýşüne,

belki, hut şol ädik girendir. Ýagny başga hili tikilen, başga biçüwli, ýöne ädik. Meň aýtjak bolýanym, meň göz öňünde tutýanym, gereklim, biziň ählimiz azdakände ädikçidiris. Bu hem hiç diýeli, ýöne erbet ýeri, şol barjamly adamyň ýanynda hiç kimiň ýoklugynda, ýagny onuň gulagyna ýuwaşlyk bilen: «Ýeri, besdir ahyryn beýle pikirlere gümra bolmak, diňe özüň hakynda pikir etmek bolmaz-a, sen ädikçi däl-ä, seň çagalaň sagsalamat, aýalyňam bir döwüm çörege zar däl-ä, töweregiňe bir ser sal ahyryn, aladalanmak üçin ädikden başga degerliräk zat tapmadyňmy!» diýjek adamyň ýoklugynda. Men, Warýa jan, size, ine, şuny ýaňzytmak isledim. Belki, ezizim, bu pikir-oýlaryňy juda erkine goýberibermekdir, ýöne käte şeýle pikir döreýär, käte kellä gelýär-de, şonda ýüregiňe sygman, otlukly söz bolup dile geliberýär. Ine, şonuň üçin hem gohgalmagaldan, gümmürdi-güpürdiden gorkup, özüňi juda pes tutmaga-da sebäp ýokdur diýjek bolýaryn!

Sözümiň ahyrynda bolsa, gereklim, aýtmakçy bolýanym, siz, belki, men size bir myjabat aýdýandyryn, ýa-da gaýgy-

hasratdan şeýle gürleýändirin, ýa bolmasa, bu zatlary kitapdan dagy göçürendirin öýdýänsiňiz? Ýok, gereklim, asla beýle däl. Myjabata hem ýüz uramok, gaýgy-hasrat hem meni gürledenok, hiç bir kitapdanam hiç zady göçüremok.

Ine, şeýle!

Gussaly bir halda öýe geldim, stoluň başyna geçip oturdym, çaý gaýnadyndym-da, bir bulgur-ýarym bulgur içmekçi boldum. Ine, birden ýanyma biziň jaýymyzyň bir pukara ýaşaýjysy Gorşkow geldi. Irdenem onuň beýleki ýaşaýjylaryň töwereginde köwsarlaýanyna, meniňem ýanyma geljek bolanyna üns beripdim. Gepiň gerdişine, gereklim, olaryň güngüzeranynyň meniňkiden-de erbetdigini aýtmalydyryn. Deňär ýaly dagy däl! Aýalyny diýjekmi, çagalaryny diýjekmi! Şonuň üçin men Gorşkow bolanymda, onuň ýerinde näme edip-eýlejegimi-de bilemok! Hawa, ýaňky Gorşkow girdi-de, baş egip salam berýär, gözleri-de hemişekisi ýaly şully, aýaklaryny nirä goýjagyny bilmeýän ýaly aljyraýar, ýöne ýeke bir söz aýtmaga-da haly ýok. Men oňa oturgyçda oturmagy

teklip etdim, oturgyç diýenimem döwügräkdem welin, başgasy ýokdy-da. Bir bulgur çaý hödürledim. Ol ötünç sorady, köp ötünç sorady, ýöne bulgury ahyr eline aldy. Gantsyz içjek boldy, gant bilen içmelidir diýenimde, ýene ötünç sorap başlady, almajak bolup, köp boýun towlady, ahyr bulguryna iň kiçijik bölejigi atdy-da, çaýyň taýsyz süýjüdigini çyna berimsiz tekrarlap başlady. He-eý, ýoksullyk adamy, gör, ne derejede ejizletdirer eken! «Ýeri, gardaş, ne habar?» diýip soradym. «Aý, penakärim Makar Alekseýewiç, ýagdaýa şeýleräk, Taňrynyň haky üçin, rehim ediň, betbagt maşgalama kömek edeweriň, çagalaryma we aýalyma iýere zat ýok, meniň hem ata halyma neneň ýagdaýdadygyma düşüneweriň!» diýdi. Men bir zat diýjek boldum welin, ol sözümi böldi. «Men, Makar Alekseýewiç, bu ýerde hemmelerden gorkýaryn — diýdi. — Ýagny gorky hem däl-de, birhili, utanýaryn. Hemmesi, birhili, ulumsy we gopbam. Men, gadyrdanym we hemaýatçym, size azaram berjek däldim, özüňiziň hem başyňyzyň dertlidigine we köp beribem bilmejegiňize gözüm

ýetýär, ýöne juda bolmanda karz bir beräýseňiz. Sizden soramaga ýürek etmegim-de siziň mähremligiňizi bilýänimden, özüňiziň hem mätäçlik çekeniňizi, häzirem juda kynçylyk çekýäniňizi, hut şonuň üçinem ýüregiňiziň kesekiniň derdine duýgudaşlygyny bilýänimden» diýip, sözüni tamamladym etdi. Soň hem, garaz, Makar Alekseýewiç, gödekligim we biedepligim üçin bagyşlaweriň diýdi. Men oňa, wah, höwes bilen bererdim welin, elimde- dulumda zadym ýok-da diýdim. Ol bolsa; «Gadyrdanym Makar Alekseýewiç — diýýär. — Men köp soramog-a, ýöne, ine, ýagdaý şeýle (şu ýerde ol depesinden dabanyna çenli çym gyzyl boldy) aýalym, çagajyklarym, aç, on köpüjek bolsa-da» diýdi. Şu pursat ýüregim sanjyp gitdi. Haý, diýdim, mendenem geçiripdirler-ow! Meň özümde bolsa bar galany ýigrimi köpük, gözümi dikip oturanymdy, ertir has zerur hajatlaryma harjamakçydym. «Ýok, gardaş, başarjak däl, ýagdaý, ine, şeýleräk» diýdim. «Gadyrdanym, Makar Alekseýewiç, näçe-de bolsa, on köpüjegem bolsa» diýip gider ýaly däl. Ine, şonda men,

gereklim, gutudaky ýigrimi köpügi çykardym-da oňa berdim, her zat-da bolsa, haýyr işdir diýdim! He-eý, ýoksullyk! Nädip, gardaş, beýle ýetdiräýdiňiz, şeýle mätäç halyňa kümüş pulda bäş rublluk otagam-a kireýine alypsyňyz? — diýdim. Ol otagy mundan ýarym ýyl öň kireýine alanyny, pulunam üç aý öňünden tölänini, ýöne soň ýagdaýynyň ugruna bolmanyny, hiç alajyny tapyp bilmänini aýtdy. Şol wagta çenli işine seredilер diýip tama edipdir. Işi bolsa oňat däl eken. Biler bolsaňyz,

Warýa jan, ol bir zat üçin-ä kazyýete çekilipdir. Gazna bilen baglaşylan potrat babatda hile gurnan bir täjir bilen dawalaşýarmyş. Täjiriň galplygynyň üsti açylyp, işi kazyýete geçirilipdir. Şol kezzap bir sebäp bilen Gorşkowy-da öz pirimlerine bulaşdyrypdyr. Aslynda welin, Gorşkowyň günäsi geleňsizlik edeninde, ägä bolmanynda we gaznanyň bähbidini aramakda geçilmejek bir säwlige ýol bereninde. Iş eýýäm birnäçe ýyl dowam edýärmiş, Dürli ahwallar Gorşkowyň garşysynamyş. Gorşkow maňa: «Ýöňkelýän galplykda,

hilegärlikde we ogurlykda günäm ýok» diýýär. Bu iş onuň abraýyna şek ýetiripdir biraz, düýpli günäkärligi anyklanylmasa-da, işden boşadypdyrlar. Ýöne doly aklanylmagy üçin ol özüne ýöňkelýän we kazyýetde boýnuna goýulýan esli puly şu çaka çenli ýaňky täjire töletdirip bilmeýärmiş. Men oňa ynanýaryn, ýöne kazyýet onuň sözüne ynanmaýar. Iş hem şeýlebir bulaşyk, durşuna düwün-de-çigin, ýüz ýylda-da çöşlär ýaly däl. Ýaňy bir çalarak uç görünýärmiş welin, täjir ýene çörňeşdirip goýberýärmiş. Men, ezizim, Gorşkowyň ýagdaýyna ýüregim bilen düşünýärin, gynanýaryn. Adam wezipesiz galypdyr, ygtybarly bolmansoň, hiç ýere işe-de alanoklar. Bolanja gorlarynam bokurdakdan geçirip dirler. Iş diýeniňem bulaşyk, ýöne ýaşamagam gerek. Bu arada hem sen-de ýok, men-de ýok, maşgalasynda biwagt çaga dogulýar, harajat artýar. Oguljagazlary keselleýär — ýene çykdajy, durmaýar — ýene harajat. Aýaly diýseň — ol hem hassa.

Özünde hem öňräkden gelýän bir dert bar. Garaz, haly harap, juda harap. Ýöne özüniň aýtmagyna görä, bu günerte işiniň oňyn çözülmegine garaşýar, munuň şeýle boljagyna asla şübhe ýok diýýär. Gynanýaryn, gynanýaryn, gereklim, onuň halyna juda gynanýaryn! Men oňa hoş söz berdim. Ol bir aljyran, gorkuzylan bende, haraý-hemaýat gözleýär, şonuň üçin hoş söz bilen göwnüni göterdim. Hoş onda, gereklim, Taňry medet bersin, sag-salamat boluň. Wah, ezizim! Siz ýadyma düşýäňiz welin, gam-gussaly kalbyma melhem edilen ýaly bolýaryn. Siz sebäpli ejir çeksemde, siziň üçin ejir çekmek maňa asla ýük däl.  Siziň çyn dostuňyz  Makar Dewuşkin.

S e n t ý a b r y ň 9-y.

Mähriban Warwara Alekseýewna!

Bu haty dergazap bir halda ýazýaryn. Elhenç waka meni biçak tolgundyrdy. Başym dagy aýlanyp durandyr. Men töweregimde ähli zatlaryň pyrlampaja dönenini duýýaryn. Wah, ezizim, size häzir gürrüň berjeklerimi bir diňläň bakaly! Beýle-beýle zatlar asyl hakydamyzada gelmändir. Ýok, her

niçik bolsa-da, men öňünden syzmanyma ynanmaýaryn. Men bularyň ählisini öňünden duýýardym. Ýüregim bularyň ählisini öňünden aňýardy! Hatda öten gije şu zeýilli ahwala meňzeş bir düýş hem görüpdim.
Bolan waka bolsa, ine, şu! Men size gepimi owadanlaman, Taňrynyň emri bilen göwnüme gelşi ýaly aýdyp bereýin. Şu gün men iş ýerime gitdim. Bardym, otyryn, ýazýaryn. Men, gereklim, size düýn hem ýazmak bilen meşgul bolanymy aýtmalydyryn. Hawa, ine, onsoň, düýn ýanyma Timofeý Iwanowiç geldi-de, ine, şu kagyz örän gerek, özem gyssag diýip, hut özi tabşyryk berýär. Makar Alekseýewiç, arassaja, çalt we yhlasly göçüriň, şu gün gola gitmelidir diýýär. Men, peýkerjigim, düýnki gün, birhili, ugrumyň bolmanyny, töweregime gözümi galdyrasym gelmänini, şeýlebir gussa basanyny size aýtmalydyryn! Ýüregim buz kimin, kalbymda bir nur yşgy ýok, hakydamda bolsa diňe siz görgüli, siz, ezizim. Hawa, onsoň göçürmäge başlaberdim. Arassaja, oňatja edip göçürdim, ýöne welin, size nädip aýtjagymam bilemok,

garaz, haram şeýtan ara girdimi ýa-da täleýiň syrly ýolýodalary muňa eltdimi, ýa bolmasa, bolmalysy şeýledimi, garaz, tutuş bir setiri taşlap geçäýipdirin. Manysy-da, Hudaý bilsin, neneň bolupdyr. Asla hiç bir many galmandyram. Şeýdip kagyz düýn ýetişmedi we onuň alyhezretine gol çekmäge diňe şu gün beripdirler. Men hiç zat bolmadyk ýaly, şu gün hemişeki wagtymda işe barýaryn-da, Ýemelýan Iwanowiçiň ýanyndajyk ornaşyberýärin. Meň, ezizim, size aýtmagym gerek, ýagny soňky wagtda men öňküden iki esse darygyp, utanyp başladym. Soňky döwürde hiç kimiň ýüzüne-de seretmeýärdim. Biriniň oturgyjy jygyldaýsa dagy, üşerilip, janym çykyp barýandyr. Ine, şu gün hem edil şonuň ýaly, ýapyrylyp, sesimi çykarmanjyk, edil bir kirpi mysaly otyrdym welin, birden Ýefim Akimowiç (dünýäde taý tapylmajak bir jenjelçi) hemmelere eşitdirip: bu näme, Makar Alekseýewiç, bu gün juda bir nemedip otyrsyňyz-la diýdi-de, ýüzüni şeýlebir kürşerdip oýnatdy welin, töweregimizdäkileriň ählisi gülüp kese ýykyldy; elbetde, meň üstümden gülýärdiler. Şeýdip

göteriberdiler, göteriberdiler! Men gulaklarymam ýapyrdym, gözlerimem ýumdum-da, gymyldap bilmän oturandyryn. Bolşum şeýle, şeýtsem, tizräk başymdan sowulýarlar. Ine, birdenem goh, güpürdi, gaýmalaşyk. Gulaklaryma eşidilen bolaýmasyn diýdim. Ýok, dogrudanam, meni,

Dewuşkini çagyrýardylar. Gursagymda ýüregim saňňylsaňňyl etdi, nämeden gorkanymam bilemok. Ýöne ömrümde hiç haçan beýle gorkmanymy bilýärin. Oturgyja ýelimlenen ýaly bolup otyryn, hamala asla men däl ýaly. Ýöne ýene çagyryp başladylar, ses barha ýakynlaşýardy. Ine, eýýäm hut gulagymyň golaýynda: Hany, Dewuşkin? Dewuşkini çagyrýarlar! diýip ýaňlandy. Gabagymy galdyrsam, öňümde Ýewstafiý Iwanowiç dur we: Makar Alekseýewiç, onuň alyhezretiniň ýanyna, tiz boluň! Kagyzy bulaşdyrypsyňyz diýýär. Bar aýdany şu welin, ýöne ýeterlikdi, dogry dälmi, gereklim, ýeterlikdi şol aýdany? Meň janym çykdy, endamym buza döndi, tas özümden gidipdim. Ýörändirin welin, ne öli, ne diri. Bir otagdan geçdim, ikinjiden, üçünjiden geçdim, ine-

de, bardym huzuryna! Näme pikir edenimi asyl aýdyp biljek däl. Bir görsem — onuň alyhezreti aýak üstünde dur, olaryňam ählisi töwereginde. Göwnüme bolmasa, baş egmändirin, unudypdyryn. Şeýlebir gorkdum welin, dodaklarymam titreýändir, aýaklarymam. Titrärçe-de bolandyr, gereklim. Birinjiden-ä, utanýaryn.
Sagymdaky aýna garadym welin, görenlerim aklyňdan azaşarça bardy. Ikinjiden bolsa, men hemişe özümi hamala bu dünýäde ýok ýaly alyp barýardym. Şonuň üçin onuň alyhezretiniň meniň barlygym barada hem habarsyz bolandyr. Belki, şeýle, çalarak eşiden bolmagy mümkin garamagyndaky edarada Dewuşkin diýip biriniň bardygyny, ýöne ýakyndan görşüp-gürleşen däldir. Turuwbaşdan gazap bilen: «Muny nädäýpsiňiz ahyryn! — diýdi. — Gözüňiz nirä seredýär? Gerekli kagyz, gyssag gerek, siz bolsa ony zaýalapsyňyz. Bu ne boluş!». Şu ýerde onuň alyhezreti Ýewstafiý Iwanowiçe ýüzlendi. Men ýöne ýaňlanýan sesleri eşidýärin. «Sowuksalalyk! Ünssüzlik! Erbet ýagdaýa goýýarsyňyz!» Men bir zat

üçin-ä agzymy açarman boldum. Ötünç soramak isledim, başarmadym, gaçjak boldum — milt edip bilmedim. Ine, şonda... ine, şonda, gereklim, şeýlebir apat gopandyr welin, häzirem utançdan ýaňa galamy zordan elimde saklaýandyryn. Meniň ilijegim, häk, şeýtan almyş diýsänim, ýekeje telde duran ilijek birden gopdy-da, ýere gaçdy (oňa tötänden degendirin), şakyrdap tigirlendi-de, içiňi ýakaýyn diýýän ýaly, göni onuň alyhezretiniň aýagynyň ýanyna baraýdy. Özem hemmeleriň gözüniň öňünde! Meniň ähli delilimem, ähli ötünç soramamam, bar jogabymam, onuň alyhezretine ähli aýtjaklarymam şu boldy! Munuň netijesi örän elhenç boldy! Onuň alyhezreti şobada meniň syratyma we eginbaşyma üns berdi. Aýnada görenlerim ýadyma düşdi, ilijegi galdyrjak bolup egildim! Gör-ä men samsygyň bolşuny! Eglip ilijegi aljak bolýan welin, eýläk süýşýär, beýläk tigirlenýär, hiç tutduranok. Garaz, ezberlikde hem tapawutlanyp
bilendirin. Şol pursat halys ysgynmydarymyň gaçanyny, halys boljagymyň bolanyny duýdum! Ähli at-abraýym puç boldy,

adamyň bagty ýatdy! Edil şol wagt hem gulaklarymyň ikisinde-de birdenkä hem Terezanyň, hem
Faldonininiň sesleri şaňlap eşidilip başlandy. Ahyr ilijegi tutdum, göwrämi galdyryp göneldim. Bolup bilşiň şu bolsa, samsyklyk etme-de, dur-da gymyldaman,
sarsman. Hany, onuň ýaly akyl? Ilijegi sallanyp duran sapaga dakjak bolýan, hamala ol duraýjak ýaly, üstesinede, ýylgyranam bolýaryn. Onuň alyhezreti ilki ýüzüni sowdy, soň ýene maňa garady. Birdenem Ýewstafiý Iwanowiçe: «Bu nä boluş? Sypatyna bir serediň-ä! Heýde, ol... beýle-de bir neme bolarmy...» diýeni gulagyma ýetdi. Wah, gereklim, heý-de, ol — beýle-de bir neme?
Hawa, tapawutlanyp bilendirin, kemini goýan däldirin! Ýewstafiý Iwanowiçiň: «Erbetlik edenini gören ýok, asyl-asyl, özüni alyp barşam göreldeli, aýlyk-günlügi ýeterlik, wezipesine görä...» diýenini eşidip galdym. Onuň alyhezreti: «Ugruny tapyň-da, ýardam ediň. Bolmasa hak-heşdegini öňünden beriň» diýdi. «Aldy, aldy, pylança wagt üçin öňünden

aldy — diýişdiler. — Ýagdaýy şeýleräk bolarly, özüni alyp barşy-ha gowy, erbetlikde görnen ýeri ýok». Men bolsa, peýkerjigim, ot içindedim, hut dowzah ody içindedim! Janym çykypdy! «Ýeri — diýdi onuň alyhezreti hemmelere eşitdirip, — dessine täzeden göçürmeli. Dewuşkin, bärik geliň, hemmesini ýalňyşsyz täzeden göçüriň — diýdi we aňyrsyna öwrülip — onsoňam» diýdi-de, beýleki duranlara tarap öwrüldi, buýruk berişdirdi we hemmeler dargady. Olar gitdem welin, onuň alyhezreti gapjygyny çykardy-da, ondan ýüzlük pul alyp: «Alyň, ine, barymdan berýärin, isläň kömek diýiň, ýa başga bir zat» diýdi-de, puly elime gysdyrdy. Men, peýkerjigim, bir tisgindim, kalbym heýjana geldi. Näme edip-goýanymy bilemok, bir elinden öpjek bolanym ýadymda. Onuň özem, ezizim, çym gyzyl boldy. Eger-eger, mähribanym, gyl ýaly zadam goşýan däldirin: meniň nämynasyp elimi aldy-da, silkeledi, hakyt aldy-da silkeledi, hamala bir generalyň elini silken ýaly-da.

«Baryň — diýdi, — az görmäň... Ýalňyşmajak boluň, ýogsa gowy däl».

Men, gereklim, indi şeýle karara geldim; sizden we Fedoradan bir haýyşym bar. Çagalarym bolanda, olara diýerdim welin... Ataňyz üçin däl-de, onuň alyhezreti üçin her gün we müdimiýete çenli doga-dileglerde boluň! Ýene bir aýtjagym bar, gereklim, muny ýörite nygtap aýtmakçy — meni diňläň, gereklim, oňatja diňläň — ant içýärin, halymyz harap bolan güzaply günlerimizde siziň bolşuňyza, siziň mätäçligiňize, özüme, kemsinişime we baş çykaryp bilmeýänime seredip, nähililer ýüregim gyýlan bolsa-da, şu zatlaryň ählisine garamazdan, ant içýärin, maňa şol ýüz manadyň hümmetinden beter, onuň alyhezretiniň özüniň meniň, dereksiz saman-sypalyň, arakhoryň bimynasyp elini gysmaga merhemet edeni meniň üçin ýüz esse hümmetlidir! Ol maňa özüme bolan sylagy gaýtaryp berdi. Şol hereketi bilen meniň ruhuma täzeden jan berdi, durmuşymy müdimilik şeker-nabada dönderdi. Özi-de men, Ýaradanyň öňünde nähili ýazykly

bolsam-da, onuň alyhezretine bagtyýarlyk we abadanlyk baradaky dogadileglerimiň Taňrynyň dergähinde kabul boljagyna berk ynanýandyryn!.. Gereklijäm meniň! Meniň kalbymda şeýlebir heýejan bar, men şeýlebir tolgunýaryn! Ýüregim gürs-gürs edip, kükregimi ýaryp çykaýjaga meňzeýär! Özüm welin, birhili, halys ysgyn-mydarsyz galan ýaly. Size kagyz pulda kyrk bäş rubl iberýärin, öý bikesine ýigrimi rubl berýärin, otuz bäşini özüme galdyrýaryn. Ýigrimisine eginbaşymy düzederin, on bäşisini bolsa gün-güzeran üçin saklaryn. Ýöne irdenki tolgunmalar meni durkum bilen silterläp alandyr. Birsalym gyşarjak.

Men, aslynda, rahat, örän rahat. Diňe kalbym owlan ýaly. Aňyrda, kükregimde bir ýerde kalbymyň galpyldaýany, saňňyldaýany, gozganýany eşidilýän ýaly. Men size bararyn, häzir bolsa men ähli bolup geçenlerden, birhili, serhoş ýaly... Hudaý hemme zatdan habarlydyr, gereklim, ezizim, gadyr-gymmatlym meniň!

Siziň laýykatly dostuňyz Makar Dewuşkin.

https://kitaphana.net

S e n t ý a b r y ň 10-y.

Meniň gadyrdan Makar Alekseýewiçim!

Dostum, siziň bagtyýarlygyňyza biçak begenýärin we başlygyňyzyň eden ýagşylygynyň gadyr-gymmatyna kemsiz düşünýärin. Ine, indi siz külpetlerden dynyp, arkaýyn özüňizi dürsärsiňiz! Ýöne puluňyzy bisarpa harjamaweriň. Ümsümje, mümkin boldugyça, pes göwünli ýaşaweriň we şumluklar ýene duýdansyz üstüňizi basmaz ýaly, edil şu günlerden başlap hemişe aňryňyza bir zat goýaweriň. Haýyş edýärin, biz hakda aladalanmaň. Biz Fedora bilen eýder-beýder günümizi göreris. Makar Alekseýewiç, näme üçin bize munça pul iberipsiňiz ahyryn? Bize asla gerek däl. Biz barymyz bilen kanagat edýäris. Dogry, bize tiz wagtdan pul gerek bolar bu ýerden göçmek üçin, ýöne Fedora birinden birmahalky, köne algysyny almaga bil baglaýar. Ondada özüme ýigrimi rubly has zerur zatlar üçin alyp galýaryn. Galanyny size, yzyna iberýärin. Haýyş edýärin, Makar Alekseýewiç, puluňyzy aýaň. Hoş onda. Indi arkaýyn ýaşaň, janyňyz sag, özüňiz şat boluň.

Köprägem ýazardym welin, ýöne, birhili, erbet ýadawlyk duýýaryn. Düýn uzakly gün düşekden turmadym. Gelmegi wada edipsiňiz, gowy zat. Haýyş edýän, Makar Alekseýewiç, meni görüp gidiň. W.D.

S e n t ý a b r y ň 11-i.

Mähribanym Warwara Alekseýewna!

Ýalbarýaryn, ezizim, häzirki ýagdaýda, diýseň bagtyýar we hemme zatdan hoşal mahalym meni terk etmäň. Mähribanym! Fedorany diňlemäň, men bolsa göwnüňiziň islänini edeýin, özümi oňat alyp baraýyn, onuň alyhezretine bolan hormat-hatyra üçin özümi oňat we takyk alyp bararyn. Biz ýene birek-birege göwünlerimizi göterýän hatlary ýazarys. Pikirlerimizi, şatlyklarymyzy, alada bolsa, aladalarymyzy birekbirege açarys, bileje ylalaşykda we bagtyýar ýaşarys.

Edebiýat bilen meşgullanarys... Peýkerjigim meniň! Meň ykbalymda ähli zat özgerdi, özem ähli zat gowulyga tarap özgerdi. Öý bikesiniň dili süýjedi, Tereza akyllandy, hatda Faldoni hem, birhili, çuslandy. Men Ratazýaýew bilen hem

ýaraşdym. Begenjime, özüm ýanyna bardym. Ol, gereklim, dogrudan-da, oňatja, ol barada erbetlikler aýdylanam bolsa, ählisi bidereklik. Men häzir şol gürrüňleriň ählisiniň myjabatdygyna göz ýetirdim. Biz hakda gülüp ýazmak onuň pikirinde hem ýok eken, onuň özi maňa aýtdy. Maňa täze ýazanlaryndan okap berdi. Şol gezek maňa Lowelas diýeni bolsa, asla sögünç ýa bir salykatsyzlyk däl eken, ol maňa düşündirdi. Bu daşary ýurt dilinden alnan söz eken we edenlije pyýada diýen manyny aňladýar. Owadanlap aýdanyňda bolsa, ýigit, dürs ýöre! diýen many berýär — ine, şeýle! Başga manysy ýok munuň. Peýkerjigim, bu ýöne bir dostana degişme eken. Men bolsa, bisowat diýsänim, öýkeläp ýörüpdirin. Men ondan ötünjem soradym... Bu günki howanyň ajapdygyny, gowudygyny diýsene, Warýa jan. Dogry, irden biraz jyza elekden sepeleýän ýalydy. Bu hiç-le! Gaýtam howa biraz serginräk boldy. Men ädik alynmaga gitdim, täsin bir ädik alyndym. Kenarda seýil etdim. Degişmelije gazet okadym. Wiý! Esasy zat hakynda size gürrüň bermegi zol unudýaryn.

Biler bolsaňyz, şu gün irden Ýemelýan Iwanowiç we Aksentiý Mihaýlowiç bilen onuň alyhezreti hakynda gürrüňdeş boldum. Hawa, Warýa jan, ol diňe maňa ýagşylyk etmändir-ä. Ol diňe meniň üçin hemaýatçy däl we ýüreginiň mähremligi bilen äleme belli eken. Köp ýerlerden onuň adyna alkyşlar aýdylýar we köp adam onuň eden ýagşylyklaryny gözüne ýaş aýlap ýatlaýar. Ol bir ýetim gyzy öýünde terbiýeläpdir. Onuň alnybagtyny açypdyr, belli adama, aýratyn tabşyryklar boýunça öz ýanynda işlän bir hadyma durmuşa çykarypdyr. Bir dul aýalyň ogluny hat işleri bölümine işe salypdyr we ýene köp dürli haýyr işleri edipdir. Men, gereklim, öz goşandymy goşmagy özüme borç bildim. Onuň alyhezretiniň maňa eden ýagşylygy barada hemmelere eşitdirip gürrüň berdim, hiç zady ýaşyrman, bolşy ýaly edip gürrüň berdim. Çekinip durmadym. Nämeden çekineýin, munuň ýaly ýagdaýda nämäni aýyp-syn etjek!

Oňatja eşitdirip: onuň alyhezretiniň ýagşylyklaryna şöhrat bolsun! diýdim. Höwes bilen, ýüregimden syzdyryp gürrüň

berdim, birjigem gyzarmadym, tersine, gürrüň bermeli bolanyma buýsandym. Men ähli zat hakynda gürrüň berdim (diňe siz hakda, gereklim, pähimlilik etdim, dil ýarmadym), öý bikesi hakynda-da, Faldoni hakynda-da, Ratazýaýew hakynda-da, ädik hakynda-da, Markow hakynda-da — ählisini gürrüň berdim. Käbiri gülşen boldy, dogrusy, hemmesi gülüşdi. Ýöne, ähtimal, olar meniň keşbimde gülkünç bir zat tapandyrlar, ýa ädik baradaky gürrüňime gülşendirler. Hawa-da, hut ädige gülendirler. Başga bir betpygyl bilen-ä gülüşmeli däldi olar. Ýöne ýaş bolanlary ýa-da barly adam bolansoň gülendir, ýöne erbet, içiýaman pikir bilen meň sözlerime asla gülüşmeli däl olar. Ýagny onuň alyhezreti barada — hiç haçan gülşüp bilmeli däl olar.

Dogry dälmi, Warýa jan?

Men, gereklim, henizem özüme gelip bilýän däldirin. Şu wakalaryň ählisi meni aljyratdy! Siziň odunyňyz beri barmy? Sowuklaýmaň, Warýa jan; sowuklamak şeýle aňsat ahyryn. Wah, gereklim, öz gamgyn pikirleriňiz bilen meniň janymy

alýaňyz-da. Eý, gereklim, Hudaýa siziň üçin ýalbarýaryn, şeýlebir ýalbarýaryn! Aýdaly, siziň ýüň jorabyňyz ýa-da geýer ýaly ýylyrak bir zadyňyz barmy? Bilip goýuň, ezizim. Eger size, aýdaly, bir zatlar gerek bolsa, onda
Ýaradanyň haky üçin, men garryny öýkeletmäň. Göni meň ýanyma geliberiň. Indi erbet zamanalar geçdi. Men barada alada etmäň. Geljegimiz şeýle nurly, oňatlyk. Gamgyn döwürlerem gördük, Warýa jan! Ýeri bolýada, geçdi gitdi! Ýyllar öter, ol döwürleri-de aňsatlyk bilen dem alyp ýatlarys. Öz ýaşlyk ýyllarym ýadyma düşýär. O-ho-ho! Käte gara şaýyň ýokdur. Sowukduram, açsyňam, şonda-da şadyýansyň. Säher çagy Newanyň kenaryna seýil edersiň, naşyja ýüzli birine gabat gelersiň welin, uzakly gün bagtyýarsyň. Ajaýyp, ajaýyp döwürdi, gereklim. Bu jahanda ýaşamagyň gowudygyny, Warýa jan! Aýratynam Peterburgda. Düýn şol gamgyn wagtdaky ähli günälerimi — küpür işlerimi, erkin pikirlerimi, kakabaşlygymy we göçgünliligimi bagyşlasyn diýip, gözlerime ýaş aýlap Hudaýa ýalbarandyryn.

Dogadileglerimde sizem ýürekden ýatladym. Peýkerjigim meniň, ruhumy berkiden, maňa teselli beren, oňat maslahatlar we ündewler bilen göwünlik beren bir sizsiňiz. Men, gereklim, muny hiç haçan unutmaryn. Bu gün, mähribanym, siziň ähli hatjagazlaryňyzy birinbirin öpüp çykdym! Ýeri bolýa, gereklim, hoş. Şu ýerde, ýakynda bir ýerde satlyk taýýar geýim bar diýýärler. Şoňa bir baryp görmekçi. Hoş galyň, ezizim, hoş!   Size kalby bilen wepaly

Makar Dewuşkin.

S e n t ý a b r y ň 15-i.

Merhemetli Makar Alekseýewiç!

Meni durkum bilen elhenç bir tolgunma gurşap aldy. Gulak goýuň, bizde bolup-geçenleri gürrüň bereýin. Men ykbalyma täsir etjek bir wakanyň boljagyny syzýardym. Taýsyz dostum, özüňiz pikir edip görüň: jenap Bykow Peterburgdamyş. Fedora oňa duşupdyr. Ol geçip barýan eken welin, paýtuny sakladypdyr, özi Fedoranyň ýanyna gelip, nirede ýaşaýanyny sorap başlapdyr. Fedora ilki aýtmandyr. Soň Bykow

gülümsiräp, Fedoranyň öýünde kimiň ýaşaýanyny bilýänini aýdypdyr (ahmal, Anna
Fýodorowna oňa ählisini gürrüň berendir). Şonda Fedora saklanyp bilmän, hut şol ýerde, köçede ony utandyryp, gyjalat edip başlapdyr; onuň ahlaksyz adamdygyny, meniň ähli külpetlerimiň sebäpkäriniň şoldugyny aýdypdyr. Bykow bolsa kisäňde gara şaýy bolmasa, elbetde, adam betbagtdyr diýipdir. Fedora bolsa oňa meniň işläp hem günümi görüp biljegimi, durmuşa çykyp biljegimi, juda bolmanda, oňat iş ýeri tapyp biljegimi, indi bolsa bagtymyň müdimilik elden gidenini, üstesine, meniň indi hassadygymy we tiz wagtdan öljegimi aýdypdyr.
Muňa jogap edip, Bykow meniň heniz juda ýaşdygymy, kellämde heniz oý-pikirleriň at salýanyny aýdypdyr, biziňem salykatlylygymyzyň nury könelişdi diýipdir, (bu onuň sözlerimiş). Biz Fedora bilen ol ýaşaýan ýerimizi bilýän däldir öýdüpdik welin, birden düýn, men onymuny almak üçin dükana çykan mahalym ol otagymyza giripdir. Göwnüme

bolmasa, ol meniň öýde ýok mahalym gelmekçi bolupdyr. Uzak wagtlap Fedoradan biziň gün-güzeranymyz barada soraşdyrypdyr, içerimizi siňe synlapdyr, edip oturan işimi eline alyp görüpdir, ahyram: siziň bir tanyş hadymyňyz barmyş? diýip sorapdyr. Şol wagt siz howlynyň içinden geçip barýan ekeniňiz. Fedora oňa sizi görkezipdir. Ol seredipdir-de, gülümsiräpdir. Fedora gidiň diýip oňa ýalbarypdyr, meniň gamgussalar zerarly onsuzam sag däldigimi, ony öýümizde görsem, asla halamajagymy aýdypdyr. Ol sesini çykarmandyr; özüniň edere iş tapman ýöne sowulaýanyny aýdypdyr we Fedora 25 rubl berjek bolupdyr, ol, elbetde, almandyr. — Bu nämäniň alamatyka? Ol bize näme üçin gelipdir? Men onuň biz hakda ähli zatdan nireden habarlydygyna hiç düşünip bilýän däldirin! Kimden görjegimi bilemok. Fedoranyň aýtmagyna görä, onuň bize gelýän baldyzy kir ýuwujy Nastasýa bilen tanyşmyş, Nastasýanyň doganoglany bolsa Anna Fýodorownanyň ýegeniniň tanşynyň işleýän edarasynda garawulmyş. Şondan gep-gybat ýeten bolaýmasyn? Eýsem,

https://kitaphana.net

Fedoranyň ýalňyşýan bolmagy örän mümkin; biz näme pikir etjegimizem bilemzok. Ol bize ýene geläýermikä! Bu pikir meni juda gorkuzýar! Fedora düýn bularyň ählisini gürrüň berdi welin, meň zähräm ýaryldy, gorkudan ýaňa tas özümden gidipdim. Olara indi näme gerekkä? Meniň indi olaryň ýüzüni göresim gelenog-a! Men görgüli bilen ne işleri barmyş! Wah-eý, meň gorkaýşymy. Birden Bykow içerik giräýse diýýän. Meň halym neneň bolar! Täleý maňa ýene nämeleri taýýarlaýarka? Hudaýyň haky üçin, Makar Alekseýewiç, häziriň özünde meniň ýanyma geliň. Geliň, haýyş edýärin, geliň. W.D.

S e n t ý a b r yň 18-i.

Gereklim meniň, Warwara Alekseýewna!

Şu gün biziň öýümizde aňrybaş gynandyryjy, hiç zat bilen düşündirip bolmaýan we garaşylmadyk bir waka boldy. Biziň betbagt Gorşkowymyz (gereklim, muny size aýtmagym gerek) doly aklanypdyr. Çözgüd-ä bireýýäm çykan, bu gün bolsa ol gutarnykly hökümi diňlemäge gidipdir. Iş onuň üçin örän

bagtly tamamlanypdyr. Geleňsizlik we seresapsyzlyk üçin oňa ýöňkelen ähli günä babatda doly aklamaly edilipdir. Täjirden onuň haýryna esli pul tutmaly edilipdir, şeýlelikde, indi onuň ýagdaýam örän gowulandy, atabraýyna ýokaşdyrylan tegmildenem dynypdyr, ähli zat hem oňatlyk bolupdyr. Mahlasy, islegleri birkemsiz ýerine ýetipdir. Ol şu gün üçde öýüne gaýdyp geldi. Ýüzi ýedi ýuwlan biz ýaly, dodaklary müňkül-müňkül edýär, özüniň bolsa erni bir ýere gelenok, aýalyny, çagajyklaryny bagryna basdy. Biz hemmämiz üýşüp gözüň aýdyňa bardyk, gutladyk. Baranymyza örän bozuldy, hemmämize baş egdi, herimiziň elimizi telim gezek gysdy. Göwnüme, hatda boýy ösen we dikgeren ýaly, gözlerinde hem birje ýaş ýok ýalydy. Görgüli, şeýlebir tolgunýardy! Bir ýerde durup bilenok, gözüne ilen zady eline alýar, ýene taşlaýar, ýylgyryp baş egip ýördi, bir oturar, bir turar, ýene oturar, Hudaý bilsin bir zatlary diýişdirýärdi. «At-abraýym, at-abraýym, arassa adym, çagajyklarym» diýýärdi. Ah, onuň gepleýşini diýsene! Hatda aglaýdam. Biziň hem köpimiziň

gözümiz çyglandy. Ratazýaýew oňa göwünlik bermek islän bolarly we «Heý, gardaş, bir döwüm çöregiň bolmasa, atabraý nämedir; puldur, gadyrdan, puldur esasy zat, ine, şunuň üçin Hudaýa şükür ediň!» diýdide, onuň egnine çalarak kakdy. Göwnüme bolmasa, Gorşkow göwün eden ýalydy. Gönüläp närazylygyny bildirmedi welin, ýöne Ratazýaýewe, birhili, gaňrylybrak seretdi-de, onuň elini egninden aýyrdy. Öň bolsa beýle zadyň boljak gümany ýokdy, gereklim! Ýöne, neme-dä, häsiýetem dürli-dürli bolýar. Ine, men, mysal üçin, şeýle begençli pursatda ulumsylyk etmezdim. Käte, ezizim, baş egäýmek we göwnüňi pesräk tutmak hem göwnüň hoşlugynda we ýüregiň juda ýumşaklygyndan-da ediläýýändir... Ýöne garaz, bu ýerde mesele mende däl! «Hawa, pul bir gowy zat; Hudaýa şükür, Hudaýa şükür!» diýdi. Soňam tä biz gaýdýançak «Hudaýa şükür, Hudaýa şükür!» diýip zol gaýtalady. Aýaly sypaýyrak we bolrak iýer-içer ýaly zat getirdipdir. Öý bikämiziň özi gazan başynda durdy. Onuň mahal-mahal oňat wagtam bolaýýar. Saçak başyna geçilýänçä,

Gorşkow hiç bir ýerde durup bilmedi. Çagyrylsa-çagyrylmasa, ähli otaglara girip çykdy. Ýöne girer, ýylgyrar, dyzyny eper, bir zat aýdan bolar, käte bolsa hiç zadam aýtmaz-da, çykar gidiberer. Miçmanyň otagynda eline kart dagy aldy, ony dördünji bolarsyň diýip oturtdylar. Ol oýnan boldy birsalym, göçümde bir zat bulaşdyrdy, üç-dört göçüm etdi-de, taşlady. «Ýok, men ýöne şeýle, ýöne» diýdi-de gaýtdy ýanlaryndan. Maňa daş işikde duşanda iki elimden tutdy, göni didelerime garady, birhili, geň garady. Elimi gysdy-da, ýylgyryp ýanymdan aýryldy.

Ýöne ýylgyryşy, birhili, geňdi, agyrdy, öliniňki ýalydy. Aýaly begenjinden aglady. Öýleri baýramçylyk ýaly şowhunlydy. Olar saçak başyndan tiz turdy. Nahardan soň ol aýalyna: «Gulak as, ezizim, men bir bilimi ýazaýyn-la» diýdi-de, düşege geçdi. Gyzjagazyny ýanyna çagyrdy, elini kellejigine goýdy-da, kän wagtlap çaganyň başyny sypalady. Soň aýalyna tarap öwrüldide: «Petýa janymyz neneň, Petýa janymyz nähili?» diýdi. Aýaly görgüli ýakasyny tutup, «Ol öldi

ahyryn!» diýdi. «Hawa, hawa, bilýärin, hemmesini bilýärin, Petýa jan indi Hudaýyň rehmetine gowşandyr» diýdi. Aýaly onuň özüni bilmeýänini, bu wakalaryň ony halys güň edenini görüp, oňa — «Siz, ezizim, biraz uklaýmaly ekeniňiz» diýdi. Adamsy: «Hawa, bolýar, men häzir... men bir salymjyk» diýdi-de, aňyrsyna bakdy. Biraz ýatandan soň, bärsine bakyp, bir zat aýtjak boldy. Aýaly näme diýenini saýgarman «Näme, ezizim?» diýipdir. Ol bolsa jogap bermändir. Aýaly biraz garaşypdyr, aý, uklandyr diýip, birsalym goňşulara çykypdyr. Bir sagatdan dolanypdyr, görse, adamsy heniz oýanmandyr we gymyldamanjyk ýatyr diýýär. Aýaly ol uklandyr öýdüp, işini etmäge oturypdyr. Onuň aýtmagyna görä, ýarym sagat çemesi işläpdir, oý-pikire batypdyr, nämäniň pikirini edeni-de ýadyna düşenokmyş. Adamsyny unudaýypdyr diýýär. Ine, birdenem erbet bir zat syzan ýaly özüne gelipdir, oňa ozaly bilen ýas ýerindäki ýaly ümsümlik geň görnüpdir. Ol adamsyna tarap seredipdir we onuň şol bir bolşunda ýatany gözüne ilipdir. Ýanyna baryp, üstündäki ýorgany çekip aýyrsa, ol eýýäm buz

ýaly bolaýypdyr diýýär. Öläýipdir, gereklim, ýaňky Gorşkow öläýipdir, hamala ýyldyrym uran ýaly, birdenkä öläýipdir! Nämeden ölenini Hudaý bilsin. Men, Warýa jan, şeýlebir aljyrapdyryn, şu çaka çenli özüme gelip bilemok. Adamyň şeýdip öläýenine hiç ynanyp bilemok. Ah, Gorşkow bende, betbagt diýsänim! Bu täleýiň oýnuny bir görüň ahyryn! Zähresi ýarylan aýaly boýur-boýur gözýaş dökýär. Gyzjagaz çüňkde bir ýerde gizlenipdir. Otaglary häzir berbaşagaýlyk; takyg-a biljek däl welin, lukmançylyk derňewi geçiriljekmiş... Ýüregim bir awaýandyr welin! Ine, şeýdip günüňem, sagadyňam bilmeýäniň hakda oýlanýaň welin, gam-gussa basýar... Hiç zadyňam manysy ýok . . . . . . . . Siziň Makar Dewuşkiniňiz.

S e n t ý a b r y ň 19-y.

Merhemetli Warwara Alekseýewna!

Hoş habary paýlaşmaga howlugýaryn — Ratazýaýew maňa bir ýazardan iş tapypdyr. Onuň ýanyna bir kişi geldi, galyň golýazma getirdi — Hudaýa şükür, iş köp. Ýöne haty şeýlebir

düşnüksiz welin, işe nädip başlajagymam bilemok; iş welin howlukmaç. Bir zatlar barada ýazylypdyr öz-ä, men, birhili, düşünmeýän ýaly... Sahypasyny 40 köpükden gürleşdik. Bu zatlar barada size ýazýanym, ezizim, mende indi goşmaça puluň boljagyndan. Häzir bolsa hoş, gereklim. Men edil häzir işe başlaberjek. Siziň wepadar dostuňyz Makar Dewuşkin.

S e n t ý a b r y ň 23-i.

Gadyrly dostum Makar Alekseýewiç!

Eýýäm üç gündür, dostum, meň size hat ýazmanyma, başymdan geçiren aladalarym, gam-gussalarym bolsa köp bolandyr.

Öňňin meň ýanyma Bykow geldi. Men bir özümdim, Fedora bir ýana çykypdy. Gapyny açyp ony görenimde şeýlebir gorkupdyryn welin, ýerimdenem gozganyp bilmedim. Hatda ýüzümde gan-pet galmanyny duýdum.

Ol hemişe bolşy ýaly, çasly gülüp içerik girdi, oturgyç aldy-da oturdy. Men köp wagtlap özüme gelip bilmedim, ahyr burça geçip, işime gümra boldum. Ol bahym gülmegini bes etdi.

Meniň daş sypatym ony haýran etdi öýdýän. Men soňky wagtda örän çekildim; duluklarymdyr gözlerim içine gidipdi, özümem esgi ýaly duw akdym... Dogrudan-da, bir ýyl öň gören adamyň meni tanamagy kyndy. Ol maňa çiňerilip kän seretdi, ahyr ýene ýüzi açyldy. Bir zatlary diýdi; oňa näme jogap berenimi bilemok welin, ol ýene güldi. Ol meň ýanymda bir sagat dagy oturdy; käbir zatlar hakda soraşdyrdy. Ahyr, hoşlaşmakdan öňinçä elimden tutdyda, şeýle diýdi
(men size sözme-söz ýazýaryn): «Warwara Alekseýewna! Öz aramyzda galsyn welin, siziň garyndaşyňyz, meniň bolsa täzeräk tanşym we hamçamym Anna Fýodorowna juda nejis bir zenan». (Şu ýerde Bykow ol barada salykatsyz bir söz ulandy.) «Ol siziň doganoglan uýaňyzy-da sandan çykardy, siziňem bagtyňyzy ýatyrdy. Bu ahwalda men hem öz gezegimde haýynlyk etdim; ýöne nätjek, durmuş-da bu». Şeýle diýdi-de, ol bogazyna sygdygyndan hahahaýlap güldi. Soň özüniň gep owadanlamagy başarmaýanyny we asyllylyk borçlaryna görä düşündirmeli hem ýaşyrmaly däl bolan esasy

zady eýýäm aýdandygyny, indi bolsa gepini köpeltmän, galan zatlara girişýänini aýtdy. Şu ýerde ol meniň özüne barmagymy isleýänini, atabraýymy dikeltmegi öz borjy hasap edýänini, baýdygyny, toýdan soň meni sähra ýerdäki obasyna äkitjegini, şol ýerde towşan awlamakçydygyny, Peterburga indi hiç haçan gelmejegini, sebäbi Peterburgda ýaşamagyň nejisdigini, şu ýerde,

Peterburgda, özi aýtmyşlaýyn, haramzada bir ýegeniniň bardygyny, ony mirasdan mahrum etmäge ant içenini we hut şunuň bilen baglylykda, ýagny kanuny mirasdüşerleriniň bolmagy üçin maňa öýlenmekçidigini, söz aýtmagynyň esasy sebäbiniň hem şudugyny aýtdy. Soň örän garyp ýaşaýan ekeniň diýdi, keselli halyma şeýle külbede ýaşasam, bir ýyldan uzaga çekmän hökman öljegimi aýtdy; Peterburgda öýleriň ýaramazdygyny belledi we galyberse-de, gerek zadyň barmy diýip sorady.

Onuň teklibi meni şeýlebir geň galdyrdy welin, nämedendigini özüm-de bilmän, aglapdyryn. Ol gözýaşyma minnetdarlyk

hökmünde düşünip, meniň mähriban, näzik we bilimli maşgaladygyma hemişe ynananyny, ýöne şeýle ädimi ätmekden öň meniň häzir özümi alyp barşym barada jikme-jik soraşdyranyny aýtdy. Soň ol siz hakda sorady, ähli bolan-bitenlerden habarlydygyny, siziň asylly gylyk-häsiýetli adamdygyňyzy, öz gezeginde siziň öňüňizde bergidar bolmak islemeýänini aýtdy we meniň üçin edenleriňiziň öwezine 500 rubl ýeterlik bolarmy diýip sorady. Men siziň meniň üçin edenleriňizi hiç hili pul bilen ölçäp bolmajagyny aýdanymda, ol bu zatlaryň ählisi bidereklikdir, romanlary okamagyň netijesidir diýdi. Sen heniz ýaş we goşgy-şygyr okaýansyň, romanlar juwan gyzlary sandan çykarýar, kitaplar ahlaga diňe zelel ýetirýär, kitap diýlen gyr-jynymdyr diýdi. Heniz mençeräk ýaşamalysyň we şonda adamlara baha bermelisiň diýdi, soň hem «Ine, şonda adamlara-da belet bolarsyňyz» diýip, sözüniň üstüne goşdy. Soň ol meniň öz teklipleri barada oňatja oýlanmagymyň gerekdigini, şeýle möhüm ädimi oýlanman ätsem örän gynanjagyny aýtdy. Soňra oýlanmazlyk

we yňdarmalyk tejribesiz ýaşlary heläk edýändir diýdi. Meniň hoş söz bermegimi biçak isleýänini, galyberse-de, teklibini ret etsem,
Moskwada bir dul täjir aýala öýlenmäge mejbur boljagyny, sebäbi haramzada ýegenini mirasdan mahrum etmäge ant içenini-de aýtdy. Zorlap diýen ýaly örüp oturan işime bäş ýüz rubly, özi aýtmyşlaýyn, kemput üçin gysdyrdy. Obada byzmyk ýaly semrärsiň, alaçaly ýag iýersiň diýdi. Özüniň häzir iş-aladasynyň juda köpdügini, uzak gün işi ugrunda selpäp halys ýadanyny, häzirem aýak üstünden ýanyma sowulanyny aýtdy. Şeýle diýdi-de gitdi. Men kän oýlandym, köp pikir etdim, kelle döwdüm, dostum, ezýet baryny gördüm, ahyram karara geldim. Dostum, men oňa durmuşa çykaryn, men onuň teklibine razylyk bermeli. Meni ýaman atdan halas edip, abraýymy gaýtaryp, ýoksullykdan çykaryp, geljekde mätäçlikden we betbagtlykdan halas edip biljek bar bolsa, onda şol ýeke-täk adam oldur, Bykowdyr. Men ertirimden nämä garaşaýyn, ykbaldan näme tama edeýin? Fedora öz

bagtyňy sypdyrmaly däl diýýär, bagt diýilýän şu bolmasa, onda nämekä? diýýär. Mähriban dostum, men özüm üçin şundan başga ýol görmeýärin. Men näme edeýin ahyryn? Iş sebäpli men şonsuzam halys saglygymy zaýaladym, hemişe işläp ýörmäge men indi ýaramok. Iliň hyzmatyny edeýinmi? Meni gamgussa öldürer; onsoňam, men hiç kimiň göwnüni tapyp bilmerin. Men doga hassa ahyryn, şonuň üçinem hemişe kesekilere hossa bolaryn. Elbetde, häzirki barjak ýerimem behişt däl, ýöne, dostum, nä alaç edeýin? Saýlap-seçmäge mümkinçilik barmy?

Men sizden maslahat soramok. Özüm ölçerip-dökmek isleýärin. Size häzir mälim bolan kararym üýtgewsizdir we men şonsuzam özümi gutarnykly çözgüde gelmäge howlukdyrýan. Bykowa haýal etmän habar bererin. Ol işleriniň gyssagdygyny, gitmelidigini hem-de, biderek zatlar üçin soňa goýmaly däldigini aýtdy. Men bagtly boljakmy-bolmajakmy, bir Hudaý bilýär; ykbalym onuň bize aýan däl ygtyýaryndadyr, ýöne men ýüregime düwdüm. Bykow ýüregi

ýumşak adamdyr diýýärler. Ol meni sylar, belki, men hem oňa hormat goýaryn. Biziň baryşmagymyzdan başga nämä garaşyp bolar? Makar Alekseýewiç, indi siz ähli zat barada habarly. Meň gam-
hasratyma düşünjegiňize ynanýaryn. Meni bu niýetimden dönderjek bolmaň. Etjek tagallaňyz haýyr bermez. Meni şeýle etmäge iteklän zatlaryň ählisini öz ýüregiňizde saldarlap görüň. Men ilkibaşda örän howsala düşdüm, indi bolsa ýüregim aram tapdy. Öňde nämäniň garaşýanyny bilemok. Näme bolsa, şol bolsun;
Hudaýyň bereni bolar!..
Bykow geldi; hatymy tamamlaman taşlaýaryn. Size aýtjaklarym heniz köpdi. Bykow eýýäm içerde! W.D.
S e n t ý a b r y ň 23-i.
Gereklim meniň, Warwara Alekseýewna!
Men, gereklim, size jogap bermäge howlugýaryn; men, gereklim, haýranlar galandygymy size aýtmalydyryn. Bu, birhili, däl ýaly... Düýn biz Gorşkowy jaýladyk. Hawa, Warýa

jan, bu şeýledir, şeýledir; Bykowyň edýäni asylly iş. Ýöne, biler bolsaňyz, ezizim, siz onda razylyk beräýýäňizmi? Elbetde, ähli zat Ýaradanyň elindedir; bu şeýle, bu hökman şeýle bolmaly, ýagny bu ýerde Ýaradanyň eradasy hökman bolmaly. Ýaradanyň emri, elbetde, haýyrdyr, bize aýan däldir, ykballaram, olaram şeýledir. Fedora hem siz hakda alada edýändir. Elbetde, geregim, siz indi bagtly bolarsyňyz, hoşal bolarsyňyz, ezizim, gözümiň nury, peýkerjigim meniň. Ýöne, biler bolsaňyz, Warýa jan, ne beýle howlukmaçla? Hä, işalada, jenap Bykowyň işleri bardyr. Elbetde, her kimiňem işi bardyr, onuň hem işleri bolup biler... Men ony gördüm, sizden çykyp barýan eken. Peşeneli, peşeneli adam eken, hatda diýseň peşeneli. Ýöne bularyň ählisi, birhili... çig ýaly; men hem indi özümi tutup bilmeýän ýaly. Ýöne biz indi biri-birimize nädip hat ýazarkak? Men, men indi, neme, ýeke-ýalňyz galybermelimi? Men, peýkerjigim, saldarlaýaryn, saldarlaýaryn, siziň hatyňyzda ýazyşyňyz ýaly, bularyň ählisini, sebäpleriň baryny saldarlap görýärin. Men eýýäm

https://kitaphana.net

ýigriminji sahypany göçürmegi tamamlap barýardym welin, birden bu wakalar ara düşäýdi! Gereklim, gitmekçi bolsaňyz, ony-muny satyn almagama gerekdir. Köwüş diýermiň, köýnejik diýermiň; meň bolsa Gorohowaýa köçesinde bir belet dükanym bar. Ýadyňyzdadyr-a, size hatymda gürrüňem beripdim. — Beýle bolup bilmez! Gereklim, bu nähili beýle, edýäniňiz näme! Size häzir gitmek bolmaz ahyryn, asyl bolmaz, hiç mümkin däl-ä. Siz köp zat satyn almaly we paýtun edinmeli bolarsyňyz ahyryn.
Onsoňam, howa-da häzir erbet. Serediň-ä, ýagyş bedreden guýulýan ýaly. Onsoňam... üşärsiňiz-ä, peýkerjigim; ýürejigiňizi üşedersiňiz! Siz, ine, keseki adamdan gorkýaňyzam welin, onda-da gidýäňiz. Men, näme, bu ýerde tenhalykda galybermelimi? Gör-ä! Fedora size uly bagt garaşýar diýýärmiş. Ol bir däli heleý-ä, meni heläk etmek isleýär-ä ol. Gereklim, siz şu gün gijeki ybadata gidersiňizmi? Men sizi görmek üçin barardym. Elbetde, dogrudyr, gereklim, siz bilimli, asylly we ýuka ýürek maşgalasyňyz, ýöne goý, ol

gowusy dul täjir aýala öýlenibersin! Nähili pikir edýäňiz, gereklim? Goý, gowusy şoňa öýlenäýsin! Men, Warýa jan, garaňky düşer welin, ýüwrüpjik size bir sagatlyjak bararyn. Häzir ir garaňky düşýär-ä, men onsoň baraýaryn. Men, gereklim, size şu gün hökman bir sagatlyjak bararyn. Ine, siz häzir Bykowa garaşýarsyňyz, ol giderem welin, ine, şonda... Siz garaşyň, gereklim, men ýüwrüpjik bararyn...

Makar Dewuşkin.

S e n t ý a b r y ň 27-si.

Makar Alekseýewiç, dostum.

Jenap Bykow meniň hökman golland matasyndan azyndan ýigrimi-otuz köýnegimiň bolmalydygyny aýtdy. Şonuň üçin olary tikmäge tizden-tiz tikinçi tapmak gerek, wagtymyz bolsa juda az. Jenap Bykow gaharlanýar, eginbaş edinmegiň hysyrdysy örän köp diýýär. Toýumyz bäş günden, toýuň ertesi bolsa biz gidýäris. Jenap Bykow howlugýar, biderek zatlara köp wagt ýitirmeli däl diýýär. Aladalar meni halys etdi, aýak üstünde zordan durun. Iş tükener ýaly däl, dogrusy, şu zatlaryň

ähli̇si bolmasa oňat boljak. Hawa, ýene bir mesele; eginbaşlar üçin bezeglikler ýeterlik däl, ýetmeýäni satyn alynsa gowy boljak, sebäbi jenap Bykow aýalymyň aşpez heleýler ýaly geýinmegini islämok, sen hökman mülkdarlaryň aýallarynyň gözi gider ýaly etmeli diýýär. Hut özi şeýle diýýär. Şonuň üçin, Makar Alekseýewiç, haýyş edýärin, Gorohowaýa köçesindäki hanym Şifona habar edäýseňiz we, birinjiden, bize tikinçi gyzlary ibermegini, ikinjiden bolsa, özüniň-de ýumuş bilmän, gelip-gitmegini haýyş edäýseňiz. Men şu gün ýarawsyz. Täze ýaşaýan ýerimiz örän sowuk we ähli zat bitertip. Jenap Bykowyň daýzasy garrylykdan ýaňa zordan demini alýar. Men biz ugramakak öläýmese diýip gorkýaryn, ýöne jenap Bykow hiç zat bolmaz, aýňalar diýýär. Öýümiziň içi agdar-düňder. Jenap Bykow biziň bilen ýaşamaýar, şonuň üçin adamlaryň bary dyr-pytrak, Hudaý bilsin nirä gidýänini. Käte hyzmat edýänlerden diňe Fedora galýar, Jenap Bykowyň ähli zada esewan edýän hyzmatkäri bolsa eýýäm üç gündür bir ýerlere zymzyýat boldy. Jenap Bykow her gün irden gelýär,

örän gaharlanýar, düýn bolsa polisiýa bilen işleri bulaşdyrany üçin ýaşaýan öýümiziň dolandyryjysyny urdy... Size haty iberere adam hem tapylmady. Şäher poçtasy arkaly iberýärin. Wiý! Iň möhüm zady tas unudan ekenim. Madam Şifona köýneklerdäki bezeglikleri düýnki nusga görä hökman üýtgetmelidigini we täze saýlamaly nusgalary görkezmek üçin özüniň ýanyma gelip-gitmegini aýdaýsaňyz. Onsoňam, meniň nagyş salmak usulyny üýtgetmekçidigimi hem aýdyň oňa. Ýene bir zat: ýaglyklardaky harplaryň hökman meniň aýdyşym ýaly edilmelidigini-de aýdyň. Şuny unudaýmaweriň! Ýene bir zady tas unudan ekenim. Meniň toý köýnegimi tikenlerinde ähli bezegleriniň hökman edil meniň aýdyşym ýaly bolmalydygyny-da oňa ýatladaweriň. Makar Alekseýewiç, haýyş edýän, şulary oňa ýetireweriň.

Siziň W.D.

Hatsoňy. Ýumuşlary tabşyryp size-de gün bermeýänime örän utanýaryn. Ine, öňňin hem ir bilen ylgaşlap geçäýipdirin. Nätjek-dä! Biziň öýümizde hiç tertip ýok, özüm bolsa näsag.

Makar Alekseýewiç, menden göwün etmäweriň. Bu nä gussa diýsene! Wah, dostum, ezizim, mähribanym Makar Alekseýewiç, neneň-nähili bolarka! Men geljegim hakda çaklamaga-da gorkýaryn. Men henizem bir zady syzýan ýaly we birhili, ümürdumanda ýaşap ýören ýaly.

Hatsoňy. Hudaýyň haky üçin, dostum, meniň aýdanlarymdan hiç zady unudaýmaweriň. Siz birden ýalňyşaýmasaňyz ýagşy diýip howatyr edýärin. Hut meniň aýdyşym ýaly etsinler hemmesini. W.D.

S e n tý a br y ň 27-si.

Merhemetli hanym Warwara Alekseýewna!

Siziň ähli tabşyryklaryňyzy yhlas bilen ýerine ýetirdim. Madam Şifon özüniň siziň aýdyşyňyz ýaly eýýäm nagyş salyp başlanyny, şeýdilse, has salykatly bolýar diýdimi, nämemi, oňatja düşünmändirin. Siziň beýleki aýdan zatlaryňyz hem tabşyryşyňyz ýaly edilýär. Ýöne, gereklim, onuň başga bir nagyş hakynda aýdanlary ýadymda galmandyr. Diňe juda köp gürläni ýadymda galypdyr. Şeýlebir ýaramaz heleý eken!

https://kitaphana.net

Ýene näme diýipdig-ä? Aý, indi özi ählisini size aýdyp berer. Men, gereklim, halys ýadaýypdyryn. Şu gün işe-de gitmedim. Ýöne siz, mähribanym, biderek ýere aljyrap oturmaň. Siziň rahat bolmagyňyz üçin men ähli dükanlary söküp çykmaga häzirdirin. Siz geljek barada çak etmäge-de gorkýaryn diýip ýazýarsyňyz. Ine, şu gün altydan soň hemmesi size aýan bolar ahyryn. Hanym Şifonyň özi ýanyňyza barar. Siz, gereklim, lapykeç bolmaň, umytda boluň. Belki-de, ähli zat gowy bolar duruberer. Men, peýkerjigim, size aýak üstünden bolsa-da, barardym, hökman barardym. Men eýýäm siziň jaýyňyzyň derwezesiniň ýanyna-da iki gezek baryp gaýtdym. Ýöne şu jenap Bykow, ýagny meň aýtjak bolýanym... jenap
Bykowyň ýüzi juda agyr görünýär-dä, ine, onsoň, bolman dur-da... Ýeri, bolýa-da!

Makar Dewuşkin.

S e n t ý a b r y ň 28-i.

Merhemetli Makar Alekseýewiç!

Hudaýyň haky üçin, dessine zergäriň ýanyna eňeweriň. Göwher we zümerret daşly ysyrgany ýasamak gerek däl diýiň oňa. Jenap Bykow bu örän kaşaň, juda gymmat diýýär. Ol gaharlanýar; şonsuz hem çykdajy köp diýýär, biz ony talaýarys diýýär. Düýn bolsa şeýle çykdajy etmeli boljagyny bilen bolsam, bu işlere asla baş goşmazdym diýdi. Kilisede nika gyýlan badyna dessine ýola düşeris, myhman bolmaz diýýär, sen hem jyrtlap tans oýnaryn öýtme diýýär, toý-baýram etmäge heniz wagt bar diýýär. Ine, onuň aýdýanlary! Hudaý bilýär, gerekmidir maňa şu zatlar! Jenap Bykowyň özi ählisini buýrupdy ahyryn. Men oňa hiç zat jogap bermäge-de ýürek edemok: ol şeýlebir gyzma. Meniň günüm neneň bolarka!
W.D.

S e n t ý a b r y ň 28-i.

Ezizim meniň, Warwawa Alekseýewna!

Men, wiý, zergär «Bolýar» diýýär. Men ilki özüm hakda, näsaglanymy we ýorgan-düşekli ýatanymy aýtmakçydym. Şeýle boldy duruberdi-dä, alada köp, aýak üstünde bolmak

gerek welin, sowuklama diýen dert tapylaýdy-da, içigargalmyş! Şeýle hem sizi habarly edýärin, ýagny ähli külpetlerime urna bolup, onuň alyhezreti hem gahar edýär, Ýemelýan Iwanowiçe-de köp gahar etdi we gygyrdy, soňabaka halys boldy görgülijik. Men size, ine, şuny habar bermekçidim. Onsoňam, men size ýük bolmakdan çekinýänimi ýazjakdym. Men, gereklim, samsyk, sada bir adam-da, çem gelenini ýazyberýärin, belki, siz... eger, neme-dä...

Ýeri, bolýar eken-dä!

Siziň

Makar Dewuşkiniňiz.

S e n t ý a b r y ň 29-y.

Warwara Alekseýewna, ezizim!

Men, ezizim, şu gün Fedorany gördüm. Ol size ertir eýýäm nika gyýýarlar, birigün bolsa ugraýarsyňyz diýýär, jenap Bykow eýýäm ýol üçin atlary kireýine alyp ýör diýýär. Men, gereklim, onuň alyhezreti barada eýýäm habar edipdim. Wiý,

https://kitaphana.net

ýene bir zat: — Men Gorohowaýadaky dükandan hasaplaşyk hatlaryny barladym; ählisi dogry, ýöne juda gymmat. Ýöne jenap Bykow näme üçin size gaharlanýarka? Ýeri, bolýar, gereklim, alny-bagtyňyz bolsun! Men şat; hawa, siz bagtly bolsaňyz menem şat bolaryn. Men, gereklim, kilisä-de barardym welin, başarjak däl, bilim agyrýar. Men, neme, şu hatlar barada aýtjak bolýan-da. Gereklim, olary size indi kim ýetirerkä? Hawa, eşitdim! Fedora uly ýagşylyk edipsiňiz, nähribanym! Oňat iş edipsiňiz, dostum. Muny örän oňat edipsiňiz. Haýyr iş! Her bir haýyr işiňiz üçin bolsa sizi Hudaý ýalkar. Haýyr işler görülmän galýan däldir we sogap iş üçin iru-giç Ýaradan hemişe ýalkaýandyr! Gereklim meniň! Size ýazjaklarym örän köpdi; her sagadymy, her pursadymy ýazar oturardym, ýazar oturardym! Mende siziň bir kitabyňyz galypdyr, «Belkiniň hekaýatlary» diýýär. Siz, gereklim, neme-le, ony menden almaň-da, ony maňa sowgat edäýiň, ezizim. Meniň ony edil beýlebir okasym gelýäni üçin däl. Ýöne, gereklim, özüňize mälim, gyşam geliberdi, gijeler uzar, gam-

gussa baglar, ine, şonda okaýmaga gerek bolar. Men, gereklim, häzirki otagymdan siziň öňki otagyňyza göçerin we ony Fedoradan kireýine alaryn. Men bu päk ýürekli aýaldan indi hiç aýrylmaryn, üstesine, ol şeýlebir janypkeş. Düýn men siziň öňki otagyňyzy oňatja synladym. Siziň örüp başlan zatlaryňyzam, tikin-çatynlaryňyzam ellenmändir, bir çetde şol goýluşy. Men tikin işleriňizi synladym. Bu ýerde dürli gyýkyndylaram galypdyr. Hatlarymyň birine siz sapak sarabam başlan ekeniňiz.

Stoluňyzdan birnäçe kagyz tapyldy, birinde: — Merhemetli Makar Alekseýewiç, howlugýaryn — diýlip ýazylan. Başga zat ýazylmandyr. Sizi iň gyzykly ýerinde biri bölen bolarly. Burçda, tutujygyň aňyrsynda siziň ýatalgaňyz dur... Ezizim!!! Ýeri, hoş; Hudaýyň haky üçin şu hatjagazyma çaltrak jogap ýazaweriň.

Makar Dewuşkin.

S e n t ý a b r y ň 30-y.

Gadyrdan dostum, Makar Alekseýewiç!

Ähli zat boldy-bitdi! Meň bijäm çykdy; neneňnähilidigini bilemok welin, men Hudaýyň eradasyna kaýyl! Ertir ýola düşýäris. Gadyrdanym, dostum, mähribanym, siziň bilen soňky gezek hoşlaşýaryn! Meni alada etmäň, bagtly ýaşaň, meni ýatlap duruň, Ýaradan sizi aman saklasyn! Men oýpikirlerimde, doga-dileglerimde sizi häli-şindi ýatlaryn. Ine, bu döwür hem tamam boldy! Geçen günler hakyndaky ýatlamalardan täze durmuşyma alyp gitjek ýürege ýakymly pursatlarym köp däl. Ýöne siz hakdaky ýatlamalar şonça-da gymmatly bolar, şonça-da siz kalbymda has arzyly bolarsyňyz. Siz meniň ýeke-täk dostumsyňyz; bu ýerde meni diňe siz söýensiňiz. Men ähli zady görýärdim ahyryn, meni nähili söýýäniňizi bilýärdim-ä! Meniň ýeke ýylgyryşym, hatymyň bir setiri sizi bagtyýar edýärdi. Mensiz ýaşamaga öwrenişmeli boljagyňyza gynanýaryn! Tenhalykda galmaly bolarsyňyz! Meniň mährem, gadyrdan, ýeketäk dostum, kimden haraý taparkaňyz! Kitaby, örüp başlan işimi we başlan hatymy size galdyrýaryn. Şol başlanan setirlere seredeniňizde

oý-pikirleriňizde dowamyny, menden eşitmek we hatlarymda okamak islän zatlaryňyz, öň ýazmadyk we indi ýazyp bilmejek zatlarymyň ählisi menden ýadygär bolsun! Sizi çyny bilen söýen öz Warýa janyňyzy ýatlap duruň. Siziň ähli hatlaryňyz Fedoranyňsandygynda, ýokarky bölüminde galandyr. Siz ýarawsyzdygyňyzy ýazýarsyňyz, jenap Bykow bolsa meni şu gün hiç ýere goýberenok. Men size ýazaryn, dostum, söz berýärin. Ýöne neneň-nähili boljagyny bir
Hudaý bilýär. Onda näme, hemişelik hoşlaşmak pursady geldi! Dostum, ezizim, mähribanym, hemişelik hoşlaşyk!.. Wah, şu wagt sizi bir bagryma basaýsam! Hoş, dostum, hoş, hoş... Bagtly boluň, sag-salamat boluň. Doga-dileglerimde sizi hemişe ýatlaryn. Eý, Hudaý, gam-gussa basmarlaýar, kalbymy ezip daglaýar. Jenap Bykow meni çagyrýar.
Hoş galyň! Sizi baky söýýän. W.
Hatsoňy. Meniň kalbym gözýaşdan doly, pürepür doly... Agym tutýar, gam-hasrat meni para-para edýär! Hoş galyň! Beýle-de bir gussa bolar eken!

https://kitaphana.net

Öz Warýa janyňyzy ýatlap duruň, ýatlap duruň!

Gereklim Warýa janym, ezizim, gadyrdanym! Sizi alyp gidýärler, siz gidýärsiňiz! Wah, meni sizsiz goýanlaryndan gursagymdaky ýüregimi goparyp alsalar, gowy boljakdy ahyryn! Nädäýdiňiz muny! Siz aglaýaňyz, ýöne şonda-da gidýäňizmi? Men häzir siziň hatjagazyňyzy aldym, onuň ähli ýerinde siziň gözýaşlaryňyzyň yzy bar. Diýmek, siz gitmek islemeýärsiňiz; diýmek, sizi zor bilen äkidýärler, diýmek, siz meň halyma gynanýarsyňyz, diýmek, siz meni söýýärsiňiz!

Bu nähili beýle bolýar, siz bilen indi kim derdinişer? Ol ýerde ýürejigiňiz gysar, ezýet çeker, haraýsyz galar. Hasrat ony guradar, gam-gussa paralar. Siz ol ýerde ölersiňiz, ol ýerde sizi gara ýere duwlarlar, ol ýerde siz barada gözýaş etjek-de ýokdur! Jenap Bykow-a towşan awlar ýörer... Wah, gereklijäm meniň! Nädip muňa ýürek etdiňiz ahyryn, nädip muňa razylyk berdiňiz? Ne günleri başyňyza saldyňyz! Ol ýerde size gün bermezler ahyryn, olar sizi, peýkerjigim, gynapjyk öldürer-ä. Gereklim meniň, siz baldajyk ýaly ejizje

ahyryn. Men nirededim diýsene? Men samsygyň garaklary gapykmydy? Görýäň-ä, görgüli çaga ugruny ýitirip ýör, çaganyň kellejigi aň edenok! Şu pursat ýöne neme edäýmel-ä, men bolsa, berebekgeý diýsänim, pikir-de ýok, göz-de ýok. Hamala şeýle bolaýmaly ýaly, hamala maňa asla dahyly ýok ýaly; üstesine, toý köýneginiň bezegi-de maňa galan ýaly! Ýok, Warýa jan, men aýak üstüne galaryn, men ertire çenli, belki, gutularyn, dikelerin!.. Men, gereklim, paýtunyň aşagyna özümi oklaryn welin, sizi goýbermerin! Bolmaz-a beýle zat, bu nä boluş ahyryn? Beýle etmäge kimiň haky barmyş? Men siziň bilen giderin, äkitmeseňiz, paýtunyňyzyň yzyndan ylgaryn, tä janym çykýança ylgaryn. Siz, gereklim, gidýän ýeriňiziň neneňdigini, niredigini beri bilýäňizmi? Siz, belki, bilýän hem dälsiňiz, bilmeseňiz menden soraň-a! Ol ýer çöldür, ezizim, ýalazy çöl, ýalaňaç çöl; edil aýamyň üsti ýaly ýalaňaç çöl! Ol ýeriň heleýler-ä duýgudan mahrum mahlukdyr, erkekleri bolsa bisowatdyr, arakhordyr. Ol ýerde bu çagda daragtlar ýapragyny dökendir, ol ýerde

https://kitaphana.net

ýagyşýagmyrdyr, sowukdyr — siziň barýan ýeriňiz, ine, şeýledir! Jenap Bykowyň-a, näme, ol ýerde güýmenjesi bar, ol towşan awlar, ýöne siz näme işlärsiňiz? Siz mülkdaryň aýaly bolmakçymy? Ýöne, perijigim, özüňize bir serediň-ä! Siziň ony başarjak gümanyňyz barmy? Warýa jan, heýde, beýle zat bolarmy! Gereklijäm, men kime hat ýazaryn? Hawa, gereklim, — ol kime hat ýazarka? diýip, oýlanyp bir görüň-ä. Men kime «gereklim» diýerin, kime bu mähremsözi aýdaryn? Men sizi soň nirelerden idäp taparkam? Men, Warýa jan, ölerin, hökman ölerin; ýürejigim bu külpete döz gelmez! Men sizi Hudaýyň ýagty jahanyny söýen ýaly söýdüm-ä, mähriban gyzym ýaly söýdüm, men, gereklim, mähribanym, bir sizi söýdüm-ä! Özümem diňe siz üçin ýaşadym ahyryn!

Meniň işlänimem, kagyzlary göçürenimem, gezenimem, seýil edenimem, gören-eşidenimden dörän pikirleri dostana hatlarda beýan edenimem – hemmesi siziň, gereklim, gabadymda, golaýymda ýaşanyňyz üçin-ä. Siz, belki, muny bilenem dälsiňiz, ýöne bu hut şeýledi! Gulak goýuň-a,

gereklim, pikir ediň-ä, ezizim, beýle-de bir zat bolarmy, o nähili gitjekmişiňiz? Ezizim, size gitmek bolmaz-a, mümkin däl-ä, asla hiç mümkin däl! Ine, birden ýagyş ýagaýsa, siz bolsa şeýle ejizje, sowuklarsyňyz. Paýtunyňyzdan suw geçer, ondan hökman suw geçer. Siz şäherden ýaňy bir çykarsyňyz welin, ol döwler, bilgeşleýin döwler. Peterburgda ýasalýan paýtunlar şeýlebir erbetdir! Men paýtunçylaryňam hemmesini tanaýaryn. Olar diňe daş görnüşine üns berýär, ýasaýanlaram ýöne bir oýnawaç ýalydyr! Men, gereklim, jenap Bykowyň öňünde dyza çökerin, men oňa subut ederin, ähli zady subut ederin! Sizem, gereklim, subut ediň, deliller bilen subut ediň! Galjagyňyzy we gidip bilmeýäniňizi aýdyň!.. Wah, näme üçin ol Moskwadaky dul täjir aýala öýlenmedikä? Şol ýerde öýlenäýmeli eken-ä! Şeýtse has gowy boljaga, şol aýal oňa has laýyk ahyryn, men bilýän-ä! Men bolsa sizi bu ýerde alyp galardym. Nämäňize gerek boldy şol Bykow, gereklim? Belki, bezegli toý köýnegini alyp berenindendir, belki, şondandyr! Bezegli köýnek nämä gerek ahyryn? Gereklim, bu bir

https://kitaphana.net

bidereklig-ä! Gep adamyň ömri barada barýar ahyryn, bezegli köýnek bolsa bir bölek esgidir-dä! Men özüm, ine, aýlyk-günlügimi bir alaýyn, özüm size näçe diýseňiz köýnek alyp berjeg-ä! Meň, ine, belet bir dükanym hem bar. Aýlyk alýançam bir garaşaýyň-da, peýkerim, Warýa jan? Eý, Taňrym! Siz onda hökman jenap Bykow bilen çöle gidýäňiz-dä, başbitin gidýäňizdä onda! Wah, gereklijäm meniň! Ýok, siz maňa ýene ýazyň, maňa ýene hatjagaz ýazyň, gideniňizden soňam, baran ýeriňizdenem ýazyň. Ýogsa, perişdejigim, melejigim, bu ýazýanym soňky hat boljaga, beýle zat bolup bilmez-ä, soňky hat bolup bilmez-ä. O nä beýle, birden hökman soňky hat bolaýmalymy! Bolmaz-a, men size ýazaryn, sizem maňa ýazyň... Men ýaňy bir elimi düzüp başladym-a... Wah, ezizim, elimi düzmek nämedir! Ine, men häzir nämeleri ýazýanymam bilemok, hiç zadam bilemok, ýazanlarymy okabam göremok, timarlajagam bolamok. Men ýazsam bolýar, diňe köpräk ýazsam bolýar... Ezizim, mähribanym, peýkerjigim meniň!

https://kitaphana.net

1846-njy ýyl.
Rus dilinden terjime eden  Serdar ATALY.

Çeşme :  ,, Dünýä edebiýaty “ žurnalyndan  2012 nji  ýyldaky çykan sanlaryndan alyndy.